**„Demokratiỳanyň we ỳeke-täk dolandyryşyň ilkinji sapaklary maşgaladan başlanỳar. Hut maşgala türkmen jemgyỳetiniň özeni bolup durỳar“.**

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow**

(2009-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda geçirilen, Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň birinji maslahatynda eden çykyşyndan, „Türkmenistan“ gazetiniň 2009-njy ýylyň 10-njy ýanwaryndaky sany)

## Giriş

Okuw-usuly gollanmanyň ilkinji hem iň esasy başlangyjy hökmünde salgylanylýan hormatly Prezidentimiziň türkmen maşgalasynyň jemgyýetdäki orny, möhümligi hem ähmiýeti baradaky sözleri jemgyỳetimizde maşgala binỳatlarynyň berk bolmagyna döwletimiz tarapyndan neneňsi wajyp ähmiỳet berilỳändigini aýdyň açyp görkezỳär. Gadym zamanlardan bäri, maşgala ojagy türkmen halky üçin mukaddesligiň we milli ahlak, medeni, ruhy gymmatlyklaryň saklanỳan, sünnälenip kämilleşdirilỳän iň möhüm serişdesi bolmagynda galypdyr. Maşgalada türkmen halkyny dünỳä tanadan, watansöỳüjilik, namysjaňlyk, lebzi halallyk, ỳeke sözlülik, rehimdarlyk, ejize howandarlyk ỳaly ỳokary adamkärçilikli ahlak sypatlary ösüp gelỳän ỳaş nesilleriň kalbyna guỳlupdyr. Şonuň netijesinde-de tutuş jemgyỳetde ahlak arassalygy, däp-dessurlara hormat goýmaklyk, durmuşy paýhaslylyk höküm sürüpdir.

Okuw-usuly gollanmanyň düýp maksady, döwlet Baştutanymyzyň halkymyzyň hukuk aň-düşünjeliligini ösdürmek, şol sanda-da milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek we ony halkara ülňüleriniň talaplaryna laýyk getirmek babatda alyp barýan, tutuş halk ähmiýetli işlerine goşant goşmak bolup durýar. Şol maksat bilenem, Milli Liderimiziň jemgyýetimizde maşgalanyň aýratyn wajyp ähmiýetiniň bardygyny nygtaýan parasatly sözlerinden ugur alyp, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna, ilkinji nobatda maşgala hukugyny, onuň esasy düşünjelerini we kadalaryny özleşdirmeklige ýardam bermek üçin şu okuw-usuly gollanma ýazyldy.

Okuw-usuly gollanmanyň esasy aýratynlygy, onda hukugy öwretmegiň netijeli we has oňaýly usuly, ýagny okuw-usuly serişdeleriniň giň toplumy ulanyldy. Bilim bermegiň bu usulynyň täzeligi şu aşakdaky ýagdaýlar bilen häsiýetlendirilýär:

1. Okuw-usuly gollanmada özleşdirmeklige hödürlenýän hukuk maglumatlary hakyky durmuşda bolup geçýän we çeper beýan edilýän hekaýalarda ornaşdyrylýar. Hukuk bilimlerini özleşdirmegiň bu usulyny ulanmagyň baş maksady okyjyny gyzykdyrmak, çylşyrymly durmuşy gatnaşyklaryny suratlandyrýan çeper beýan edişiň kömegi bilen ony hukugy özleşdirmeklige imrindirmek bolup durýar.

Elbetde hekaýalaryň ilkinjilerinde beýan edilýän wakalarda durmuşyň jygbajyg ýagdaýlary we edebi gahrymanlaryň pes, ahlaksyz taraplary açylyp görkezilýär. Emma soňky hekaýalarda olaryň edebi keşpleriniň üsti bilen

adamlaryň kyn durmuş hadysalaryny başlaryndan geçirip, ahlak taýdan kämilleşişleri, ýaşlykda goýberen hatalaryny düzetmäge çalyşyşlary, ahyr soňunda-da olaryň özlerinde ruhy-ahlak taýdan kämil şahsyýeti terbiýeleýişleri suratlandyrylýar.

2. Okuw-usuly gollanmada berilýän hukuk maglumatlary diňe hekaýada beýan edilýän gatnaşyklar arkaly görkezilmek bilen çäklenmän, eýsem olar hukuk, ahlak we durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan gysgaça seljerilýär. Hekaýalaryň gahrymanlarynyň ol ýa-da beýleki hereketleriniň ýokarda görkezilen nukdaýnazarlardan seljerilip, olaryň gowy ýa-da erbet iş edendikleriniň kesgitlenmegi bolsa, okuw-usuly gollanmanyň edep-terbiýe beriş ähmiýetini artdyrýar. Elbetde seljermeleri ylmy nukdaýnazardan has-da çuňlaşdyryp, giňişleýin berip bolardy. Emma ylmy seljeriş bu gollanmanyň baş maksady bolmandygy sebäpli, seljermeler gysga hem sada dilde berildi.

3. Okuw-usuly gollanmada çeper eseriň kömegi bilen okyjylaryň aňyna ýetirilen hukuk düşünjelerini we bilimlerini berkitmek hem-de olaryň has oňat özleşdirilmegini üpjün etmek üçin, “Hukuk maglumatlary” bölüminde her hekaýada beýan edilen maşgala hukuk gatnaşyklarynyň esasylarynyň üstünde giňişleýin durlup geçilýär.

4. Okuw-usuly gollanmada beýan edilýän hukuk maglumatlarynyň has wajyp kadalary, institutlary, düşünjeleri çyzgylarda-da görkezilýär. Bu usulyň kömegi bilen talyp ýaşlaryň görüş ýatkeşliginiň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, olaryň hukuk maglumatlaryny özleşdirmeklerini ýeňilleşdirmek göz öňünde tutulýar.

Çyzgylarda hukuk maglumatlarynyň özenini düzýän meseleler, olaryň lodiki[1] yzygiderliligi çözläp berilýär. Talyp ýaşlaryň wezipesi, çyzgylaryň üsti bilen hukuk maglumatlarynyň tekstini, olaryň logiki zynjyryny üzmezlik şerti bilen dolulygyna göz öňüne getirmekligi başarmak bolup durýar. Has sada aýdylanda, talyp ýaşlar çyzgylara düşünip, olary „gepletmegiň“ hötdesinden gelmeli.

Biz talyp ýaşlara, her bir umumy sapakdan soň mugallymyň aýdanlaryny çyzgy görnüşinde aňlatmaga synanyşmagy maslahat berýäris. Bu siziň logikaňyzy ösdürer, görüş ýatkeşligiňizi artdyrar. Şonuň ýaly-da sapaklary çuňňur özleşdirmek üçinem bu usulyň aýratyn wajyp ähmiýeti bardyr.

5. Okuw-usuly gollanmanyň her hekaýasynda çeper beýan edilen jedelli maşgala hukuk gatnaşyklary bilen bagly sowalnamalaryň berilmegi bolsa, okyjylara hekaýalardan, seljermelerden, hukuk maglumatlaryndan we çyzgylardan alan hukuk bilimlerini özleriniň näderejede özleşdirendiklerini barlamaga mümkinçilik berýär.

Talyp ýaşlardan etjek haýyşymyz, sowalnamalaryň soraglaryna jogap bereniňizde şulara üns beriň:

- sowalnamalaryň jogaplarynda çynlakaý pikirlenilmegini talap edýän „akyl duzaklary“ gurlandyr;
- sowalnamalaryň jogaplary mazmun taýdan ynandyryjy, özüne çekiji edip berlendir, köp halatlarda bolsa ýakyn manydaş edilip düzülendir.

---

[1]Logika-“logike-delil, subutnama, paýhasly esas” diýen grek sözünden gelip çykyp, pikir ýöretmegiň kadalary we görnüşleri baradaky ylmy aňladýar. Türkmen dilinde ylmyň bu ugry **mantyk** diýlip atlandyrylýar.

Sowalnamalarda dogry, nädogry ýa-da kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapmaklyk tabşyrylýar. Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapmak diýmek, beýleki jogaplaryňam belli bir derejede dogrudygyny aňladýar. Bu ýerde talyp ýaşlaryň öňünde deňeşdirme ýoly bilen has anyk kanuny jogaby tapmak wezipesi durýar.

Sowalnamalar bilen bagly ýene-de bir bilmeli zadyňyz, ol hem sowalnamalar hukuk maglumatlarynyň beýan edilen logiki yzygiderliliginde berilýän däldir.

6. Okuw-usuly gollanmada maşgala hukugy boýunça meseleleriň berilmeginiň baş maksady, talyp ýaşlar gündelik durmuşlarynda dürli maşgala hukuk gatna-şyklaryna girenlerinde, şol gatnaşyklaryň hukuk taraplaryna göz ýetirmeklerini üpjün etmekden, şeýle hem talyp ýaşlaryň dürli çylşyrymly durmuşy ýagdaýlary hukuk nukdaýnazaryndan seljermek ukybyny ösdürmekden ybaratdyr. Şonuň ýaly-da meseleler, onda beýan edilen we seljerilen ähli jedelli maşgala hukuk gatnaşyklary bilen baglanyşykly düzülip, olary çözmeklik talyp ýaşlara özleriniň tutuş dersi näderejede göwnejaý özleşdirendiklerini barlamaga ýardam berer.

Logikany kämilleşdirmekde meseleleriň örän wajyp ähmiýeti bardyr. Eger-de çyzgylar we sowalnamalar hukuk maglumatlarynyň çäkli, anyk soraglaryny özleşdirmeklige ýardam bermeklige niýetlenýän bolsa, meseleleriň baş maksady giň göwrümli, köpugurly maglumatlary eserdeňlik bilen düýpli seljermekligi, olardan dogry kanuny netijeleri çykarmaklygy öwretmek bolup durýar.

7. Awtorlar tarapyndan okuw-usuly gollanmanyň durmuşy-tejribe nukdaý-nazaryndan peýdalylygyny artdyrmak maksady bilen, onda jedelli maşgala hukuk gatnaşyklaryny çözmeklik üçin kazyýete ýüz tutulanda berilýän talap arzalaryň käbir görnüşleriniň nusgalary hem getirilýär. Talyp ýaşlaryň talap arzanyň düzüm gurluşyna doly we dogry düşünmeklerine ýardam bermek üçin bolsa, talap arzanyň düzüm bölekleri, oňa iş ýörediş kanunçylygynda bildirilýän talaplar barada sada dilde hem-de gysgaça beýan edilen düşündirişlerde durlup geçilýär.

Okuw-usuly gollanmada talap arzanyň gurluşynyň berilmeginiň düýp manysy bolsa, talyp ýaşlara talap arzalaryň nusgalaryny özbaşdak taýýarlamagy öwretmekden ybaratdyr.

Okuw-usuly gollanmada ýokarda agzalan okuw-usuly serişdeleriniň toplumynyň ulanylmagynyň baş maksady – talyp ýaşlaryň logiki pikirlenmek, aň ýetirmek ukyplaryny ösdürmek, kämilleşdirmek bolup durýar. Okuw-usuly serişdeleriniň toplumy talyp ýaşlara maşgala hukugyndan özbaşdak bilim almaklyga ýardam berer, belli bir derejede olaryň hukuk düşünjeliligini artdyrar.

Umuman, bilim bermegiň täze, okuw-usuly serişdeleriniň toplumy ulanylyp ýazylan bu okuw-usuly gollanmany okamak, onda beýan edilen hukuk maglumatlaryny, düşündirişleri, seljermeleri, çyzgylary öwrenmek, sowalnamalarydyr-meseleleri çözmek, talap arzalary kanuna laýyk düzmek talyp ýaşlarymyz üçin peýdaly we gyzykly bolar diýip tama edýäris. Talyplaryň ählisine üstünlik arzuw edýäris!

**I hekaýa:** ***Gögeleleriň söýgüsi***

Garaňkydy. Asmanyň syýareňk garalygynda ýyldyzlar, göýä asman şalygyna seýle çykan, äpet pilmahmyda çalymdaş Aý şazadanyň şuglasyndan çar ýana seçilen şöhle owuntyklaryny ýatladyp gyrpyldaşýardylar.

Geňeşiň edara jaýynyň öňüniň sütünlerdäki çyralaryň ýagtysyna gündizlik bilen bäsleşýändigine garamazdan, obanyň merkezini eýeleýän giň seýilgähiň pyýada ýodalary tomus gijesiniň tümlügine beslenip durdy. Şahalaryny al-asmana tarap uzadyp, gögi gerdeninde saklaýana kybapdaş, äpet söwüdiň astynda duran iki juwanyň sudury garaňkylykda hasam garalyp görünýärdi.

Gymmadyň ellerini gysymlap durşuna şol bir diýen zadyny eýýäm näçenji gezek gaýtalaýan Gadyryň gatyrganýandygy äheňinden bildirýärdi:

- Saňa mekdep, okuw gerekmi ýa-da men?! Gideli, özem ertire-de goýman, şu gün gideli.

Gadyryň elleriniň gyzgyny süňňüni gowşadyp barýan Gymmat onuň gaňryşyna gaýdýandygy üçin özüni günäli duýýan ýaly, müýnli jogap gaýtarýardy:

- Gadyr, ýaňy on ýedi ýaşymyza gitdik. Mekdebi tamamlamaga bary-ýogy üç-dört aýymyz galdy ahbetin, onsoň ejeňi ugratsaň, biziňkiler ýok diýmezler. Häzir bolsa enem-atamyň razylygyny alman seniň bilen gitsem, olar maňa näme diýerler?

Endamyna şapylaşyp duran köýnekde beýigi-beýik, pesi-pes bolup, mese-mälim bildirip duran, ýaş deregiň syrdam sütüni ýaly näzik göwräni bagryna basasy gelip içi byjyklaýan Gadyr, bu wagt Gymmadyň diýýänleriniň dogrudygyny-ýalňyşdygyny seljerer ýaly däldi. Damarlarynda at çapýan ýaş gany, jahyl hyjuwy tyrsyldap duran gyzgyn gyz teniniň ýakynlygyndanmy nämemi, on iki süňňüni söküm-söküm edip, kükregini ýaryp gelýärdi. Akylsyz hyjuwyň şemalynyň zarbyna çaýkanýan beýni, gyzyň assadan müýnli pyşyrdysyna köşeşmekden geçen, gaýta barha beter möwç alýardy.

- Ejemi nädip ugradaýyn-how?! Heniz meniň öňümde öýlenmeli iki sany agam bar, seniň öňüňde-de durmuşa çykmaly uýalaryň… Ýeri bolýar-la, bärde gepi köpeldip oturmaly. Men saňa üç-dört aý bäri, her duşuşygymyzda ýalbaryplar ýadadym. Sen häzir, şu pursadyň özünde, meniň bilen gitseň-ä, men seni şäherde ýaşaýan daýzamlara äkidip, nika gyýdyrýan, soňam Nikalar köşgüne gidip, nikamyzy resmileşdirýäris, onsoň sen meniň aýalym bolýarsyň, bolmasa-da ikimiziň aramyzda ähli zat gutarýar… Ejeň-kakaňdan bolsa çekinme, men arada uly agamyň adwokat dostundan soradym, kanun boýunça on alty ýaşyň dolandan soň nikalaşyp bolýar. Şondan soň hiç kimiň oglana-da, gyza-da nikalaşmagy gadagan etmäge haky ýok.

Gymmat Gadyryň gazaba ýugrulan çürt-kesik gürrüňine aňk-taňk boldy. Birbada näme diýjegini bilmän, dilini dişläp duruberdi. Emma Gadyr:

-Bol aýt-da, näme dymyp dursuň?!-diýip öwran-öwran gaýtalap goýmandan soň, kellesine gelen ilkinji zady diýip goýberdi:

- A onsoň biz nirede ýaşarys? Ejeň-kakaň bizi öýňüze bir goýbererlermi?

- Goýbermän näme?! Men körpe. Ejemem-kakamam meni hemme doganlarymdan gowy görýärler. Ýör gideli, Gymmat! Biz bagtly ýaşarys.

Gymmat ýene-de aýdara söz tapman dymdy. Birdenem özi-de düşünmän:

- Sen meni hiç bir ýagdaýda taşlamarsyň gerek, Gadyr?!-diýip naýynjar pyşyrdady.

Kalbyny uşakgöz elekde elenýän una dönderen hyjuwdan ýaňa Gadyr bu mahal öz edýän hereketlerine, aýdýan gürrüňlerine-de doly düşünmeýärdi, Gymmadyň sözleri bolsa onuň üçin çaltrak ýeňip geçmeli gyz kereşmesi ýaly bir zatdy. Şonuň üçinem ol Gymmadyň bu sowalyna doly aň ýetirmedi, ýetirjek hem bolmady. Duýguly hem hyjuwly jümleleri yzly-yzyna suňşuryp durşuna mazaly gyzan diliniň ugruna gepläp goýberdi:

- Ýok, ýok Gymmat jan, men seni hiç bir ýagdaýda, hiç haçan taşlamaryn, biz hemişe birek-biregi söýüp, bileje ýaşarys.

Gepe çeper jahylyň sözleri gögele gyzyň ikirjiňlenmesiniň soňkuja sütünini hem syndyrdy.

- Gidibersekmikäk, Gadyr?!

- Ýör, Gymmadym! Hälden şeýt ahyry!-diýip Gadyr Gymmadyň elinden tutup, seýilgähiň daşyna aýlanan demir germewiň açyk ýerine ýöneldi.

Tirkeşip baryşlaryna olar özlerini edil, ynsanyň ähli naşyja, ýuwanjak duýgularyny gyjyklamagyň kämil sungatyna ýugrulan, ýörgünli hindi kinofilmleriniň hyýaly gahrymanlary ýaly duýýardylar.

...Edenli, akýürekli juwanlaryň päkize hem baky söýgüsi, ýaramaz adamlaryň olaryň söýgüsine edýän ýamanlygy, aşyk-magşugyň maksatlaryna ýetmek üçin gaýduwsyz göreşişleri, iň soňunda-da arzuwyna ýeten owadan ýaşlaryň, ýeňşiň ajaýyp güllerine beslenen ýol bilen bagtyýar aýdym-sazlary ýaňlandyryp baryşlary... Emma bu ýerde özleriniň söýgülerine hiç-hili garşylygyň we garşylaryna göreşmäge ýamanlygyň ýokdugy, hakyky durmuşyň bolsa hindi kinosy däldigi jahyllaryň kellesine-de gelmeýärdi.

Olaryň heniz durmuşyň ajysyny-süýjüsini görmedik, öz agyrysyna, özgäň agyrysyna aglamagyň, hatda ýürege urýan ynsan agyrysynyň-da, agysynyň-da nämedigini bilmeýän, kinniwanja duýgujyklara galkyjaklap, şemala galgaýan ýelden ýeňil öýme deýin pasyrdap duran dälije ýürekleri olara: “Siz gahrymanlar! Öz söýgüňiz üçin göreşip, ýeňýärsiňiz!” diýip ýel berýärdi. Aňlarynda bolsa, oglanyňky-da: “daýzamlara baryp eýle diýerin, beýle diýerin, soňra daýzam ýa-da daýym molla getirer-de bize nika gyýdyrarlar, onsoň biz Gymmat bilen bir otagda ikiçäk galarys, otagyň gapysyny temmeläris, Gymmat düşek ýazar, çyrany öçürer...” diýen sandyramaly oýlanmalar, gyzyňkyda bolsa: “iň bärkisi çalşyrgyç geýim-gejimimi hem almadym. Biraz wagt geçenden soň sorap barsam ejem maňa geýimlerimi, bolanja altyn şaý-seplerimi berermikä?” diýen ünjüli pikirjikler pyrlanýardy.

...Ejeleriniň sallançagyň başynda ukusyz geçiren gijeleri, ýarawsyzlyk tapynyp, üşüdip-gyzdyryp ýatan her pursatlarynda kakalarynyň saçlarynda köpelen ak gyllar, mekdebe gidip başlanlarynda, ilkinji bäşlik bahany alyp gelenlerinde şahyr aýtmyşlaýyn “Saturnyň halkasyny şlýapa edip geýen” kakalarynyň begenjine bäs gelip bilmeýän çagajyga çalym edişi, şunça yhlas-arzuwdan soň, olaryň wysal bolmagyna barýan ýoluň heniz ondan biri hem geçilmänkä, biderek ýerden döwlen käbe hem kybla kalby, “Näme üçin ýüzümiz ýere salyndy?! Hudaýyň öňünde

näme günä etdikkäk?!” diýen tükeniksiz gaýtalanyp duran, umytsyz hem jogapsyz soraga jogap agtaryp, gara-ört bolan ýüzler bolsa…yhlasynda aldanan gözler bolsa…ýuwdulyp-ýuwdulyp zähere öwrülendigi zerarly, hiç haçan hiç kime diýilmejek sözler bolsa…seýik tapmajak synan göwünler bolsa…

… Amala aşmagyna hiç-hili päsgelçilik bolmadyk arzuwlaryna ýetmek üçin “göreşip” barýan gögeleleriň ýadyna-da düşmeýärdi…ýatlaryna-da düşmeýärdi…

## I hekaýanyň seljermesi:

### ***Hukuk nukdaýnazaryndan:***

Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 15-nji, 16-njy we 17-nji maddalaryna laýyklykda nika baglaşmak üçin şu aşakdaky şertleriň bolmagy zerurdyr:

1. Nika baglaşýanlaryň özleriniň razylygy;
2. Nika baglaşýanlaryň 16 ýaşynyň dolan bolmagy;
3. Nika baglaşýanlaryň nika baglaşýan pursatlarynda başga biri bilen nikada durmaýan bolmaklary;
4. Nika baglaşýanlaryň akylynyň düzüw bolmagy;
5. Nika baglaşýanlaryň ýakyn garyndaş bolmazlyklary.

Hekaýada görkezilýän ýagdaýda Gadyr bilen Gymmadyň hereketlerinde hiç-hili kanun bozma ýok. Sebäbi olaryň nikalaşmaga ikisi hem razy, olaryň on alty ýaşy dolan, ýagny olaryň ikisi hem nika ýaşyna ýeten, olaryň akly düzüw, olar ýakyn garyndaş däl we nikalaşmak isleýän pursatlarynda başga nikada durmaýarlar.

Hekaýada görkezilýän maşgala gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk kadalary we olaryň mazmuny barada bolsa aşakda beýan edilen hukuk maglumatlarynda has giňişleýin durlup geçilýär.

### ***Ahlak nukdaýnazaryndan:***

Her bir halkyň özüne mahsus gymmatlyklar bolýar. Ahlak gymmatlyklary hem halkyň ruhy dünýäsini, milli özboluşlyklaryny emele getirýän esasy gymmatlyklaryň biridir. Türkmen halkynyň ahlak kadalarynyň ulgamynda perzendiň ata-enä bolan hormat-sylagynyň derejesi durmuşda her bir adamyň adamkärçiligine, ahlak keşbine baha bermegiň esasy ölçegleriniň biri hökmünde kesgitlenýär. Muhammet alaýyhssalam hadyslarynda: “Jennet eneleriň dabanynyň astyndadyr” diýip belläpdir. Türkmençilikde ene musulman dünýäsiniň iň mukaddes ýeri bolan Käbä, ata bolsa her bir musulmanyň günde bäş wagtyna namaz parzyny berjaý kylanda garaýan we mukaddes Käbäniň ýerleşýän ugry bolan Kybla deňelip, “käbäm enem, kyblam atam” diýilýär. Haýsydyr bir gelşiksiz hereket bilen mukaddes saýylýan ata-enäniň ýüzüni ýere salmak, olaryň il arasyndaky adyna-abraýyna şek ýetirmek hem her bir perzent üçin masgaraçylygyň iň agyr görnüşleriniň biri bolup durýar.

Gadyr bilen Gymmadyň hekaýada görkezilýän hereketini hem hiç-hili bahana ýok ýerinden, özleriniň ýaş hyjuwlaryna, kakabaş duýgularyna bäs gelip bilmän, öz edýän hereketleriniň soňraky netijelerini göz öňüne getirmän, ata-enelerini uly masgaraçylygyň astynda galdyryp gitmekleri hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Mälim bolşy ýaly, asyrlaryň dowamynda türkmen halkynda aýal-gyzlar öz maşgalasynyň her bir agzasynyň ýüzüniň tuwagy, depesiniň täji, iň esasy zat hem ar-namysynyň ýokary baş aňlatmasy hasap edilip gelinýär. Ýetişen gyzyň ata-enesiniň razylygy bolmazdan, milli däp-dessurlar berjaý edilmezden başga bir erkek kişiniň yzyna düşüp, önüp-ösen maşgala ojagyny terk edip gidibermegi-de türkmen maşgalasy üçin juda uly masgaraçylyk hasaplanýar. Şonuň üçinem Gadyr bilen Gymmadyň hereketleri ahlak nukdaýnazaryndan ýazgarylmaga degişli. Sebäbi olar özlerini dünýä inderen, yhlas siňdirip ösdürip ýetişdiren ata-enesiniň abraýy barada jinnek ýaly pikir etmän, diňe öz şahsy hyjuwlaryny kanagatlandyrmaga ymtylyp şeýle hereket edýärler. Bu barada hekaýanyň soňky setirlerinde hem aýratyn nygtalyp geçilýär.

Elbetde durmuşda her hili ýagdaýlar bolup biler. Kähalatlarda, çagalarynyň ruhy dünýäsine düşünmezlikden, dar dünýägaraýyşlarynyň çygryndan çykyp bilmän, hak-u-nähakdygyna garamazdan ata-eneleriň öz diýenlerini gögertmekçi bolup ogul-gyzlarynyň bagtyna böwet bolýan ýagdaýlary-da bolýar. Halal süýt emip ulalan, edep-terbiýesi ýetik çagalaryň bolsa mähribanlaryny ynjytmajak bolup, sulhlary almaýanlary bilen durmuş gurýan we öz geljeklerine gara çekýän ýagdaýlary hem durmuşda setanda-seýranda duş gelýär.

Elbetde bu hekaýanyň gahrymanlarynyň we hekaýanyň seljermesiniň üsti bilen durmuşyň şeýle ters öwrümleriniň wagyz edilmeýändigi öz-özünden düşnüklidir. Eger-de ýigdiň gyzy sulhy alsa, gyz ýigde göwün berse, olar öz bagtly geljeklerini gurmak üçin durmuşyň döredýän päsgelçiliklerini ýeňip geçmegi başarmalydyrlar. Sebäbi her bir adamyň durmuşyny onuň özünden başga ýaşap biljek ýok. Emma seljerilýän hekaýada bu ýagdaý barada gürrüň edilmeýär. Gadyr bilen Gymmadyň söýgüleriniň öňünde hiç-hili päsgelçiligiň ýokdugy hekaýanyň mazmunynda-da nygtalýar.

***Durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan:***

Gadyr bilen Gymmadyň hereketlerinde hiç-hili many ýok. Sebäbi olaryň ikisi hem heniz ýaş, hatda orta mekdebi-de tamamlamadyk. Adamzadyň asyrlaryň dowamynda toplan durmuş tejribesinden belli bolşy ýaly, islendik maşgalanyň durmuşynyň kadaly dowam etmegi üçin birnäçe derwaýys şertleriň bolmagy zerur.

*Ilkinji nobatda* maşgala gurýan ýaşlar öz öňlerinde duran wezipelere, borçlara hem hukuklara aýdyň düşünmeli. Hekaýanyň gahrymany Gadyryň pikirleri bilen aýdylanda, maşgala gurmagyň diňe “otagda ikiçäk galyp, gapyny temmeläp, düşek ýazyp, çyrany öçürmek” bilen tamamlanmaýandygyna anyk göz ýetirmeli. Oňa göz ýetirmek üçin bolsa adam belli bir ýaşa ýetmeli, ýeterlik durmuş tejribesini toplamaly.

*Ikinjiden*, her bir maşgala özüniň ähli maddy zerurlyklaryny kanagatlandyrmaly, ýagny iýmeli-geýmeli, ýaşaýyş jaýyny edinmeli we ş.m..

Çagalar dünýä inenden soň olaryň hem ähli maddy zerurlyklaryny üpjün etmeli. Munuň üçin bolsa Gadyr we Gymmat orta mekdebi tamamlamaly, hünär edinmeli, işe ýerleşip, zähmet çekip, gazanç edip başlamaly. Şu zatlar bolmazdan gurlan maşgalanyň maddy taýdan juda kyn ýagdaýa düşmeg-ä beýle-de dursun, onuň şondan beýläk dowam etmegi hem howp astynda galar.

*Üçünjiden*, islendik maşgalada çaga dünýä inýär, çaga hem özüne juda uly ünsi talap edýär, ony sözüň hakyky manysynda gowy adam edip ýetişdirmek üçin, oňa eýýäm gundagdaka terbiýe berip başlamak zerur. Çaga üns bermek we ony terbiýelemek üçin çaganyň ata-enesiniň belli bir ýaşa ýetip, akyllarynyň goýalyşan bolmagy gerek. Hekaýada görkezilýän ýagdaýda bolsa Gadyr bilen Gymmadyň özleri heniz ýaňy çagalykdan saýlanyp ugran gögele. Olar hatda öz edýän hereketleriniň manysyna-da doly düşünip bilmeýärler. Onsoň olar nädip öz çagalaryny terbiýelesinler?! Görkezilen ýagdaýlar hem seljerilýän hekaýanyň gahrymanlarynyň hereketlerini durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan hem oňlamazlyga doly esas berýär.

## Hukuk maglumatlary:

***Nikalaşmagyň şertleri***

Nikany baglaşmagyň tertibi we şertleri Türkmenistanyň maşgala kanunçylygynda berkidilýär. Resmi nika Raýatlyk ýagdaýlarynyň nama ýazgylary (RÝNÝ) edarasynda baglaşylýar. Nika baglaşmak isleýänleriň arzasy RÝNÝ edarasyna berlen gününden bir aý geçenden soň resmileşdirilýär. Bu möhlet nikalaşýanlaryň maşgala gurmak islegleriniň hemme taraplaýyn oýlanyşykly we gutarnykly bolmagyny üpjün etmek üçin göz öňünde tutulandyr. Esasly ýagdaýlara görä bir aýlyk möhlet gysgaldylyp ýa-da tersine, üç aýa çenli uzaldylyp bilner. Mysal üçin, möhletiň *gysgaldylmagyna* göwrelilik, çaganyň dogulmagy, *uzaldylmagyna* bolsa nika baglaşmak isleýänleriň biriniň duýdansyz ýüze çykan ýarawsyzlygy ýa-da iş saparyna gitmegi sebäp bolup biler.

Nika baglaşmak üçin iki sany hökmany şertiň bolmagy zerurdyr:

*Birinjiden*, nika baglaşýanlaryň ikisiniň hem razyçylygy gerek;

*Ikinjiden*, nikalaşmak isleýänleriň ýaşynyň nika ýaşyna ýetmegi talap edilýär.

Türkmenistanda nika ýaşy iki tarap üçinem 16 ýaş diýlip kesgitlenýär. Kanun nika ýaşynyň aňry çägini kesgitlemeýär, şeýle-de nikalaşýanlaryň ýaşynyň ara tapawudynyň hem ähmiýeti ýokdur. Kanun boýunça RÝNÝ edaralaryna nika girmek barada arza berip, soň hem nikany bellige aldyrmakdan boýun gaçyranlary üçin nikalaşmak isleýänler hiç-hili jogapkärçilige çekilmeýär. Nikalaşmak üçin arza bermek we ony bellige aldyrmak meýletin işdir hem-de oňa hiç kim mejbur edilip bilinmez.

Türkmenistanyň raýatlarynyň daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar bilen nika baglaşmaklarynyň öz aýratynlyklary bar. Bu ýagdaýda nika şertnamasynyň (kontraktynyň) baglaşylmagy hökmany bolup durýar. Nika şertnamasynda är-aýalyň emläk hukuklary we borçlary, şeýle hem kanuna laýyklykda, çagasyna hossar hakyny tölemegiň hem-de işe ukypsyz, mätäç aýalyna (ärine) kömek bermegiň meseleleri düzgünleşdirilýär. Nika şertnamasy RÝNÝ edarasynda hasaba alynmaga degişlidir.

Türkmenistanyň raýatlarynyň daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar bilen nikasy arza berlenden soň üç aý geçirip resmileşdirilýär. Bu möhlet zerur halatlarda alty aýa çenli uzaldylyp bilner.

Kanun nikalaşjak bolýan daşary ýurt raýatynyň (raýatlygy ýok adamyň) nika baglaşyljak pursatyna çenli Türkmenistanda azyndan bir ýyl ýaşan bolmagyny talap edýär. Mundan başga-da daşary ýurt raýaty (raýatlygy ýok adam) bilen nika baglaşjak bolýan Türkmenistanyň raýatynyň nika ýaşyny kanun 18 ýaş diýip belleýär.

Eger nikalaşjak bolýanlaryň biri ozal başga bir nikada duran bolsa, onda oňa nika baglaşmaklyga rugsat berilmeýär. Bu ýagdaýda nikalaşjak bolýan adam öňki nikasynyň ýatyrylanlygy barada degişli resminamalary getirenden soň täzeden nikalaşmaga rugsat edilýär.

Şeýle hem nikalaşmak gös-göni garyndaşlyk bar halatynda (muňa eje-kaka, çagalar, şol sanda bir atadan ýa-da eneden bolan çagalar, ata-ene, baba-mama,

agtyklar degişli), şonuň ýaly-da perzentlige alanlar bilen perzentlige alnanlaryň arasynda gadagan edilýär. Daşgynrak garyndaşlaryň, mysal üçin, doganoglan we dolanan erkek hem aýal doganlaryň arasynda, nikalaşmak üçin hiç-hili päsgelçilik ýokdur. Şeýle hem öweý erkek we öweý aýal doganlaryň arasynda nikalaşmak gadagan edilmeýär.

Nikalaşýanlaryň biriniň akylynyň üýtgänligi ýa-da kemligi sebäpli, ol kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsa, oňa nikalaşmaklyga rugsat berilmeýär. Nika bellige alnandan soň är-aýalyň biri kamillik ukybyny ýitiren bolsa, onda nika RÝNÝ edarasynda ýa-da kazyýetde ýatyrylyp bilinýär. Eger-de är-aýalyň arasynda çagalary barada, bilelikdäki umumy emlägi paýlaşmak barada, zähmete ukypsyz, mätäç aýalyna (ärine) kömek bermek barada jedel ýok bolsa, bu nika RÝNÝ edarasynda ýatyrylyp bilner. Türkmenistanyň kanunçylygynda adamlaryň nikalaşmaga bolan hukugyny dini, milli, ten reňki we süňňi pesligi ýa-da başga alamatlar boýunça kemsidýän kadalar ýokdur.

Nika hökmany suratda nikalaşýanlaryň ikisiniň-de gatnaşmagynda bellige alynýar. Hiç bir ýagdaýda nikalaşmagy ynanç hatynyň ýa-da wekiliň üsti bilen amala aşyrmaga rugsat berilmeýär.

Ýokarda agzalyp geçilen kanuny talaplar berjäý edilmedik halatynda, nika kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner. Ýagny, muňa esas bolup biler:

a) nika ýaşynyň dolmazlygy;
b) nikalaşýanlaryň biriniň nika girmäge razylygynyň ýoklugy;
ç) başga bir nikada durulmagy;
d) gös-göni garyndaşlygyň bolmaklygy;
e) kazyýet tarapyndan är-aýalyň biriniň kämillik ukyby ýok diýlip ykrar etmek barada çözgüdiň bolmaklygy;
f) şonuň ýaly-da, nika hakykat ýüzünde maşgala döretmek niýet bilen baglaşylmadyk bolanda.

Agzalan ýagdaýlar aradan aýrylan halatynda (mysal üçin, öňki nika bozulsa ýa-da bozulmadyk nikasy boýunça ýoldaşy aradan çyksa, nika ýaşyna ýetse ýa-da ozal nikalaşan wagtlary öz hereketine jogap berip bilmeýän diýlip hasap edilen adam sagalsa), onda nika şol ýagdaýlar aradan aýrylan wagtyndan başlap, hakyky diýlip hasaplanyp bilner. Sebäbi kanun boýunça ýokarda görkezilen halatlarda kazyýet nikany hakyky däl diýip ykrar etmäge borçly däl-de, ygtyýarly bolup durýar.

Kazyýet tertibinde nikany hakyky däl diýip ykrar etmäge, şol nikany baglaşmak bilen hukugy bozulan är-aýalyň we başga şahslaryň, şol sanda hossarlyk we howandarlyk edarasynyň ýa-da prokuroryň talap arza bildirmäge haky bardyr. Nikany hakyky däl diýip ykrar etmek baradaky kazyýetiň çözgüdi nikany bellige alan RÝNÝ edarasyna iberilýär. Başga käbir talaplaryň bozulmagy, nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegine esas bolup bilmez. Mysal üçin, nikalaşýanlaryň öz saglyk ýagdaýlary we çagalarynyň bardygy barada biri-birini habardar etmezlikleri we başgalar.

Nikany hakyky däl diýip ykrar etmekde, onuň esaslary boýunça-da käbir aýratynlyklary bar. Kämillik ýaşyna ýetmedik bilen nika baglaşylan bolsa, eger-de

bu onuň bähbitlerine ters gelmese nika hakyky däl diýlip bilner. Nikany hakyky däl diýip ykrar etmek işine garalýan döwürde ol kämillik ýaşyna ýeten bolsa, onda diňe onuň özüniň ýa-da prokuroryň talap etmegi boýunça nika hakyky däl diýip ykrar edilip bilner.

Haçan-da nika mejbur etmek ýa-da aldamak ýoly bilen baglaşylan bolsa, onda nikany hakyky däl diýip ykrar etmek işi jebir çekeniň ýa-da prokuroryň başlangyjy bilen gozgalýar.

Eger-de är-aýal nikany hakyky maşgala gurmak niýeti bilen baglaşman, ýöne soňra kazyýetde iş garalýan döwründe, hakykat ýüzünde maşgala döreden bolsalar, onda ol nika hakyky däl diýip ykrar edilmäge degişli däldir.

Nikanyň hakyky däl diýlip bilinmegi, onuň baglanyşylan pursadyndan başlap tä ol hakyky däl diýlip yglan edilýänçä, är-aýalyň arasynda dörän maşgala hukuk gatnaşyklarynyň öz güýjüni ýitirýänligini aňladýar. Nika hakyky däl diýlip ykrar edilenden soň, aýratyn halatlar bolaýmasa, är-aýalyň arasynda hiç-hili hukuklar we borçlar ýüze çykmaýar. Dogry, nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi, şeýle nikada doglan çagalaryň hukugyna hiç-hili täsir etmeýär. Olaryň hukuk ýagdaýy kanuny nikada duran ata-enelerden bolan çagalaryňky bilen des-deňdir.

Nikalary hakyky däl diýlip ykrar edilen adamlaryň umumy emläklerini paýlamak meselesi maşgala kanunçylygynyň kadalarynyň esasynda däl-de, umumy eýeçilikdäki emläkleri paýlamak we ondan paýy kesgitlemek baradaky raýat kanunçylygynda bellenen tertip ulanylýar. Adamsyna (aýalyna) umumy emläkden paý almak hukugy, şol emläkleriň gazanylmagyna onuň hut özüniň zähmeti we serişdesi bilen gatnaşan halatlarynda berilmelidir.

Eger-de är-aýalyň biri başga nikada durýanlygyny beýlekiden gizlän bolsa ýa-da nika baglaşmaklyga zor bilen mejbur edilen bolsa, bu nikany kazyýetiň hakyky däl diýip ykrar eden halatynda, günäkärden hakyky däl nikada duran beýleki aýaly (äri) eklemek üçin gerek bolan serişdeleri alyp bermäge kazyýetiň haky bardyr.

Şeýle hem kazyýet, nika hakyky däl diýlip ykrar edilen gününe çenli olaryň bilelikdäki edinen emläklerine, är-aýalyň umumy we şahsy emläklerini düzgünleşdirýän maşgala kanunçylygynda bellenen kadalary ulanmaga haklydyr. Nikada bolan döwründe edinilen emläklere, bilelikdäki umumy emläkler hakyndaky kadalary ulanmaga we kömek puluny almaga, är-aýalyň nikalaşmaga päsgel berýän ýagdaýlaryň barlygyny bilmedik, ak ýüreklisine hukuk berilýär. Sebäbi nika hakyky däl diýlip ykrar edilen halatynda, är-aýalyň ikisine-de deň garalyp, deň derejede-de hukuk ýagdaýlary döredilse adalatsyz bolardy.

Soraglar:

1. Kanun nikany baglaşmagyň tertibini nädip kesgitleýär?
2. Haçan nika girmäge rugsat berilmeýär?
3. Nikanyň hakyky däl diýilmegi nämäni aňladýar?

**Çyzgylar:**



Nika baglaşmak üçin şertler we ony baglaşmaga ýol bermeýän päsgelçilikler
şertler
päsgelçilikler
Taraplaryň razylygy
Nika ýaşynyň (16 ýaşynyň) dolanlygy
Kämillik ukybynyň ýoklugy
Ýakyn garyndaşlygyň bolmagy
Başga nikada durýanlygy
Nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi üçin esaslar
Nika ýaşynyň dolmazlygy
Taraplaryň razylygynyň bolmazlygy
Taraplaryň biriniň başga nikada durýanlygy
Taraplaryň gös-göni garyndaş bolmaklary
Taraplaryň biriniň kämillik ukybynyň ýokdugy barada kazyýetiň çözgüdiniň bolmagy
Nika hakykatda maşgala gurmak niýeti bilen baglaşylmadyk bolsa

## Türkmenistanyň raýatynyň daşary ýurt raýaty (raýatlygy ýok adam) bilen nika baglaşmagynyň aýratynlyklary

- Türkmenistanyň raýaty 18 ýaşan bolmaly
- Daşary ýurt raýaty (raýatlygy ýok adam) Türkmenistanda azyndan bir ýyl ýaşan bolmaly
- Är-aýalyň arasynda maddy gatnaşyklary düzgünleşdirýän nika şertnamasy (kontrakty) baglaşylan bolmaly
- Nika arza berlenden 3 aý soň resmileşdirilýär. Ol möhlet zerur halatlarda 6 aýa çenli uzaldylyp bilinýär

## Nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmeginiň hukuk netijeleri

- Är-aýalyň arasynda dörän ähli maşgala hukuk gatnaşyklary güýjüni ýitirýär
- Nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi, şeýle nikada doglan çagalaryň hukuklaryna hiç-hili täsir etmeýär
- Nikalary hakyky däl diýlip ykrar edilen adamlaryň umumy eýeçilikdäki emläkleri raýat kanunçylygynyň kadalaryna laýyklykda paýlanýar
- Zähmete ukypsyz, mätaç aýalyna (ärine) kömek puly berilmeýär

Nikany hakyky däl diýip ykrar eden halatynda, günäkärden hakyky däl nika giren beýleki adamy, eger-de ol zähmete ukypsyz mätaç bolsa, eklemek üçin gerek bolan serişdeleri alyp bermäge kazyýetiň haky bar.

**Nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmeginiň hukuk netijeleri**
(eger-de är-aýalyň biri başga nikada duryanlygyny beýlekiden gizlän bolsa ýa-da nika baglaşmaklyga zor bilen mejbur eden bolsa )

Kazyýet, nika hakyky däl diýip ykrar edilen gününe çenli, bilelikdäki edinen emläkleri babatda, är-aýalyň umumy we şahsy emläkleri baradaky maşgala kanunçylygynda berkidilen kadalary ulanmaga haklydyr.

**Nika baglaşmak amala aşyrylýar**

Döwlet edarasynda
(kanuny nika)

Dini däp boýunça ýa-da bilelikde ýaşamak
(hakykat ýüzündäki nika)

döreýär

döremeýär

Är-aýalyň arasynda hukuklar we borçlar

**Sowalnama:**

(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)

**1. Nika haýsy edarada resmileşdirilýär?**

- häkimlikde we geňeşde;
- diňe häkimlikde;
- RÝNÝ edarasynda we geňeşde;
- diňe RÝNÝ edarasynda.

*Dogry jogaby tapyň.*

**2. Nika arza berlen gününden näçe wagt geçenden soň resmileşdirilýär?**

- bir aý;
- iki aý;
- üç aý;
- dört aý.

*Dogry jogaby tapyň.*

**3. Nikany resmileşdirmegiň möhleti üýtgedilip bilnermi?**

- ýok;
- möhlet gysgaldylyp bilner, uzaldylmaga welin degişli däl;
- möhlet gysgaldylyp bilner, üç aýa çenli uzaldylyp hem bilner;
- möhlet diňe üç aýa çenli uzaldylyp bilner.

*Dogry jogaby tapyň.*

**4. Nika ýaşy näçe ýaş bilen kesgitlenen?**

- oglanlar üçin 18, gyzlar üçin bolsa 17;
- ikisi üçinem 16;
- oglanlar üçin 17, gyzlar üçin bolsa 16;
- ikisi üçinem 17.

*Dogry jogaby tapyň.*

**5. Nika ýaşy kemeldilip bilnermi?**

- ýok;
- diňe gyzlar üçin bir ýyla çenli;
- ikisi üçinem bir ýyla çenli;
- gyzlar üçin iki ýyla çenli, oglanlar üçin bolsa bir ýyla çenli.

*Dogry jogaby tapyň.*

**6. Nika girmäge rugsat berilmeýär, eger-de nikalaşýanlaryň:**

- biri başga nikada duran bolsa;
- arasynda ýakyn garyndaşlyk bar bolsa;
- ata-enesiniň razylygy bolmasa;

- biriniň akyly üýtgän ýa-da kem bolup kazyýet tarapyndan onuň kämillik ukyby ýok diýip tapylan bolsa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**7. Haýsy garyndaşlaryň arasynda nika girmäge rugsat berilmeýär?**

- daýy-ýegeniň;
- doganoglanlaryň;
- bir ata-eneden bolmadyk doganlaryň;
- perzent bilen perzentlige alanyň.

*Dogry jogaby tapyň.*

**8. Nikalaşmak ynanç hatynyň ýa-da wekiliň üsti bilen amala aşyrylyp bilinýärmi?**

- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de nikalaşýanlaryň biri agyr keselli bolsa;
- hawa, eger-de nikalaşýanlaryň biri uzak möhletleýin iş saparynda ýa-da möhletleýin harby gullukda bolsa.

*Dogry jogaby tapyň.*

**9. Haýsy ýagdaýlarda nika hakyky däl diýip ykrar edilmäge degişli?**

- nika baglaşmak üçin esasy şertleriň biri bolmasa ýa-da nika hakykat ýüzünde maşgala döretmek niýeti bilen baglaşylmadyk bolsa;
- är-aýalyň biri neşekeşlik ýa-da arakhorluk bilen yzygiderli meşgullanýan bolsa;
- eger-de är-aýalyň biri beden taýdan agyr kesele duçar bolsa;
- eger-de nikalaşýanlaryň biri aýratyn agyr jenaýat etse.

*Dogry jogaby tapyň.*

**10. Daşary ýurt raýatlary (raýatlygy ýok adamlar) bilen nikalaşmakçy bolýan Türkmenistanyň raýatlary üçin nika ýaşy:**

- 17 ýaş;
- 18 ýaş;
- 19 ýaş;
- 20 ýaş.

*Dogry jogaby tapyň.*

**11. Nika şertnamasynda (kontraktynda) düzgünleşdirilýän meseleler:**

- aýalyna (ärine) pul kömegini bermek;
- aýalyna (ärine) berilmeli emlägiň sanawy;
- çaga hossar hakyny tölemek;
- aýalynyň (äriniň) familiýasy we işlemeli ýeri.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**12. Daşary ýurt raýaty (raýatlygy ýok adam) Türkmenistanyň raýaty bilen nikalaşmak üçin:**

- Türkmenistanyň çäginde dört ýyl ýaşan bolmaly, ýaşy-da 18 bolmaly;
- Türkmenistanyň çäginde iki ýyl ýaşan bolmaly, ýaşy-da 17 bolmaly;
- Türkmenistanyň çäginde üç ýyl ýaşan bolmaly, ýaşy-da 16 bolmaly;
- Türkmenistanda azyndan bir ýyl ýaşan bolmaly, nika ýaşy kesgitlenmedik.

*Dogry jogaby tapyň.*

**13. Nika baglaşmak barada arza berlenden soň oglan pikirini üýtgedipdir. Gyzy kemsidendigi üçin ol:**

- hökman jogapkärçilige çekilýär;
- jogapkärçilige çekilip bilner;
- hiç bir jogapkärçilige çekilmeýär;
- diňe gyzyň we onuň ata-enesiniň bilelikdäki arzasy esasynda jogapkärçilige çekilýär.

*Dogry jogaby tapyň.*

**14. Aýry milletden bolan ýaşlaryň arasynda nika baglaşmaklyga rugsat:**

- berilmeýär;
- berilýär;
- berilýär, eger-de gyzyň ata-enesi razy bolsa;
- berilýär, eger-de ikisiňem ata-enesi razy bolsa.

*Dogry jogaby tapyň.*

**15. Kämillik ýaşyna ýetmedik bilen nika baglaşylan bolsa, ol nika hakyky däl diýlip ykrar edilýär:**

- eger kämillik ýaşyna ýetmedigiň bähbitlerine ters gelmese;
- islendik ýagdaýda;
- diňe prokuroryň talap arzasy boýunça;
- kämillik ýaşyna ýetmedigiň jyns gatnaşyklaryna girmegi onuň saglygyna we ösüşine ýaramaz täsir edýär diýip lukmanyň netijenamasy bar bolsa.

*Dogry jogaby tapyň.*

**16. Hakyky däl diýlip ykrar edilen nikadan doglan çagalaryň hukuklary resmi nikada doglan çagalaryň hukuklaryndan tapawut edýärmi?**

- ýok;
- ýok, eger-de ata-enesi garşy bolmasa;
- hawa;
- diňe kanunda berkidilen ýagdaýlarda.

*Dogry jogaby tapyň.*

**Bellik:** Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw-usuly gollanmanyň ahyrynda berilýär.

## <u>II hekaýa: *Hyjuwdan soňky hasaplaşyk*</u>

I

Gadyr uludan dem aldy-da, basgançak bilen harby bölümiň medeniýet öýüniň ikinji gatyndan düşüp barşyna, ýanyndan barýan näzenini gabak astyndan ogrynça synlady. Gadyrdan dört-bäş ýaş uly Feridäniň ala gözli, örküçmenräk nepis burunly, naryň suwy çalnan ýaly gyrmyzy dodakly, inçeden ak ýüzi gözelligi bilen gözüň ak ýagyny iýip gelýärdi. Gadyryň göwnüne bolmasa günbatar biçüwindäki gysga köýnek gyzyň kaddy-kamatyna hasam görk berýän ýalydy.

Gyzyň al öwüsýän ýaňaklaryna assyrynlyk bilen garaýan Gadyr: “Naýbaşy gözel!” diýip näme üçindir aňynda dörän Feride hakyndaky pikiri oýlandy-da, onuň ýüzüne ýylgyryp bakdy. Özüniň doýup bilmän synlanylýandygyny hälden bäri duýsa-da duýmazlyga salýan gözel Gadyra tarap gözüniň gyýtagyny aýlady:

-Näme seredýärsiň?

-Seretmäýinmi?

-Wiý bu oglany! Serediber seredesiň gelse! Ýöne töwerek-daşymyz esgerlerden hem serkerdelerden doly. Birden biziň gatnaşygymyz barada aňsalar-a oňat bolmaz. Öňem seni öz bölümiň serkerdesinden her gezek: “Harby bölümiň kitaphanasyndaky könelen kitaplary alyp gidip, gijelerine olary ýelimleýärin, tikip täzeden sahaplaýaryn. Şolary göterişip äkidişmäge esger beräýiň” diýip ýalbaryp zordan alýaryn. Şu gezeg-ä ol menden näme üçin her sapar kömekleşmek üçin diňe seni alyp gidýändigimi hem sorady.

-A sen näme diýdiň?!

-Men ýokary okuw mekdebini tamamlap harby bölümiň kitaphanasyna işe gelenime bäş aý boldy. Şondan bärem kitaphana şol esgerden köp kitap okamaga gelýän ýok. Nobatçylykdan-garawulçylykdan, türgenleşiklerden sypyndygy kitaphanada peýda bolýar. Onuň kitaba yhlasy köp, kitaplary göterende-de olara “wawwasy” bar ýaly, emaý bilen çemeleşýär” diýdim-diýip Feride öz tapan gürrüňine jykyr-jykyr güldi. Gyzyň gülküsine Gadyr hem ernini gulagyna ýetiräýjek bolup ýylgyrdy:

-A gyzjagaz, sen men babatda beýle köp henek etme. Häzir öýňüze barsak mazaly eýiňi ýetirerin.

Gözlerinde garagolluk uçgunjyklary bökjekleýän gyz Gadyryň henekli haýbatyna hasam jykyrdady. Olar şeýdip elleri kitaplardan doly halda, degşip-gülşüp baryşlaryna harby bölümiň serkerdeler şäherçesiniň çetinden girdiler. Feridäniň ejesi-kakasynyň harby bölümiň ýerleşýän şäherinde giň howluly jaýy bardy. Emma özbaşdaklygy hemme zatdan eý görýän özdiýenli gyz kitaphanaçy bolup işe gelenden soňra harby bölümiň başlygyna ýüz tutup, serkerdeleriň şäherçesiniň çetinde ýerleşýän umumy ýaşaýyş jaýyndan özüne otag alyp, şol ýerde ýaşaýardy. Soňky bir aýyň dowamynda bu ýere eýýäm birnäçe sapar gelip gören Gadyryň endikli aýaklarynyň özleri ony Feridäniň ýaşaýan umumy ýaşaýyş jaýyna tarap alyp barýardylar…

Olar umumy ýaşaýyş jaýynyň birinji gatynda ýerleşýän otaga girip, gapyny ýapan batlaryna, ellerindäki kitap daňylaryny ýerde goýan Gadyr Feridäni garsa gujaklady. Onuň:

-Seni bagryma basasym gelip tas ýüregim üzülipdi.-diýen gyzgyn pyşyrdysy gyzyň gulaklaryny çawlady.

-Öňki duşuşygymyza ýaňy iki gün boldy ahyry…-diýende Feridäniň pyşyrdysy boguk çykdy.

-Bolanda näme? Meniň seni her gün göresim gelýär. Seni ilkinji gören günümden bäri şeýle…Sen ilkibadalar maňa ýüz bermän gezeniňde dagy men tas däldireýärdim.

-Menem şeýle. Ýöne tagapyl et, gaty köp duşuşybersek adamlaryň arasyna gep-gürrüň ýaýrar. Seniň harby gullugyň ýene-de bary-ýogy alty aýy galdy. Onsoň biz maşgala gurarys ahyry!

-Hawa, hawa, hökman maşgala gurarys.- diýip Gadyr gözüni-gaşyny çytman ýüzüniň ugruna aldap goýberdi. Şol pille-de onuň aňynyň iň gizlin künjünde, özüni harby gulluga ugradanda gujagyna gundagdaky nowbahar oguljygyny alyp, yzyndan garap galan gelni Gymmadyň keşbi janlandy. Emma Gadyr ol keşbi bahymrak hyýalyndan kowmaga çytraşdy-da, hiç zady şübhe etmeýän Feridäni hasam berk gujagyna gysdy…

## II

...Gadyryň harby gullukdan gelenine eýýäm dört-bäş aý dagy bolupdy. Işe durupdy. Güýzün ortaky aýy bolandygy zerarly günsaýyn gün giçräk dogup, iňrigem ir garalýardy. Şonuň üçinem ol irden işe gidende-de alagaraňkyda gidýärdi, gelende-de ilkiagşam gelýärdi. Bu gün hem ol adatdakysy ýaly öz pikirlerine gümra bolup çatryklaryndan öwrüldi. Edil çatrygyň gyrasyndaky sütüniň çyrasynyň öten agşamky güýçli ýelde köýendigi sebäpli, köçe tüm-garaňkydy. Şoňa görä-de Gadyr köçäniň gyrasyndaky tutluga gysylyp duran garany saýgarman deňinden geçiberjek bolanda ol dillendi:

-Gadyr!

Gulagynda galan tanyş sese Gadyr oslagsyzlykdan ýaňa tisginip gitdi. Sakga durup, özünden iki-üç ädim daşlykda garaňkylyk üýşmegine çalym edip duran sudura tarap öwrüldi. Çiňerilip, siňe-siňe seredende suduryň kaddy-kamatyny tanap ini tikenekläp gitdi.

-Feride?! Sen bu ýerde näme işleýärsiň?!-diýende ol äňine ýelmeşen dilini zordan aýlady.

-Seni gözläp geldim, ýalançy kezzap!-diýip gijäniň garaňkylygynda otlukly lowurdaýan ala gözlerinden gahar-gazap uçguny syçradyp, Feride onuň alkymyna dykyldy. Birdenem eliniň tersi bilen Gadyryň ýüzikessir şarpyldadyp goýberdi:

-Sen kezzap, owadan sözler bilen meniň başymy-gözümi aýlap goýnuma girdiň. Men sen binamysa ynanyp, uýup, seni söýüp saňa özümiň gyzlyk mertebämi, gyzlyk buýsanjymy bagyş etdim. Ýarym ýyllap günde-günaşa meniň gujagymda ýatybam, gullukdan gaýdanyňda näme wada berdiň? Näme geplemeýärsiň, kezzap?!

Ýaňaklary Feridäniň şarpygyndan soň lowlap ýanýan Gadyr gazap atyna atlanan gyzyň ysgynsyz goşaryndan tutup saklap durşuna dilini ýuwdan ýaly, lam-jim bolup durdy. Söýgüsinde aldanan näzenin bolsa barha möwç alýardy:

-"Bir hepdejik gaýrat et, bir hepdeden ejem-kakam bilen gelerin-de saňa öýlenerin" diýip äht edip gitdiň ahyry. Bir hepde geçdi gelmediň, bir aý geçi gelmediň, bäş aý geçdi gelmediň… Näme meniň göwrämde biziň söýgümiziň miwesiniň galandygygny bilmeýärdiňmi? Bilip aňyrsyna-da geçýärdiň. Ýöne ol sen nadanyň parhyňa-da däldi… Men seniň ogluňy dünýä inderdim, bisyrat! Ol häzir meniň ejemiň öýünde jägildäp ýatyr. Wa-a-ah! Aldananyma-da ýanýaryn welin, ojagaz bigünä çagajygyň sen binamysyň önelgesidigine gynanýan! Sen näme üçin bärde maşgalaň bardygyny, çagaly-çugalydygyňy maňa aýtman, "men boý oglan" diýip ýalan sözlediň ahyry, kezzap! Meniň indi gözüm açyldy. Men barysyny bilýärin. Ol ýerdäki gullukdaşlaryň men akmak garamaňlaýyň ýanyp-köýüp bilmän ýörşüme dözmän, bar zady aýtdylar…

Feridäniň ýangynly sözleri Gadyryň depesinden tokmak bolup inýärdi. Ol ynamy köýen gözeliň jümleleriniň astynda barha ýegşerilýärdi. Sypjyk aňy bolsa başyna düşen ýagdaýdan çykalga gözläp pelesaň kakýardy: "Wah, munuň sesine goňşularym bir çykmaýbilsediler. Näme ýa "ýuwaşrak bol" diýäýsemmikäm? Ýok beýle diýsem-ä bu mahal hasam beleň alar. Öýmüze, ejem-kakamyň ýanyna bir barmabilsedir… "Ogul dogurdym" diýäýdimi? Meniňkimikä beri?!"

Birdenem Gadyr özüniň näme diýýändigine-de düşünmän içinden edýän pikirini daşyna çykaryp goýberdi:

-Dogranyň mendendigini nädip bilýärsiň?

Pessaý aýdylan bu haýasyz jümle Feridäni ýekedaban bilen urlana dönderdi. Eşiden zatlaryna ynanman onuň gözleri hanasyndan çykara gelip tegelendi, dili tutuldy. Näme geplejegini bilmän gözlerini ýumanda ajy gözýaşlar paýraşyp gitdiler. Gadyryň bihaýa sözleri Feridäniň kalbyny mäjerlenen güljagaza dönderdi. Onuň bedenine-de, göwnüne-de susluk aralaşdy:

-Seni meniň yhlasym tutar!-diýip Feride ysgynsyz pyşyrdady-da, ýüzüni aşak sallap, jümle-jahany garaňky gujagyna gysan gijäniň tümlügine siňip gitdi…

## III

…Feride bilen Gadyryň duşuşygyndan soň takmynan iki hepde geçende Gadyryň öýlerine kazyýetden çagyryş haty geldi. Hatda Gadyryň haçan we haýsy etrap kazyýetine çagyrylýandygy hem-de onuň ýanyna barmaly kazysynyň salgylary görkezilendi. Gadyr çagyryş hatynda görkezilen güni kazynyň ýanyna bardy we Feridäniň oglunyň atasyny anyklamak hakynda talap arza bilen kazyýete ýüz tutandygyny, talap arzasynda-da oglunyň atasy hökmünde ony görkezendigini bildi. Birnäçe günden soň bolsa Feridäniň talap arzasy boýunça kazyýet mejlisi geçirildi.

Kazyýet mejlisini geçirmegiň kanunda berkidilen tertibiniň amala aşyrylmagynyň dowamynda talapçynyň çykyş etmek nobaty geldi. Feridäniň kazyýet wekili bolan adwokat Gadyryň atalygyny subut edýän ýagdaýlar hökmünde, onuň möhletleýin harby gullugy geçen harby bölüminde Feridäniň hem

işländigini, Feridäniň göwreli bolan wagtynyň Gadyryň harby gullugynyň möhleti bilen gabat gelýändigini, olaryň arasynda ysnyşykly gatnaşyklaryň bolandygy we olaryň halaşandygy, Gadyryň günde-günaşa Feridäniň umumy ýaşaýyş jaýyndaky otagyna gatnap, onuň bilen yzygiderli duşuşandygy hakynda Gadyryň gullukdaşlarynyň beren düşündirişlerini, Feridä özüniň maşgalalydygyny aýtman, ony aldap, onuň ynanjaňlygyndan peýdalanyp, häzirki wagtda-da ony täze dünýä inen çagasy bilen taşlap, ol çaganyň özüniňkidigini inkär edýändigini hem-de ony ekläp-saklamakdan, ýagny çaga hossar hakyny tölemekden ýüz dönderýändigini aýtdy. Şonuň ýaly-da Feridäniň kazyýet wekili, talapçynyň haýyşnamasynyň esasynda kazyýet tarapyndan bellenen gany deňeşdirmek hakynda bilermen seljerişiniň netijesini Gadyryň şol çaganyň kakasydygyny tassyklaýan subutnamalaryň biri hökmünde görkezdi. Sebäbi bilermen seljerişiniň netijesine laýyklykda, Gadyryň ganynyň topary bilen Feridäniň oglunyň ganynyň topary deň gelýärdi.

Jogapçynyň ýagny, Gadyryň kazyýet wekili bolan adwokat bolsa onuň bähbitlerini goramak bilen, Gadyryň hakykatdan hem talapçynyň kitaphanaçy bolup işleýän harby bölüminde möhletleýin harby gullugy geçendigini, şonda-da talapçy bilen onuň öz razylygynyň esasynda halaşyp, ýakyn gatnaşyklar edendigini, ýöne hiç wagt talapçy bilen bile ýaşamandygyny we umumy hojalyk ýöretmändigini, ýagny esger bolandygy üçin onuň harby bölümde ýaşandygyny, ýatyp-turandygyny, iýip-içendigini, talapçy bilen umumy hojalyk ýöretmek üçin gazanç etmändigini, onuň bilen bilelikde hiç-hili emläk edinmändiklerini, çaganyň bolsa Gadyryňky däldigini, çaganyň we Gadyryň ganynyň toparynyň gabat gelmeginiň bolsa bu jedeli çözmek üçin gös-göni subutnama bolup durmaýandygyny, sebäbi Zemin togalagynda her dört adamdan biriniň ganynyň toparynyň Gadyryňky bilen gabat gelmeginiň mümkindigini, şonuň ýaly-da Feridäniň şol bir wagtda başga-da kimdir biri bilen duşuşan bolmagynyň we şol adamlaryň biriniň onuň çagasynyň atasy bolmagynyň ähtimaldygyny belledi. Şonuň bilen birlikde-de Gadyryň kazyýet wekili talap arzada görkezilen delilleriň esassyzdygy sebäpli talaby kanagatlandyrmazlyk barada çözgüt çykarmagy kazyýetden haýyş etdi.

Gadyr her gezek kazyýetde Feride bilen duşuşanda gözlerini ýerden göterip bilmän, bahymrak onuň ýanyndan garasyny saýlamak bilen bolýardy. Her gezek kazyýetiň çagyryşy boýunca ejesini-kakasyny, gelnini aldap gaýtmak hem onuň üçin hyllallady. “Gullukdaşymyň toýuna gitmeli, tanşym hassahana düşüpdir, şony soramaga gitjek, böwrüm agyrýar, lukmana görünjek…” diýip ol hilegärlik bilen her gezek bir bahana tapýardy. Bar aladasy-gaýgysy hem öz başyna düşen oýunlary öýündäkilere bildirmezlikdi.

Feride bolsa tersine kazyýetiň dälizinde ýa-da howlusynda gabatlaşanlarynda ony garaýşy bilen ýakyp gelýärdi. Gözünde oky bolsa urjakdy. Ol Gadyryň soňky duşuşyklarynda özüne aýdan sözlerini unudyp bilmeýärdi. “Dogranyň mendendigini nädip bilýärsiň?” diýen haýasyz jümle onuň aňynda şol ýaňlanyp durdy. Bu gün hem çözgüt okalanda Feride, kazyýetiň ýeterlik subutnamalaryň ýokdugy sebäpli özüniň talap arzasyny kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýändigi barada sözleri eşidende Gadyryň bihaýa sözleri daş-töweregini gurşaýan bütin

dünýäni sersdirip, yzyny üzmän ýaňlanýan ýaly boldy. Emma näçe ejizlese-de ol tä kazyýetiň howlusyndan çykyp, kireý edýän ulaglarynyň birine özüni atýança owadan ala gözlerinden nem syzmady. Diňe ulag aýdan salgysyna tarap ugrandan soň Feridäniň gözlerinden togalanýan hünibirýän damjalar hünji deýin biri-biriniň yzyna sapyldylar…

Öýlerine dolanan Gadyr bolsa bosagalaryndan ätlän badyna özüniň gorkýan zadynyň bolandygyny syzdy. Daşky otagda oturan ejesi-kakasynyň ýüzünden gar ýagýardy. Agyr dym-dyrslyk misli äpet umman gämisiniň labyry deýin öýüň depesinden asyl-asyl bolup durdy. Gadyryň göwnüne bolmasa olaryň öýlerinden jan gidip jeset galan ýaly boldy. Ol öz eşitjek jogabyndan gorkýan dek, ýöwsel dil ýardy:

-Eje, Gymmat dagy nirede?

Ejesiniň:

-Olar gitdiler. Hemişelik gitdiler… -diýen sözleri iki jahanyň owarrasyna dönen Gadyryň gugaryp galan dünýäsinde güňleç ýaňlanyp gitdi.

## II hekaýanyň seljermesi:

### ***<u>Hukuk nukdaýnazaryndan:</u>***

Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 55-nji maddasyna laýyklykda, çaganyň atasy kazyýet tertibinde anyklananda şu aşakdaky ýagdaýlar nazara alynýar:

- çaganyň enesiniň hem jogapçynyň çaga dogulmazyndan öň bile ýaşandyklaryny we umumy hojalygy ýöredendiklerini;
- olaryň çagany bilelikde terbiýeländigini;
- olaryň çagany bilelikde ekläp-saklanlygyny;
- jogapçynyň özüniň atalygyny boýun almagyny ynandyryjylyk bilen tassyklaýan subutnamalary (fotosuratlar, şahsy hatlar we ş.m.).

Hekaýada görkezilen ýagdaýlarda Gadyryň çaganyň atasy däldigi hakynda çözgüt çykarmak bilen kazyýet kanuna doly laýyk gelýän hereketi edýär. Sebäbi hekaýanyň mazmunyndan görnüşi ýaly, Gadyr bilen Feridäniň arasyndaky gatnaşyklarda ýokarda görkezilen şertleriň hiç haýsy ýok. Hekaýanyň mazmunynda bellenip geçilişi ýaly, Gadyr Feride bilen duşuşyp, ýakynlyk eden döwründe möhletleýin harby gullugyň esgeri. Harby düzgün-nyzama laýyklykda Gadyr gije-gündiz öz harby bölüminiň çäginde bolmaga we harby gün tertibini doly berjaý etmäge borçly. Bu ýagdaý kazyýetiň onuň Feride bilen bile ýaşamandyklary we umumy hojalyk ýöretmändikleri barada netije çykarmagy üçin esas bolup durýar.

Şonuň ýaly-da çaganyň Gadyr harby gullugy tamamlap, öýüne gaýdanyndan soň dünýä inendigine, şonuň netijesinde-de onuň Feride bilen bilelikde çagany terbiýelemändigine we ekläp-saklamandygyna-da ünsi çekmek zerur. Mundan başga-da Gadyr Feridäniň oglunyň öz çagasydygyny doly inkär etmek bilen, Feridäniň özi bilen bir wagtda başga-da kimdir biri bilen duşuşan bolmagynyň we şol adamlaryň biriniň onuň çagasynyň atasy bolmagynyň ähtimaldygy barada

çaklamany öňe sürýär. Hekaýanyň mazmunynda beýan edilişi ýaly, çaganyň we Gadyryň ganynyň toparynyň gabat gelmegi bolsa bu jedeli çözmek üçin gös-göni subutnama bolup durmaýar, sebäbi köpleriň ganynyň topary Gadyryňky bilen gabat gelmegi mümkin.

Şu ýerde goşmaça maglumat hökmünde bellemeli zat: eger-de kazyýet şübhesiz subutnamalaryň kömegi bilen Gadyr bilen Feridäniň bilelikde ýaşandyklaryny we umumy hojalygy ýöredendiklerini kesgitlän bolsa, onda Gadyry Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 163-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekmek meselesi hem ýüze çykýar. Sebäbi kazyýetiň çözgüdi bilen Gadyr Feridäniň oglunyň kakasy diýlip ykrar edilse, onda Gadyryň öň aýalynyň bardygyna, ýagny Gymmat bilen resmi nikada durýandygyna garamazdan, Feride bilen hem bilelikde ýaşap, umumy hojalygy ýöredendigi, ýagny hakykat ýüzünde är-aýal hökmünde ýaşandygy anyklanýar. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň ýokarda görkezilen maddasyna laýyklykda, köp aýallylyk, ýagny iki aýal ýa-da birnäçe aýal bilen bile ýaşap, umumy hojalygy bilelikde ýöretmek bolsa jenaýat diýlip hasaplanýar.

Ýokarda görkezilýän jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen bagly ýagdaýlar, olary düzgünleşdirýän hukuk kadalary we olaryň mazmuny barada bolsa aşakda beýan edilen hukuk maglumatlarynda has giňişleýin durlup geçilýär.

***<u>Ahlak nukdaýnazaryndan:</u>***

Ahlak kadalarynyň nukdaýnazaryndan garalanda, hekaýada beýan edilýän ýagdaýlarda Gadyryň hereketleri doly we çürt-kesik ýazgarylmaga degişli. Sebäbi Gadyr ilkinji nobatda ýalan sözläp, Feridäniň ynamyna girýär. Oňa özüniň öýlenmedik ýigitdigini aýdyp aldaýar. Adatça durmuşda ýalan bolsa ýene-de has beter ýalany döredýär. Soňra Gadyr öňki ýalançylygynyň üstüni basyrjak bolup, atasy-enesini, gelnini, doganlaryny hem aldamaga mejbur bolýar.

Ata-babalarymyz “Sary towuk saman seçer, öz aýbyny özi açar”, “Menzil aşmaz ýüküň egrisi”, “Egri azar, dogry ozar” diýen ýaly, ýalan söz, egri hereket barada ençeme nakyllar aýdypdyrlar. Iman musulmanyň iň gymmatly baýlygy. Halkymyz ýalan sözüň imandan aýyrýandygyna çyn ýürekden ynanyp gelýär. Hezreti pygamberimiz Muhammet alaýyhssalam hem: “Meniň ymmatymda ogurlyk eden, adam öldüren, zyna eden bolar, ýöne ýalan sözlän bolmaz” diýmek bilen ýalançylygy iň çökder günä hökmünde ykrar edipdir.

Aýagyny egri basyp, maşgalasyna biwepalyk eden, bir gyzyň ynamyna girip, onuň ynamyndan hyýanatly peýdalanan Gadyr hem edil nakyllarda aýdylyşy ýaly, öz aýbyny özi açyp, uly ile betnam bolýar. Onuň hereketlerinde iň ýaramaz ýeri hem ol öz eden işini mertlik bilen boýun almagyň we goýberen hatasyny düzetmäge çytraşmagyň deregine namartlyk bilen eden hereketinden ýüz dönderýär. Onuň erkek kişä mahsus bolmadyk namartlyk, bihaýalyk hem ejizlik bilen: “Dogranyň mendendigini nädip bilýärsiň?” diýen sözleri bolsa onuň ahlaksyzlygynyň derejesini aýdyň açyp görkezýär.

Şonuň ýaly-da ol kazyýet mejlisinde özüni goramak üçin, adwokatynyň üsti bilen, gyzyň başga birleri bilen hem duşuşan bolmagynyň we şol adamlaryň biriniň

onuň çagasynyň atasy bolmagynyň ähtimaldygy barada gepläp, öz çoçgaryna çolaşan ejiz naçara töhmet atýar. Onuň bu hereketi musulman dininde-de iň pislenýän hereketleriň biri. Netijede-de ol özüniň ahlaksyz hereketleri bilen öz ýakynlaryny hem-de Feridäniň ýakynlaryny jümle-jahana masgara edýär.

Feridäniň hereketleri barada aýdylanda bolsa, gyzyň hekaýanyň birinji böleginde beýan edilýän hereketlerinde oýlanyşyksyzlyk, ynanjaňlyk we sabyrsyzlyk agdyklyk edýän hem bolsa, ol hekaýanyň soňky bölümlerinde örän batyrgaý we parasatly hereket edýär. Ol Gadyryň ýanynda aglap-eňräp, çarbaýlyk edip, öz mertebesini peseldip durmaýar-da, özüniň we oglunyň hukuklaryny goramak üçin, kanuny serişdeleriň kömegi bilen ahlaksyz Gadyryň garşysyna göreşe girişýär.

Şu hekaýada Gadyryň gullukdaşlary hem örän adalatly hereket edýärler. Olar Gadyr babatda: "gullukdaşymyz" diýip "ýüz görüp gapyrga syrman" onuň bilen Feridäniň arasynda bolan ähli zatlar barada dogruçyl görkezme berýärler.

***<u>Durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan:</u>***

Bu hekaýada görkezilýän wakalaryň mysalynda, durmuşda edilen her bir oýlanyşyksyz hereketiň, çakdan aşa ynanjaňlygyň, soňuny saýman, duýgularyňa erk edip bilmän ädilýän ädimiň uly betbagtçylyklaryň gönezligi bolup biljekdigine düşünmek bolýar. Özüniň aşa ynanjaňlygy, soňuny saýmazlygy, öz hyjuwyna bäs gelip bilmezligi Feridäni hyjuwdan soň juda çökder hasaplaşyk geçmäge mejbur edýär. Onuň adyna-abraýyna şek ýetýär, ol ata-enesiniň, il-günüň, işdeş ýoldaşlarynyň gözünden düşýär. Elindäki suw ýaly çaga bilen ýalňyz galyp maddy we durmuşy taýdan kyn ýagdaýa uçraýar. Onuň çagasy hem ataly ýetim bolup ösmeli.

Şonuň bilen birlikde-de durmuşda özgelere zyňan daşyň aýlanyp-dolanyp öz maňlaýyňa-da patylap degýändigi hakynda pikir hem hekaýanyň mazmunyndan eriş-argaç bolup geçýär. Ahlaksyz hereketler bilen Feridäni, öz gelnini, ata-enesini agyr güne salan Gadyryň özi hem iki jahanyň owarrasy bolup galýar. Hekaýada Gadyryň il-gün tarapyndan ýazgarylyşy beýan edilmese-de, onuň eden hereketleri barada gep-gürrüňiň il arasyna tiz ýaýrajakdygy we ony tanaýan-u-nätanyş adamlaryň onuň ahlaksyz hereketlerini oňlamajakdyklary öz-özünden düşnükli zatdyr. Hiç kimiň Gadyr ýaly "ýüpüniň üstünde odun goýup bolmaýan" ikiýüzli, ikigepli adam bilen iş salşasy gelmez. Deň-duşlarynyň, işdeş ýoldaşlarynyň arasynda oňa hiç-hili sarpa-hormat goýulmaz. Abraýsyzlyk, köpçüligiň ýazgarmasyna sezewar bolmak bolsa uzagyndan adamyň durmuşda barha we barha pese düşmegine getirýär.

## Hukuk maglumatlary:

### *Atalygy anyklamak*

Ata-eneleriň we çagalaryň arasyndaky şahsy we emläkleýin hukuk gatnaşyklary çagalaryň kimden bolandygyna bagly bolup durýar.

Kanuna laýyklykda atalygy anyklamak şu aşakdaky tertipde kesgitlenýär:

1. Eger çaganyň ejesi onuň kakasy bilen resmi nikada durýan bolsalar, onda olar şol çaganyň kakasy-ejesi hasap edilýär. Hakykat ýüzünde çaga başga birinden hem bolup biler. Şonuň üçin kanun ata-enä kazyýete ýüz tutup, çaganyň hakyky ata-enesi däldigini subut etmäge mümkinçilik berilýär.

2. Eger-de çaganyň ata-enesi kanuny nikada durmaýan bolsalar, onda çaganyň kimden bolanlygy, onuň kakasynyň we ejesiniň bilelikdäki RÝNÝ edarasyna beren arzalary esasynda kesgitlenip bilner.

Çaganyň ejesi onuň kakasy bilen kanuny nikada durmaýan bolsa, onuň atasy baradaky ýazgy ejesiniň familiýasy boýunça görkezilýär. Çaganyň ady, onuň atasynyň ady we milleti ejesiniň sözi boýunça ýazylýar. Bu maglumatyň ýalňyş bolmagy hem mümkin, ýöne RÝNÝ edarasy ony barlamaga borçly däl. Geljekde çaganyň hakyky ata-eneleriniň RÝNÝ edarasyna atalygy kesgitlemek niýeti bilen bilelikde arza bermeklige haklary bardyr ýa-da atalygy çaganyň ejesiniň arzasy boýunça kazyýet hem kesgitläp biler.

Çaganyň atasynyň başga bir aýal bilen resmi nikada durmaklygy oňa atalygy meýletin kabul etmeklige päsgelçilik döretmeýär. Eger çaganyň ejesi aradan çykan bolsa, kazyýet tertibinde kämillik ukyby ýok diýip ykrar edilen bolsa, enelik hukugyndan mahrum edilen bolsa ýa-da onuň ýaşaýan ýerini anyklamak mümkin bolmasa, onda onuň atasy barada ýazgy kakasynyň arzasy boýunça geçirilýär.

3. Eger-de çaganyň ejesi-kakasy resmi nikada durman, özi-de çaganyň atalygyny boýun almasa, onda jedelli atalyk kazyýetiň üsti bilen kesgitlenmelidir. Atalygy anyklamak barada kazyýete talap arza çaganyň ata-enesiniň biri, onuň hossary (howandary), çaganyň hakykat ýüzündäki ekleýjisi, şeýle-de çaga kämillik ýaşyna ýeten bolsa, onuň özi tarapyndan bildirilip bilner.

Kazyýetde atalygy kesgitlemek üçin şu aşakdaky ýagdaýlaryň bolmanda birini anyklamaly:

a) çaganyň ejesiniň we jogapçynyň çaga dogulmazyndan öň bile ýaşanlygyny we umumy hojalygy ýöredenligini;
b) olaryň çagany bile terbiýelänligini;
ç) ýa ekläp-saklanlygyny;
d) ýa-da jogapçynyň özüniň atalygyny ikuçsyz boýun alýanlygyny tassyklaýan subutnamalary nazara alýar.

Bu ýagdaýlary gysgajyk açyp görkezeliň:

- aýalyň göwreli döwründe jogapçy bilen bile ýaşamaklygy we umumy hojalyk ýöretmekligi şulary aňladýar: umumy girdejileriniň we çykdajylarynyň bir bolmagy; hojalyga gerekli zatlary bilelikde satyn almak; bir-birine goldaw, kömek bermek we ş.m.;

- çagany bilelikde terbiýelemek, onuň saglygy, bilimi, durmuş tejribesi barada alada etmekligi aňladýar. Bu ýerde çaganyň ejesi bilen jogapçynyň bile ýaşamagy hökman däl;

- çagany bilelikde ekläp-saklamaklyk oňa jogapçy tarapyndan maddy kömegiň berilmegini aňladýar. Kömek hökman yzygiderli berlip duran bolmaly.

Ýokarda agzalan üç ýagdaýyň ýüze çykarylmagy jogapçynyň atalygyny gös-göni subut etmeýär. Jogapçy özüniň ata däldigini subut edip biler. Mysal üçin, onuň saglyk ýagdaýy sebäpli ata bolmaga mümkinçiligi (ukyby) bolman biler;

- jogapçynyň öz atalygyny ykrar etmegine atalygy ikuçsyz subut edýän ýagdaý hökmünde garalýar. Mysal üçin, jogapçy ýazan hatlarynda ýa-da başga resminamalaryň üsti bilen öz atalygyny ykrar edýär. Atalygy boýun alma aýalyň göwreli döwründe ýa-da çaga dogandan soň hem bolup biler.

Sanalyp geçilen ýagdaýlaryň haýsy-da bolsa biriniň ýa-da birnäçesiniň subut edilen halatynda kazyýet atalygy kesgitlemek barada çözgüt çykarýar. Agzalan ýagdaýlaryň subut edilenligine garamazdan, jogapçy atalygyny inkär edýän bolsa, onda kazyýet, bilermen lukmanyň kömegi bilen jogapçy bilen çaganyň ganlaryny deňeşdirmek üçin bilermen seljermesini belläp bilýär. Şu günüň tejribesinden görnüşi ýaly, bilermen lukman gan toparlaryny seljerip, atalygy inkär edip bilýär, ýöne ony anyk kesgitläp bilmeýär. Şonuň üçin bilermeniň netijenamasy bu ýagdaýy gös-göni subut edýän subutnama bolup bilmeýär. Eger ýokarda agzalan ýagdaýlaryň, bolmanda biri kazyýetde subut edilmese, onda jogapçy bilen çaganyň ganlaryny deňeşdirmegiň manysy ýok.

Şu ýerde bellemeli bir ýagdaý, ol hem dünýä tejribesinde ynsan organizminiň gan bilen nesilden-nesle geçýän öýjüklerini barlamak (DNK barlagy) arkaly, atalygy hiç bir şübhesiz kesgitlemegiň amala aşyrylýanlygydyr.

Atalygy kesgitlenen çagalaryň, edil resmi nikada doglan çagalaryňky ýaly, öz ata-eneleri we olaryň dogan-garyndaşlary babatda hukuklary hem borçlary deňdir.

Hakykat ýüzünde eje-kaka bolmadyk adamlara kanun kazyýetde ata-ene däldigini inkär etmäge mümkinçilik berýär. Çaganyň ejesi-kakasy hökmünde ýazylanlar ýa-da çaganyň hakyky kakasy, eger-de onuň ejesi aradan çykan ýa-da enelik hukugyndan mahrum edilen bolsa, ýazgy geçirilenden ýa-da şol ýazgy barada habarly bolanyndan soň bir ýylyň dowamynda ýazgynyň hakyky däldigi barada kazyýetde mesele goýup bilýär. Kämillik ýaşyna ýetmedik eje-kaka babatda bir ýyllyk möhlet onuň on sekiz ýaşy dolandan soň hasaplanyp başlaýar.

Kanun boýunça çaganyň atasy hökmünde öz arzasy ýa-da çaganyň ejesi bilen bilelikde ýazylan arzasy boýunça atalygy anyklanan adam, eger-de ol özüniň şol çaganyň hakykatda atasy däldigini bilibem şol hereketi eden bolsa, onda soň atalykdan ýüz dönderip bilmeýär.

<u>Soraglar:</u>

1. Eger çaganyň ata-enesi resmi nikada durmaýan bolsalar, çaganyň atalygy nädip kesgitlenilýär?
2. Hakykat ýüzünde şahsyýetiň ata-ene däldigini nädip subut edip bolýar?

**Çyzgylar:**


Çaganyň kimden bolanlygy barada RÝNÝ edarasynda ýazgy geçirmäge esas bolýar
Nika baglaşmak hakynda şahadatnama
Çaganyň ejesiniň we kakasynyň bilelikdäki arzasy
Kazyýetiň atalygy anyklamak baradaky çözgüdi
Çaganyň ejesi onuň kakasy bilen resmi nikada durýan bolsa, onda olar onuň ejesi-kakasy diýip hasaplanýar
Çaganyň ejesi onuň kakasy bilen resmi nikada durmaýan bolsa, onda çaganyň atalygy onuň ejesiniň we kakasynyň RÝNÝ edarasyna bilelikde beren arzasy boýunça kesgitlenýär (meýletin atalyk)
Çaganyň ejesi onuň kakasy bilen resmi nikada durmaýan bolsa, özi-de kakasy atalygyny inkär edýän bolsa, onda jedelli atalyk kazyýetde kesgitlenýär
Çaganyň kimden bolandygy kesgitlemegiň tertibi



Kazyýetde atalygy kesgitlemek üçin esaslar
Bile ýaşamak we umumy hojalygy ýöretmek (çaga dogulmazyndan öň)
Çagany bile terbiýelemek
Çagany bile ekläp-saklamak
Jogapçynyň öz atalygyny jedelsiz boýun alýanlygyny tassyklaýan subutnamalar
Atalygy anyklamak üçin geçirilýän lukmançylyk bilermen seljermeleri
Çaganyň we jogapçynyň gan toparyny deňeşdirmek bilen bagly lukmançylyk barlagy
Türkmenistanda
Dünýäniň köp ýurtlarynda
DNK barlagy
Atalygy inkär edip bilýär, ýöne anyk kesgitläp bilmeýär
Atalygy doly inkär edip-de, kesgitläp-de bilýär

## Sowalnama:

(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)

**1. Çaganyň kimden bolanlygyny haýsy ýollar bilen anyklap bolýar?**

- eger çaganyň ejesi-kakasy kanuny nikada duran bolsalar, onda olar şol çaganyň ata-enesi hasaplanýar;
- eger-de çaganyň ejesi-kakasy kanuny nikada durmaýan bolsalar, çaganyň kimden bolanlygy çaganyň ata-enesiniň RÝNÝ edarasyna bilelikdäki arzasy esasynda kesgitlenip bilner;
- eger çaganyň kakasy öz atalygyny inkär etse, onda jedelli atalyk kazyýetiň üsti bilen kesgitlenip bilner;
- eger çaganyň kakasy öz atalygyny inkär etse, onda jedelli atalyk kazyýete ýüzlenmezden lukmançylyk edarasynyň bilermeniniň kömegi bilen kesgitlenilýär.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**2. Şu ýagdaýlaryň haýsysy atalygy kesgitlemek üçin has ygtybarly esas bolup biler?**

- A. we B. pagta ýygymy döwründe ýatymlaýyn iş üstünde ýakyn aragatnaşykda bolupdyrlar. B. çaga dogrupdyr, ýöne A. öz atalygyny boýun almaýar;
- lukmançylyk edarasynyň bilermeni A.-nyň ata bolup bilmek mümkinçiligini inkär etmeýär;
- A. esger gullugy döwründe Aşgabat şäherinde bir gyz bilen duşuşýar we ol aýalyň çagasy bolýar. Esger çagadan ýüz öwürýär we öz obasyna dolanyp gelýär;
- A. esger hökmünde ata-enesine ýazan hatlarynda Aşgabatda bir gyz bilen duşuşýandygyny we ondan çaga garaşýandygyny habar berýär.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**3. Eger çaganyň ejesi onuň atasy bilen kanuny nikada durmaýan bolsa, onda çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasynda “atasy” diýlen ýerinde:**

- ejesiniň familiýasy ýazylýar;
- ejesiniň görkezmesi boýunça islendik adamyň familiýasy ýazylýar;
- atasy näbelli diýlip ýazylýar;
- kese çyzyk goýulýar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**4. Atalygy kesgitlemek üçin şu aşakdaky ýagdaýlaryň haýsysy esas bolup bilmez?**

- çaganyň ejesi we jogapçy çaga dogulmazyndan öň bile ýaşapdyrlar we umumy hojalyk ýöredipdirler;
- çaganyň ejesi we jogapçy çagany bile terbiýeläpdirler we ekläp-saklapdyrlar;

- jogapçynyň özüniň atalygyny ikuçsyz boýun alýanlygyny tassyklaýan subutnamalar kazyýete bildirilipdir;
- çaganyň ejesi we jogapçy yzygiderli duşuşypdyrlar hem-de ýakyn gatnaşykda bolupdyrlar.

*Dogry jogaby tapyň.*

5. **Şularyň haýsysy bile ýaşamaklygy we umumy hojalyk ýöretmekligi aňlatmaýar?**
   - jogapçy bilen çaganyň ejesiniň girdejileriniň we çykdajylarynyň bir bolmagy;
   - jogapçy bilen çaganyň ejesiniň hojalyga gerekli zatlary bilelikde satyn almagy;
   - jogapçynyň çaganyň ejesine gymmatbaha şaý-sepler sowgat bermegi;
   - jogapçynyň çaganyň ejesine goldaw, kömek bermegi.

   *Dogry jogaby tapyň.*

6. **Jogapçynyň çaganyň terbiýelenmegine gatnaşandygyny subut etmek üçin onuň çaganyň ejesi bilen bile ýaşamagy hökman:**
   - hawa;
   - ýok;
   - hawa, çaga doglandan soň;
   - hawa, çaga üç ýaşandan soň.

   *Dogry jogaby tapyň.*

7. **Jogapçy çaga we onuň ejesi bilen bilelikde surata düşüpdir. Fotosuratyň arkasynda öz eli bilen suratdaky çaganyň özüniňkidigini ýazypdyr. Fotosurat onuň atalygyny hiç bir jedelsiz subut edýärmi?**
   - hawa;
   - ýok;
   - hawa, eger-de kazyýetde çaganyň özüniňkidigi barada düşündiriş berse;
   - hawa, eger suratdaky hat kepillendiriş edarasynda tassyklanan bolsa.

   *Dogry jogaby tapyň.*

8. **Aşakdaky ýagdaýlaryň haýsysy jogapçynyň çagany ekläp-saklanlygygyny aňladýar?**
   - jogapçynyň çaganyň ejesine gymmatbaha palto alyp bermegi;
   - jogapçynyň çaga gymmatbaha eşikleri alyp bermegi;
   - jogapçynyň çaganyň ejesine aýma-aý pul kömegini bermegi ;
   - jogapçynyň çaga gymmatbaha eşikleri, onuň ejesine bolsa gymmatbaha palto alyp bermegi.

   *Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

9. **Kazyýetde atalygy kesgitlemek işine garalýarka jogapçynyň başga bir aýal bilen resmi nikada duranlygy we olaryň çagalarynyň bardygy anyklandy. Jogapçynyň aýaly adamsynyň başga çaganyň atasy diýip kesgitlenmegine garşy bolýar. Kazyýet nähili hereket etmeli?**
   - jogapçynyň aýalynyň bu meselede garşy çykmaklygy atalygy anyklamaga päsgel berip bilmeýär;
   - jogapçy diňe aýalynyň razylygyny alyp, başga çaga ata bolup bilýär;
   - jogapçy diňe aýalynyň  we ondan bolan çagasynyň razylygyny alyp, başga çaga ata bolup bilýär;
   - jogapçynyň aýaly çaganyň ejesi bilen umumy dil tapan halatynda jogapçynyň atalygy kesgitlenip bilinýär.

   *Dogry jogaby tapyň.*

10. **Çaganyň ejesi hiç bir ýakyn gatnaşykda bolmadyk tanşyna öz çagasyna ata bolmaklygy teklip edýär. Ol hem muňa razy bolýar. Olar bilelikde RÝNÝ edarasynda çaganyň atalygy barada degişli ýazgyny geçirdipdirler. Şu ýerde kanuna ters gelýän iş edilipdirmi?**
    - ýok;
    - hawa, çaga dahyly bolmadyk adam ata diýip görkezilipdir;
    - hawa, RÝNÝ edarasy çaga bilen ata bolanyň gan toparlaryny barlamandyr;
    - hawa, bu ýagdaý çaganyň ejesiniň we onuň tanşynyň galp ýazgy ýazdyryp jenaýat edendiklerini görkezýär.

    *Dogry jogaby tapyň.*

**Bellik:** Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw-usuly gollanmanyň ahyrynda berilýär.

**III hekaýa:** ***Synan göwün***

…Kazynyň olara ylalaşmak üçin beren alty aý möhleti gara basmaly düýş ýaly bolup geçip gitdi.

Bu gün Gymmadyň talap arzasy boýunça kazyýet mejlisi geçirilýärdi. Seljerilýän meseleler nikany ýatyrmak, emläk paýlaşmak we kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň kim bilen ýaşamalydygyny kesgitlemek bilen bagly bolandygy zerarly, Gymmat bilen Gadyryň işine etrap kazyýetiniň mejlisler otagynda garalmalydy. Gymmat, onuň uly aýal dogany Hajat we Gymmadyň kazyýetde wekili bolan adwokat mejlisiler otagynyň ýerleşýän däliziniň ugrundaky oturgyçlarda kazynyň ikinji gatda ýerleşýän iş otagyndan aşak düşüp, mejlisler otagyna gelerine garaşyp otyrdylar. Gadyr, onuň aýal dogany Bibi we Gadyryň kazyýet wekili bolan adwokat üçüsi bolsa däliziň ugrunda dik durdylar. Gadyr ýüzüni ýerden galdyrmaýardy. Onuň kazyýet wekili Gymmadyň kazyýet wekili bilen özaralarynda, diňe özlerine düşnükli bolan, bir topar hukuk adalgalaryny ulanyp pessaý gepleşýärdiler, nämedir bir zatlary hasaplaýardylar. Käte-de aralarynda düşünişmezlik ýüze çykýarmy nämemi, ylalaşyp bilmän ellerindäki kitaplary açyşdyryp, birek-birege bir zatlary subut etmäge çytraşýardylar. Birbada biri-birine awuly nazarlaryny oklaşyp duran Hajat bilen Bibi biraz wagtdan soň, lam-jim bolup durmaga takatlary ýetmän biri-birine kakdyryp gepläp ugradylar. Birhaýukdan soňra olaryň arasyndaky neşderli sözleriň oklanyp-gapylmasy ýygjamlaşdy. Sähel salymdan soň bolsa gany depesine uran iki aýal kazyýetiň dälizini söweş meýdanyna dönderdiler.

- Beýnisi bekemedik gögele halyna şelaýyn-şelaýyn gepläp, başyny-gözüni aýlap alyp gaçyp, iň soňunda-da goltugyna diňe çagasyny gysdyryp, kowup goýbermek isleýärsiňizmi?! Ýol beräýmeris! Buzdany hem berersiňiz, ol soňky alnan gymmatbahaly daşary ýurt telewizoryny hem alarys. Öý goşlarynyňam gylla ýarysy bilen oňduraýmarsyňyz, men bilýärin, bu ýerde çaganyň hem haky bar...- diýip Hajat garşydaşynyň üstüne owsun atýardy.

- Goýsana gyz, özüňkiden akja jüýje ýasan bolup oturma, özi islemese ony alyp gaçjak bolmazdy. Jigiňi kowan hem ýok, özi gitdi. Erkek kişidir-dä, näme birdir-ýarymdyr özgäniň daşynda kebeleklese kebelekläpdir-dä, bilmedik bolup oňubermeli bolar-da. Onsoňam ol çaganyň Gadyryňky däldigini kazyýetem kesgitledi ahbetin… Goş meselesinde bolsa berleni bilen oňarsyňyz. Olaryň öýlerindäki ähli goşlar ejem jan bilen kakam janyň olaryň ikisine sowgat beren zatlary, Gadyr janyň diş-dyrnak bolup gazanan goşy. Dört ýyl ýaşaşdylar jigiň bilen. Öýde oturyp biş-düşden başga iş etdimi?! “Telewizor, buzdan, ol-bu…” diýen bolup, munuň bolan bolaýyşjygyny… Öýe ýeke teňňe getirmän oturan ýerlerinden zatly bolaýjak bolýarsyňyz!-diýip demi-demine ýetmän Hajat bilen ýaňkalaşýan Bibiniň mazaly kellesi gyzdy.

Olar biri-birini diňlemän, agyzlaryndan ak köpük saçyp harçaňlaşýardylar. Diňe olaryň ýaňka-ýaňkasy halys degnasyna degen adwokatlar:

-Hany, bes ediň diýýäris size! Dynç gününiň “Jygyllyk” bazaryna dönderdiňiz-le bu taýyny! Eger-de biderek dawaňyzy bes etmeseňiz häzir kazy hiç biriňizi hem mejlisler otagyna goýbermez!-diýenlerinden soň olar biraz köşeşen

ýaly edýärdiler. Emma adwokatlar özara gepleşmäge gümra bolup ugraýardylaram welin, olar jigileriniň iň bir biderejik, iň bir ujypsyzja bähbidi üçinem "soňky demine çenli" göreşmäge taýýar bolan aýal gaýduwsyzlygy bilen döş gerip, dawalaşyp başlaýardylar.

-Onsoňam näme, Gadyr janyň yzyna düşüp gelende zatly geldimi, goşly geldimi?-diýip Bibi soňabaka hasam mojugyny tapyp ugrady.

-Hawa, hawa, goraber şonyňy, goraberiň, şeýtsin-de görenine çaga dogurdyp, il masgarasy bolsun ýörsün!-diýip Hajat hem Bibiden kem galmady.

Edilýän şerraý hem şermende gürrüňlerden ýaňa Hajatyň tersine zanny boýunça ýumry-ýumşak Gymmadyň gulaklary kamata gelýärdi. Däliziň ugrunda garaşyp duran, eýläk-beýläk geçýän adamlardan, adwokatlardan utanjyna ýer-ä ýarylmaýardy, ol hem girmeýärdi. Gadyryň uly uýasynyň soňky jümlesi bolsa gaýynlarynyň öýüni terk edip, atasy öýüne gelen gününiň agşamsy, uýasy Hajatyň aýdan rehimsizem bolsa adalatly sözlerini täzeden onuň kalbynda ýaňlandyrdy. "Bir kemimiz seniň şu hereketiňdi!...Äý hawa-da, ataň-eneň ýüzüne gara çekip gitseň, iň soňunda boljagyň şudur!" Hajatyň yzgytsyz äheňi bilen ýaňlanýan bu sözler öň beýle-beýle dawalary başyndan geçirip görmedik gelniň tutuş dünýäsini sersdirip, elendirip durdy.

Emma şeýle-de bolsa, aram-aram ýüzüni elleri bilen ýapyp, oturgyjyna ýaplanýan Gymmadyň ýüz-keşbinden onuň köňlünde gopýan harasat bildirmeýärdi. Atasy öýüne geleli bäri geçen, soňky ýedi-sekiz aýyň içinde reňňi solup, tomsuň jokrama yssysynda suwsuz kösenýän güle dönen jemaly daşdan çapylana meňzeýärdi. Doňup durdy. Emma ynamyna-yhlasyna hyýanat edilen pursady gara-köýük bolan göwni welin, edil sebäpsiz ýerden kemsidilen ýetim çagajygyň hiç kimiň gözüne ilmezlige çalşyp, iň garaňky, iň ýaşyryn çüňkde sessiz-sessiz aglaýşy dek, içigipler aglaýardy. Aglaýardy. Ýaňy durmuşa guwanyp, ýaşap başlanlarynda, özüniň guwanjyna, mähir-muhabbetine edilen ýamanlyga, onda-da iň bir oslamaýan, özüniň dünýäde ata-enesinden, doganlaryndan ýakyn hasap edip ýören mähribany tarapyndan edilen ýamanlyga döz gelip bilmän aglaýardy. Gyzka abraýyndan, mertebesinden geçip, tutuş durky-dünýäsini bagyş eden ynsanynyň, guwanyp-begenip, söýüp-doýup-ganyp bilmedik ynsanynyň bir gezip ýören ykmanda bisyrat bolup çykandygyna ölüp bilmän aglaýardy. Gözýaş çeşmesiniň böwedi ýazmanka kepän gözlerinden welin, nem syzmaýardy.

Diňe arasynda saklanyp bilmän gözüniň gyýtagy bilen aladaly başyny aşak salyp, diwara ýaplanyp duran Gadyra seredende, birhili, gursagynda ýüregi tisginip gidýärdi. Ol ynanyp bilmeýärdi. Şu öňünde duranyň – harby gulluga gidende sabyrsyzlyk bilen, her pursadyny sanap hatlaryna garaşylan adamyň, öz söýgüsinden dünýä inen oguljygynyň kakasynyň, gijeler gujagynda uklanyp galýan arkadagynyň – indi şu günden şeýle özi üçin bimährem kesekidigine ynanyp bilmeýärdi. Has dogrusy ynanmaga het etmeýärdi. Sebäbi bu ynançdan soň onuň ýagty ýalançyda öýlerindäki oguljygyndan başga guwanara-begenere hiç zady galjak däldi.

Gymmadyň halynyň harapdygyny duýmaýan Hajat bolsa:

-Bermänem bir görüň, tans edip berersiňiz!-diýip göýä, gyzan bazarda şaý-sep söwdasyny edýän ýaly Bibä hüjüm etmegini dowam etdirýärdi.

Olaryň bolşy, gapdalynda gopýan goh-galmagal Gymmadyň başynda kyýamat goparýardy. Gazaba münen iki zenanyň goş dawasy ýaş gelniň kalbynda Gadyr ikisiniň uçut gaýadan eňaşaklygyna togalanyp barýan ykballaryny ýuwudýan girdabyň güwwüldisi bolup ýaňlanýardy. Sabyr käsesi püre-pür bolan Gymmadyň şu pursat ýerinden tarsa turaga-da: “Bes edäýiň ahyry! Bize rehimiňiz insin, bes edäýiň-dä, jan doganlar! Goş-golam, bir keçe, bir buzdan, bir telewizor… Nämäniň söwdasyny edýärsiňiz ahyry, nämäniň söwdasyny?! Bu ýerde biziň durmuşymyzyň çamalagy çaşyp barýar ahbetin. Siz bir beýtmäň ahyry, duzlap-dogramaň ahyry, meni! Gerek däl şol bir keçe, gerek däl şol bir buzdan, gerek däl hiç zat! Diňe meni günüme goýaýyň ahyry! Hasratymy bir ine-gana çekeýin!” diýip ulyili bilen gygyrasy gelýärdi. Emma gygyrmaga beýle-de dursun, hatda dilini gymyldatmaga-da mejaly bolman, ses-selemsiz doňňara-daş bolup otyrdy.

Gymmat şeýle sus halda özi bilen nämeleriň bolup geçýändigine-de üns bermedi. Kazyýetiň kätibi gelip özlerini mejlisler otagyna çagyranda-da, ol ýerde işine garalanda-da başyny galdyrmady. Özüne berilýän sowallaryň ählisine hem doly düşünmän, gysgajyk jogap bermek bilen çäklendi. Diňe mejlisiň dowamynda, kazy, Gymmada Gadyrdan onuň gazanjynyň dörtden bir bölegi möçberde çagasy üçin hossar hakyny töletdirip alyp bilýändigi hakynda hukuklaryny düşündirende, Gymmat ýerinden turup:

- Şundan maňa-da, çagama-da hiç-hili pul gerek däl. Mysalasyny görsem gaharym gelýär, onsoň nädip onuň gazanjyny çagama iýdireýin?! Ýeke oglumy özüm eklärinem-saklarynam. Şuňa günümiz galmandyr! Men oňa hossar haky barada talap bildirmekden ýüz dönderýärin!-diýdi-de, özüne alarylyp garaýan Hajatyň ýüzüne seretmäge çekinip, aşak oturdy.

Şondan soň Gymmat öz adwokatynyň çykyşyna-da üýtgeşik üns bermän, sermi-sal ýagdaýda, kazyýet mejlisiniň ahyryna çenli oturdy. Hatda arakesmeden soň kazy özüniň talap arzasyny kanagatlandyrmak barada çözgüt çykaranda-da Gymmadyň synan göwnüniň doňy çözülmedi. Ol misli, kabul eden çözgüdini labyzly äheňde okamaga çalyşýan kazynyň sözlerini eşitmeýän ýalydy. Diňe käte bir alasarmyk düýşüň goýy, şepbeşik dumanyny böwsüp geçýäne çalymdaş üzlem-saplam jümleleriň manysy onuň aňyna ýetýärdi.

-…olaryň nikasyny ýatyrmaly… çaganyň bähbidini göz öňünde tutmak bilen är-aýalyň bilelikdäki umumy emlägini şu tertipde bölmeli… çaga ejesi bilen ýaşamaly…kazyýet çykdajylaryny taraplaryň arasynda şu tertipde paýlamaly…çözgütden närazy tarap bellenilen tertipde şikaýat edip biler…

Çözgüt okalyp gutarandan soňam Gymmadyň ýerinden gymyldaman oturandygy zerarly Hajat onuň ýeňinden çekiberip goýberdi:

-A gyz, gölegçi ugradýan ýaly beýdip oturma! Ýör, tur gaýdaly!-diýdi. Uýasynyň dogumly hereketine ukudan açylan deýin tisginip giden Gymmat, özüniň näme edýändigini-de aňşyrman, gulagasyjylyk bilen ýerinden turdy-da, Hajatyň yzyna düşdi. Göwni synan gelin dermansyz derde uçran hassa çalym edýärdi…

## III hekaýanyň seljermesi:

***Hukuk nukdaýnazaryndan:***

Nikany ýatyrmagyň tertibi Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 32-44-nji maddalarynda düzgünleşdirilýär. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda nika kazyýetde ýa-da raýat ýagdaýlarynyň nama ýazgylary (RÝNÝ) edarasynda ýatyrylýar. Gymmat bilen Gadyryň nikasy kazyýet tertibinde ýatyrylmaga degişli. Kazyýetde nikany ýatyrmak bilen bagly birnäçe jedelli meseleler bilelikde garalyp bilner. Ol meseleler çaga hossar hakyny, är-aýalyň birine kömek puluny töletmek, çaganyň kim bilen ýaşamalydygyny kesgitlemek, är-aýalyň bilelikdäki umumy eýeçiligini bölmek bolup durýar.

Hekaýada görkezilýän wakalarda-da nikany ýatyrmak barada raýat işi Gymmadyň talap arzasy esasynda gozgalýar. Kazyýet birbada Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 35-nji maddasyna laýyklykda, Gymmat bilen Gadyra ýaraşmak üçin alty aýlyk möhlet belläpdir. Emma Gymmat pikirinden dänmändigi sebäpli olaryň nikasyny ýatyrýar.

Hekaýada, kazyýetiň çözgüdinde, çaganyň Gymmat bilen ýaşamalydygynyň Gadyr bilen Gymmadyň bilelikdäki umumy eýeçiligi bolup durýan emläklerini bolsa çaganyň bähbidini nazarda tutmak bilen olaryň arasynda paýlamalydygynyň bellenilýändigi hem agzalýar. Şeýle görnüşdäki çözgüdi çykaranda kazyýetiň gollanýan hukuk kadalary we olaryň mazmuny barada bolsa okuw-usuly gollanmanyň „Hukuk maglumatlary“ bölüminde giňişleýin durlup geçilýär.

Mundan başga-da hekaýada Gymmadyň Gadyrdan hossar hakyny almakdan ýüz dönderýändigi hem görkezilýär. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 100-nji maddasyna laýyklykda, talapçy talapdan ýüz döndermäge haklydyr, ýöne eger-de onuň bu hereketi kanuna garşy gelse ýa-da kimdir biriniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini bozsa, onda kazyýet talapdan ýüz döndermegi kabul etmeli däldir. Şeýle-de bolsa kazyýet şu netijä gelipdir.

***Ahlak nukdaýnazaryndan:***

Türkmençilikde ata-enäniň öz perzendiniň öňünde kyrk borjunyň bardygy bellenýär. Şol borçlaryň iň esasysy hem çagaňa edep-terbiýe bermek bolup durýar. Şonuň ýaly-da yslam dininde hem perzendiňe edep-terbiýe bermek, ony dogry ýola salmak parz hasaplanýar. Mälim bolşy ýaly, ata-ene perzendiniň ýalňyşlyklaryna ahyretde deň jogapkärçilik çekjekdir, ýagşylyklary üçin bolsa ýalkanjakdyr. Hekaýada görkezilýän ýagdaýlarda Gadyr bolsa öz borjuny berjaý etmek barada hereket etmeg-ä beýle-de dursun, iň bärkisi oýlanmaýar hem. Ol özüniň çagasynyň öňündäki atalyk borjundan, başdaş aýalyndan aňsatlyk bilen ýüz dönderýär. Sesini çykarman Gymmat bilen aýrylyşyp, olaryň ýeke galmaklaryna, oglunyň ataly ýetim ösmegine biperwaýlyk bilen ýol berýär.

Kazyýet mejlisi başlamazyndan öň dälizde duran wagtlary Gadyr üçin Gymmat bilen ylalaşyp, maşgala durmuşlaryny täzeden başlamaga iň soňky mümkinçilik bardyr. Emma ol sesini çykarman dymyp durýar. Bu bolsa Gadyryň

ahlak taýdan bigaýratlygyny, durmuşda onuň öz günäsi bilen ýüze çykan näsazlyklaryň öňünde ejizlik bilen ýan berýändigini aňladýar.

Gymmadyň hereketlerinde-de göwnüçökgünlik bar. Onuň üçin Gadyr bilen nikasynyň ýatyrylmagynyň netijesinde durmuş tamamlanmaýar. Onuň öňünde uly jogapkärçilik ýatyr. Onuň ýeke özi ata ornunda-da, ene ornunda-da durup, çagasyny gowy adam edip ýetişdirmek üçin zähmet çekmeli. Durmuşda öz ýoluny saýlap alyp, işe durmaly. Şonuň bilen birlikde-de, ýaşlygynda, özüniň hyjuwly duýgularyna berlip, Gadyryň yzyna düşüp gaýdyp, eden ýalňyşlygyny gaýtalamajak bolmaly.

Gymmadyň özi ýaş, geljegi öňünde. Elbetde türkmençilikde: "synan göwün seýik tapmaz" diýilýär. Ýöne durmuşda bir gezek ýalňyşanyň ýa-da ynamyňda aldananyň bilen ýaşaýyş gutarmaýar. Täzeden durmuş gurmaga, özüňe mynasyp ýanýoldaş bilen gaýtadan agzybir maşgala ojagyny dikeltmek üçin synanyşyk etmäge Gymmat üçin giç däl. Şonuň üçinem Gymmadyň ruhyçökgünlige berlip, dünýäden bizar bolup oturmagy hem oňlanmaly häsiýet däldir.

***__Durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan:__***

Her bir adam öz durmuşynda dürli-dürli kynçylyklary başyndan geçirýär. Her bir adam üçinem onuň öz kynçylygy hemmeleriňkiden çökder ýaly bolup görünýär. Ýöne kynçylyk barada söz açylanda türkmeniň hakdan içen şahyry Gurbannazar Ezizowyň: "kynçylyk ýok, ejizlik bar dünýäde" diýen sözlerini hem ýatlamak ýerlikli bolardy. Sebäbi edenli, mert, parasatly töwekgelçilik edip bilýän adam üçin jahanyň hiç bir kynçylygy kynçylyk däldir. Ynsan ejizlemese islendik kynçylygy ýeňip geçip bilýär.

Hekaýada görkezilýän wakalar Gymmat üçin diňe geljekki kyn ýagdaýlaryň başlangyjy bolup durýar. Sebäbi ol ýokarda bellenip geçilişi ýaly, ýeke özi çagasyna terbiýe bermeli, çaganyň kämil ahlakly şahsyýet bolup ýetişmegini üpjün etmeli. Eger-de Gymmat öz lapykeçligini ýeňip geçip ikilenç durmuşa çykan halatynda bolsa onuň çagasyna öweý ata terbiýe bermeli. Ol hem çaga nähili göz bilen garajak?!

Durmuşdan belli bolşy ýaly, atasyz ulalmak, has hem atasy dirikä atasyz ulalmak adamyň öz durmuşynda juda köp kemsinmegine getirýär, onuň ruhy dünýäsiniň kemala gelmegine ýaramaz täsir edýär. Şonuň üçinem şeýle ýaramaz täsirleriň çaganyň hüý-häsiýetini ters ugra gönükdirmeklerine ýol bermezlik Gymmatyň öňünde duran esasy borçlaryň biri bolup durýar.

Bu hekaýada Gadyr bilen Gymmatdan başga adamlaryň, ýagny olaryň ikisiniň uýalary Hajat bilen Bibiniň hem şekili janlandyrylýar. Olaryň ikisi hem ähli zada diňe maddy ölçegler bilen baha berýän häzirki zamanyň käbir nebisjeň adamlarynyň nusgalyk şekilidir. Olar Gymmadyň kalbynda gopýan harasady-da, Gadyryň ahlaksyz hereketlerini-de duýmaýarlar. Olary bar gyzyklandyrýan zat diňe goş-golam, emläk. Nähili gynançly bolsa-da durmuşda şeýle adamlar hem duş gelýär. Ýöne ýagty jahanda ähli zada maddy ölçegler bilen baha bermek juda uly ýalňyşlykdyr. Sebäbi, ýene-de Gurbannazar şahyryň sözleri bilen aýdylanda: "Adam diňe çörek bilen adam däl, oňa başga-da kän zatlar, kän zatlar gerek".

Ỳüzleỳ seretseň, adamlaryň aglaba bölegi edil tebigatyň beỳleki janly-jandarlaryna mahsuslykda, öz reflekslerine we instinktlerine tabynlykda, “saçagym doly, eşigim bitin, üçegim abat, ojagym ỳyly bolsa bolany” diỳen düşünjä uýup ỳaşaỳan ỳaly. Emma ynsan durmuşyna siňe seredeniňde welin, onuň gündelik hysyrdylarynyň, ownuk aladalarynyň, adaty pikirleriniň aňyrsyndan göỳä, geň-enaỳy älemleriň şekilini aỳan edỳän Jemşidiň jamyndaky ỳaly, “çörekden-maddy zerurlyklardan” “başga kän zatlar, kän zatlar” görünỳär. Her gün irden eline portfelini alyp işine çykyp gaỳdỳan gullukçynyň, egnine pilini atyp, säher bilen ỳer depmäge barỳan daỳhanyň, irgözinden galybyň ỳanynda beton kabul etmäge taỳỳar bolup duran işçiniň, ỳaňy derwezeleri açylan bazarda harytlaryny görnüşe çykarmak bilen başagaỳ bolup ỳören söwdagäriň ỳa-da çagalaryny mekdebe ugratmak bilen başagaỳ enäniň gündelik durmuşynyň aňyrsynda ỳaňy dogup gelỳän nurly Gün ỳaly, şeỳlebir owadan dünỳä lowurdap dur.

Eger-de adamlar biri-biriniň şol owadan ruhy dünýäsini duýmasalar, birek-birege düşünmeklik bilen garamasalar, onda olaryň ähli edýän hereketleri, edil hekaýada görkezilýän Hajat bilen Bibiniň goş dawasy ýaly, daş-töweregindäkiler üçin ezýete öwrülýär.

## Hukuk maglumatlary:

***Nikany ýatyrmagyň tertibi***

Haçan-da är-aýalyň biri aradan çyksa ýa-da kazyýet tertibinde ölen diýlip yglan edilse, nika ýatyrylan diýip hasaplanýar. Diri wagtlarynda nika är-aýalyň biriniň ýa-da olaryň bilelikdäki arzasy esasynda ýatyrylyp bilner.

Nika RÝNÝ edarasynda ýa-da kazyýetde ýatyrylýar. RÝNÝ edarasynda kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bolmadyk är-aýalyň özara ylalaşygy boýunça nika ýatyrylýar. Nikany ýatyrmak baradaky arza berlen gününden üç aý geçenden soň resmileşdirilýär. Şeýle uzak möhletiň berilmegi är-aýalyň bu wajyp meseläni gutarnykly çözmäge ýeterlik wagtlarynyň bolmagy üçin edilýär. Bu möhlet azaldylmaga degişli däldir.

Eger-de är-aýalyň arasynda zähmete ukyply bolmadyk ýanýoldaşyny eklemek ýa-da bilelikdäki umumy eýeçilikdäki emläklerini paýlaşmak barada jedel ýüze çyksa, onda är-aýalyň ýa-da olaryň biriniň nikany ýatyrmak baradaky talap arzasy bilen kazyýete ýüz tutmaga haklary bardyr. Şonuň ýaly-da, eger-de är-aýalyň biri ozal nikasyny RÝNÝ edarasynda ýatyrmaga razy bolup, soň hem öz pikirinden dänse, onda nika kazyýetde ýatyrylmaga degişlidir.

Mundan başga-da RÝNÝ edarasynda är-aýalyň biriniň arzasy boýunça nikany ýatyrmaklyga şu aşakdaky ýagdaýlarda rugsat edilýär:

a) nam-nyşansyz ýiten diýlip kanunda görkezilen tertipde ykrar edilen adamlar bilen;

b) akly üýtgeme ýa-da kemligi zerarly, kämillik ukyby ýok diýlip kanunda bellenilen tertipde ykrar edilen adamlar bilen;

ç) eden jenaýaty üçin üç ýyldan az bolmadyk möhlete azatlykdan mahrum edilen adamlar bilen.

Eger-de çagalar barada ýa-da är-aýalyň umumy eýeçiligindäki emläklerini bölmek hem-de kömege mätäç, zähmete ukypsyz ýanýoldaşyny eklemek üçin serişde tölemek barada jedelli meseleler bar bolsa, onda nika diňe kazyýetde ýatyrylyp bilner.

Ölen diýlip yglan edilen äri (aýaly) tapylan halatynda ýa-da onuň bolýan ýeri belli edilse, onda ony öldi diýip yglan etmek hakynda kazyýetiň çykaran çözgüdi ýatyrylýar we nika öz-özünden är-aýalyň islegine garamazdan, baglaşylan gününden dikeldilen diýlip hasap edilýär. Tapylan adamyň nähili sebäplere görä we näçe wagtlap gidendiginiň nikany dikeltmek üçin parhy ýok. Nikanyň dikeldilmegi şu aşakdaky ýagdaýlarda mümkindir:

- ölen diýlip yglan edilen adam barada kazyýetiň çözgüdi ýatyrylsa;
- beýleki ýoldaşy täzeden nika baglaşmadyk bolsa.

Ölen diýlip yglan edilenden tapawutlylykda, nam-nyşansyz ýitmeklik nikanyň ýatyrylmagyna däl-de, diňe RÝNÝ edaralarynda ýa-da kazyýetiň üsti bilen nikanyň bozulmagyna esas bolup biler. Şeýle halatlarda nikanyň dikeldilmegi onuň baglaşylan gününden başlap, şu aşakdaky ýagdaýlarda mümkindir:

a) nam-nyşansyz ýiten diýlip yglan edilen adam gelende;

b) nam-nyşansyz ýiten diýlip yglan etmek barada kazyýetiň çözgüdi ýatyrylanda;
ç) är-aýalyň ikisiniň-de nikalaryny dikeltmek barada RÝNÝ edarasyna arza beren halatynda;
d) eger nika kazyýetde ýatyrylan bolsa, onda är-aýalyň ikisiniň arzasy esasynda kazyýetiň nikany ýatyrmak baradaky çözgüdi ýatyrylan ýagdaýynda.

Eger nam-nyşansyz ýiten diýlip yglan edilen adam başga biri bilen täzeden nikalaşan bolsa, onda nika dikeldilip bilinmez. Şeýle halatda öňki är-aýal diňe täze nikalaryny bozanlaryndan soň birigip bilerler.

Umumy kada boýunça nikany ýatyrmak baradaky arza jogapçynyň ýaşaýan ýerindäki kazyýete berilýär. Eger-de talapçynyň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bar bolsa ýa-da saglyk ýagdaýy sebäpli jogapçynyň ýaşaýan ýerine gitmäge mümkinçiligi bolmasa, onda talap arzasy talapçynyň ýaşaýan ýerindäki kazyýete bildirilip bilner.

Aýalynyň göwreli wagtynda ýa-da çagasy bolandan soň bir ýyla çenli äriniň nika ýatyrmak barada kazyýetde iş gozgamaga haky ýokdur (eger-de muňa aýalynyň razyçylygy bolmasa). Aýalynyň razyçylygy alynmazdan gozgalan iş boýunça önümçilik ýatyrylmalydyr. Bu çäklendirme aýallara degişli däldir.

Nikany ýatyrmak önümçiliginde kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary eklemek we olary kimiň terbiýelemelidigi, zähmete ukypsyzlygy zerarly eklenje mätäç bolan aýaly (äri) eklemek üçin kömek puluny töletmek, är-aýalyň bilelikdäki eýeçiligindäki emläkleri bölüşmek baradaky talaplara garalyp bilner. Eger-de bölünýän goşa (emläge) başga biri dahylly bolsa (ata-ene, garyndaş we ş.m.), onda goş (emläk) bölmek talabyna aýratyn garalýar.

Ýokarda agzalan talaplara kazyýetde diňe nika ýatyrylan halatynda garalýar. Nika ýatyrmak baradaky talap kazyýet tarapyndan kanagatlandyrylmadyk halatynda, är-aýalyň ýaňky talaplary aýry-aýrylykda kazyýete bildirmäge haklary bardyr. Çagalar ýa-da emläk bilen bagly jedeller bolmadyk halatynda, kazy nika ýatyrmak baradaky meseläni ýeke özi çözýär.

Kazyýet är-aýaly ýaraşdyrmak niýeti bilen işe garamagy alty aýyň çäginde birnäçe gezek yza çekip bilýär. Är-aýalyň esaslandyrylan haýyşy boýunça ýaraşyk möhleti gysgaldylyp hem bilner. Eger-de nikany ýatyrmaklyk RÝNÝ edarasynda resmileşdirilmedik bolsa, onda är-aýalyň ýaraşmagy kazyýetiň çözgüdi çykandan soň hem mümkindir.

Nika ýatyrylan halatynda kazyýet är-aýalyň birinden ýa-da ikisindenem alynmaly döwlet pajynyň möçberini kesgitleýär. Onuň möçberi är-aýalyň näçinji nikada durýanlygyna hem baglydyr. Döwlet pajynyň möçberini kesgitlän mahalynda kazyýet är-aýalyň her biriniň maddy ýagdaýyny, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalarynyň olaryň haýsysy bilen ýaşamalydygyny, nikanyň ýatyrylmagynda är-aýalyň günäsiniň derejesini göz öňünde tutýar. Şu ýagdaýlary nazara alyp, kazyýetiň är-aýaly, olaryň birini paç tölemekden boşatmaga ýa-da onuň möçberini azaltmaga hem haky bardyr.

Nika baglaşylanda är-aýal biri-biriniň familiýasyna geçip bilýärler, şeýle hem öz familiýasynda galyp bilýärler. Eger-de är-aýalyň biri nika baglaşanda öz

familiýasyny üýtgeden bolsa, nika ýatyrylandan soňra hem şol familiýada galyp bilýär ýa-da nikadan öňki familiýasyna geçmäge oňa rugsat berilýär.

Kazyýetiň nikany ýatyrmak baradaky kanuny güýjüne giren çözgüdi nikanyň ýatyrylandygyny aňlatmaýar. Nika är-aýalyň ýa-da olaryň biriniň bellenen tertipde nikanyň ýatyrylanlygy barada şahadatnamany alan pursatyndan başlap ýatyrylan hasap edilýär. Diýmek eger är-aýal kazyýetiň çözgüdi çykanyndan soň RÝNÝ edarasyna ýüz tutmasalar, onda olar nikada duran hasaplanýarlar.

Nikanyň ýatyrylanlygyny bellige almak RÝNÝ edaralarynda är-aýalyň ýa-da olaryň biriniň ýaşaýan ýeri boýunça, kazyýetiň çözgüdi we är-aýalyň ikisiniň ýa-da biriniň arzasy esasynda amala aşyrylýar. Eger-de nikanyň ýatyrylandygy baradaky şahadatnamany diňe biri alsa, beýlekisiniň täze nika girmäge haky ýokdur. Är-aýalyň biriniň nika bozulandygyny bellige aldyran halatynda RÝNÝ edarasy bu barada, eger öý salgysy belli bolsa, beýleki ärini (aýalyny) habardar edýär, şeýle hem nika baglaşmagy bellige alan RÝNÝ edarasyna habar berýär.

## ***<u>Är-aýalyň arasyndaky emläk gatnaşyklary</u>***

Är-aýalyň arasyndaky emläk gatnaşyklary, olaryň bilelikde umumy eýeçilik döretmek we biri-birine maddy kömek, ýagny eklenmek üçin serişde tölemek bilen bagly gatnaşyklary öz içine alýar. Bu ýerde diňe är-aýalyň umumy eýeçiligindäki emläklerini bölmek barada düşündirişler berilýär. Maddy kömek bermek bilen bagly meselä bolsa bäşinji hekaýanyň “Hukuk maglumatlary” bölüminde garalar.

Är-aýalyň nikada duran wagtlarynda edinen emläkleri olaryň umumy eýeçiligi hasap edilýär. Ol emläklere ygtyýar etmäge, olardan peýdalanmaga we erk etmäge är-aýalyň deň hukuklary bar. Eger-de är-aýalyň biri öý hojalygyny ýöredenligi, çagalary idedenligi ýa-da esasly sebäplere görä (mysal üçin, agyr kesel) özbaşdak gazanjy bolmadyk bolsa-da, şol emläkleri edinmäge öz serişdelerini harç eden ýanýoldaşy bilen bir hatarda deň derejede haky bardyr.

Eger-de är-aýalyň bilelikdäki umumy eýeçiligi bolup durýan emläkler olaryň ýa-da biriniň talap arzasy boýunça paýlaşylýan bolsa, är-aýalyň paýy deň diýip hasap edilýär. Är-aýalyň arasyndaky paýlaşylmaly emlägiň içine olaryň nikada ýaşan döwründe gazanan emläkleri (şol sanda pullary, paýlary) we bankdaky pullary girýär.

Emläk bölünen wagtynda är-aýalyň ikisiniňem maşgalanyň bähbidi üçin eden bergileri hasaba alynýar. Eger-de är-aýalyň biri umumy emläkden bir zady satan ýa-da birine sowgat beren bolsa, ýa-da öz göwnüne görä, beýleki tarapyň islegine we maşgalanyň bähbidine garamazdan harç eden bolsa, ýa-da emlägiň bir bölegini gizlän bolsa, onda emläk bölünende şol zatlar ýa-da olaryň bahasy hasaba alynýar.

Är-aýalyň bilelikdäki umumy eýeçiliginde bolan emlägini bölende, käbir halatlarda kazyýet olaryň paýlarynyň deňligi baradaky kadadan çykyp hem biler. Bu ýagdaý kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň ýa-da är-aýalyň biriniň zerur bähbidiniň hatyrasyna edilýär (mysal üçin, är-aýalyň biriniň agyr kesellemegi we oňa hemişe ideg etmek gerek bolmagy). Şeýle hem, är-aýalyň biriniň paýy artdyrylyp bilner, eger-de beýlekisi işsiz, bikär gezen ýa-da maşgalanyň umumy emlägini onuň bähbitleriniň tersine harçlan bolsa.

Är-aýalyň bähbitlerinden ugur alyp, kazyýet olaryň nika ýatyrylmagyndan öň oňuşmaýandyklary üçin, aýry ýaşan döwürlerinde edinen emläklerini olaryň her haýsynyň şahsy eýeçiligi diýip ykrar edip biler.

Kazyýet är-aýalyň umumy eýeçiligindäki emlägini paýlanda, olaryň her haýsyna berilýän zatlary öz çözgüdinde kesgitlemelidir. Eger-de är-aýalyň birine berilýän zadyň bahasy oňa düşýän paýdan artyk bolsa, onda ol beýlekisiniň paýynyň öwezini pul bilen dolmalydyr. Mysal üçin, ärine maşgalanyň awtoulagy berilmeli edilipdir. Ony bölüp bolmaýanlygy sebäpli äri aýalynyň paýyna düşýän bölegini pul bilen gaýtarmaly.

Nikalaşmazlaryndan öň är-aýala degişli bolan emläk, şonuň ýaly-da nikada duran döwründe olaryň sowgat görnüşinde ýa-da miras almak tertibinde alan emlägi olaryň şahsy eýeçiligi bolup durýar we olar ony öz islegine görä ulanýarlar.

Är-aýalyň her biriniň emlägi olaryň bilelikdäki umumy eýeçiligi diýip ykrar edilip bilner, eger-de kazyýet är-aýalyň nikada duran döwründe şol emläge goşmaça maýa goýup, onuň gymmatyny ep-esli ýokarlandyrandygyny (awtoulagy ýa-da öýi bejergi etmek, goşmaça jaý gurmak ýa-da gaýtadan enjamlaşdyrmak we ş.m.) ýüze çykarsa.

Başga bir tarapdan, nikalaşmazdan öň är-aýala degişli bolan emläk ýa-da nikada duran döwründe olaryň sowgat görnüşinde we miras almak tertibinde alan emläginden, umumy emlägi edinmek üçin ulanylan bolsa (mysal üçin, ärine ýa-da aýalyna sowgat hökmünde berlen pullaryň hasabyna awtoulag satyn alnan bolsa), onda bu emläk şol äriň ýa-da aýalyň şahsy eýeçiligi hasap edilýär.

Gymmatbahaly we beýleki zynat zatlardan başga şahsy peýdalanylýan zatlar (mysal üçin, geýim, aýakgap we başgalar) är-aýalyň nikada duran döwründe olaryň umumy serişdeleriniň hasabyna edinilendigine garamazdan, är-aýalyň haýsy biri şol zatlary peýdalanan bolsa, olar şonuň hem şahsy eýeçiligi diýip ykrar edilýär.

Är-aýal başga biriniň öňündäki borçnamasy boýunça öz emlägi we umumy eýeçilikdäki emläkleri bölünende özüne düşýän paýynyň hasabyna jogap berýär. Haçan-da kazyýet borçnama boýunça alnan zadyň maşgalanyň bähbitleri üçin peýdalanandygyny anyklasa, onda är-aýalyň biriniň borçnamasy boýunça talap olaryň umumy eýeçiligindäki emlägleriniň hasabyna kanagatlandyrylyp bilner.

Är-aýalyň biriniň jenaýatçylykly hereketleriniň esasynda ýetirilen zyýanyň öwezi olaryň umumy eýeçiligindäki emläginiň hasabyna tölenilmeli edilip bilner, eger-de kazyýet şol emläkler jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan zatlar diýen netijä gelse.

Soraglar:

1. Haýsy ýagdaýlarda nika RÝNÝ edaralarynda ýatyrylyp bilner?
2. Kazyýetde nikany ýatyrmagyň aýratynlyklary nämeden ybarat?
3. Nika ýatyrylanda döwlet pajy kimden alynýar?
4. Resmi nika haçandan başlap ýatyryldy diýip hasaplanýar?
5. Är-aýalyň umumy emlägi diýip nämä düşünilýär?
6. Nikada duran wagtlarynda är-aýalyň şahsy emlägi bolup bilermi?

## Çyzgylar:


Nika ýatyrylýar
RÝNÝ edarasynda
Kazyýetde
RÝNÝ edarasynda nika şu esaslar boýunça ýatyrylyp bilner
Är-aýalyň ikisi hem nikalarynyň ýatyrylmagyna razy bolsa we olaryň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bolmasa
Är-aýalyň biriniň akylynyň üýtgänligi ýa-da kemligi sebäpli kämillik ukyby ýok diýip ykrar edilen bolsa
Är-aýalyň biri nam-nyşansyz ýiten diýip ykraı edilen bolsa
Är-aýalyň biri azyndan üç ýyl möhlete azatlykdan mahrum edilen bolsa


Kazyýetde nika ýatyrylanda onuň bilen bilelikde garalyp bilinýän talaplar
Çaga hossar hakyny tölemek
Çaganyň kim bilen ýaşamalydygyny kesgitlemek
Är-aýalyň umumy eýeçiligindäki emläkleri bölmek
Zähmete ukypsyz, mätäç aýalyna (ärine) kömek puluny bermek
Äri (aýaly) aradan çyksa
Kazyýet tarapyndan ölen diýlip yglan edilse
Diri wagtlarynda
RÝNÝ edarasynda
Kazyýetde
Nika ýatyrylýar

**Nika haýsy kazyýetde ýatyrylýar**

Jogapçynyň ýaşaýan ýerindäki kazyýetde

Talapçynyň ýaşaýan ýerindäki kazyýetde
(eger-de onuň kämillik ýaşyna ýetmedik çagasy bar bolsa ýa-da saglyk ýagdaýy pes bolsa)

**Äri talap arza bildirip bilmeýär**

Aýalynyň göwreli döwründe

Çagalary bir ýaşaýança

Bu kada aýala degişli däl. Şonuň üçin aýaly:

- Kazyýete islendik wagtda öz başlangyjy bilen talap arza bildirip bilýär;
- Äriniň talap bildirmegine razylyk berip bilýär.


Är-aýalyň şahsy emlägi
Nika girmänkä özüne degişli emlägi
Nikada döwründe miras ýa-da sowgat alnan emlägi
Goşmaça degişli edilip bilner
Umumy emläk edinmek üçin harçlanan şahsy emläk
Nika ýatyrylmazyndan öň är-aýalyň aýry ýaşan döwründe edinen emläkleri
Kazyýet umumy emläge şulary hem degişli edip biler
şular ýerinde goýulmalydyr
Är-aýalyň biriniň, özi üçin ýa-da maşgalanyň bähbidiniň tersine, beýlekisiniň razylygyny almazdan harçlan umumy emläge degişli zatlary
Maşgalanyň bähbidi üçin edilen bergiler
Şahsy emläge onuň bahasyny düýpli artdyrýan maýa goýlan bolsa (jaýyň durky täzelense, düýpli abatlansa we ş.m.)

**Sowalnama:**

(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)

**1. Nika haýsy edarada ýatyrylýar?**

- diňe kazyýetde;
- diňe RÝNÝ edarasynda;
- kazyýetde we RÝNÝ edarasynda;
- kazyýetde we kepillendiriş edarasynda (notariatda).

*Dogry jogaby tapyň.*

**2. Nika diňe RÝNÝ edarasynda ýatyrylýar, eger-de:**

- är-aýalyň biri nam-nyşansyz ýiten bolsa;
- är-aýalyň biri azatlykdan mahrum edilen bolsa;
- är-aýalyň biriniň akyly üýtgän bolsa;
- är-aýalyň ikisi-de nikanyň ýatyrylmagyna razy bolsa we kämillik ýaşyna ýeten çagalary bolmasa, özleriniňem goş bölmek, eklenmek üçin kömek puluny tölemek bilen bagly dawalary bolmasa.

*Dogry jogaby tapyň.*

**3. Aýal maşgalanyň göwreli döwründe ýa-da çagasy bolup ol hem bir ýaşyna ýetmedik bolanda, kanun kazyýetde nikany ýatyrmak barada iş gozgamaga:**

- düýbünden ýol bermeýär;
- aýala rugsat bermeýär;
- ärine rugsat bermeýär;
- ärine rugsat berýär, eger aýaly nikanyň ýatyrylmagyna razy bolsa.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**4. Nika ýatyrylanda haýsy talap kazyýetde garalyp bilinmez?**

- çagany başga biriniň terbiýeçiligine bermek;
- çaga hossar hakyny alyp bermek;
- çaganyň ejesi ýa-da kakasy bilen ýaşamalydygyny kesgitlemek;
- çaganyň ejesine eklenmek üçin kömek puluny alyp bermek.

*Dogry jogaby tapyň.*

**5. Kanuna ters gelýän pikir haýsy?**

- kazyýet är-aýaly ýaraşdyrmak niýeti bilen işi seljermäni birnäçe gezek yza çekip biler;
- kazyýetiň çözgüdi çykandan soň ýaraşyk mümkin däl;
- ýaraşyk möhleti alty aýdan geçmeli däl;
- kazyýet ýaraşyk möhletini gysgaldypda biler, eger maşgalany saklap galmak mümkin däl diýen netijä gelse.

*Dogry jogaby tapyň.*

**6. Nikanyň ýatyrylmagy resmileşdirilende döwlet pajy kazyýetiň çözgüdi esasynda:**

- kazyýete nikany ýatyrmak barada arza bilen ýüz tutandan alynýar;
- işe jogapçy hökmünde çekilen adamdan alynýar;
- är-aýalyň ikisindenem alynýar;
- kazyýetiň garamagyna görä är-aýalyň birinden ýa-da ikisindenem alynýar.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**7. Nika resmi taýdan haçan ýatyryldy diýip hasaplanýar?**

- kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýjüne giren gününden;
- kazyýetiň çözgüdi esasynda RÝNÝ edarasyna ýüzlenilen gününden;
- är-aýalyň biriniň ýa-da ikisiniň bilelikde RÝNÝ edarasyndan nikanyň ýatyrylanlygy baradaky şahadatnamany alan güninden;
- är-aýalyň ikisiniň bilelikde RÝNÝ edarasyndan nikanyň ýatyrylanlygy baradaky şahadatnamany alan güninden.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**8. Är-aýalyň arasynda döreýän şahsy gatnaşyklar esasynda:**

- aýaly hökman äriniň familiýasyna geçmeli;
- äri aýalynyň näme kär bilen meşgul bolmalydygyny kesgitlemeli;
- äri maşgala başy hökmünde ähli meseleleri özi çözmeli;
- nika bozulanda aýaly äriniň familiýasynda galyp ýa-da öňki familiýasyna geçip bilýär.

*Dogry jogaby tapyň.*

**9. Şu emläkleriň haýsy topary nikany ýatyrmak önümçiliginde är-aýalyň arasynda bölünip bilner?**

- hususy jaý, üç sany penjek, mebel garnitury;
- hususy jaý, telewizor, holodilnik;
- ata-enesine degişli mebel garnitury, awtoulag, hususy jaý;
- gymmat bahaly gyzyldan monjuk, holodilnik, üç sany penjek.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**10. Şu zatlaryň haýsysy umumy emläge girmeýär?**

- awtoulag;
- jaý;
- palto;
- gymmat bahaly ýüzük.

*Dogry jogaby tapyň.*

**11. Şahsy emläge degişli däl:**

- miras boýunça galan awtoulag;
- maşgalanyň puluna düýpli remont edilen äriniň jaýy;

- sowgat berlen kompýuter;
- nikadan öň edinilen telewizor.

*Dogry jogaby tapyň.*

**12. Kazyýet tarapyndan ölen diýlip yglan edilen äri (aýaly) ýedi ýyldan soň tapylypdyr. Kanun är-aýalyň nikasy öz-özünden dikeldilen diýip hasaplaýar, eger-de:**

- hakykatdan hem ölen diýlip yglan edilen tapylsa;
- ölen diýlip yglan etmek barada çözgüt ýatyrylsa;
- är-aýalyň beýlekisi başga resmi nika girmedik bolsa;
- är-aýalyň beýlekisi nikany dikeldilmegine garşy bolmasa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**13. Nika ýatyryldy diýlip hasaplanýar, eger-de:**

- kazyýetiň nikany ýatyrmak barada çözgüdi çykyp, degişli şahadatnama alnan bolsa;
- RÝNÝ edarasynda är-aýalyň biriniň ýa-da ikisiniň arzasy boýunça nikany ýatyrmak barada ýazgy geçirilip, degişli şahadatnama berlen bolsa;
- RÝNÝ edarasyndan är-aýalyň biri ölen diýip şahadatnama alnan bolsa;
- RÝNÝ edarasyna är-aýalyň biri resmi ýüzlenip, beýlekisiniň nam-nyşansyz ýitendigini mälim edip, ölen diýip şahadatnama alan bolsa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**14. Kazyýet tertibinde nam-nyşansyz ýiten diýlip yglan edilen adam tapylsa, ýatyrylan nika dikeldilýär, eger-de:**

- hakykatdan hem nam-nyşansyz ýiten adam tapylsa;
- nam-nyşansyz ýiten diýlip yglan etmek baradaky çözgüt ýatyrylsa;
- är-aýal başga nika baglaşmadyk bolsalar we olar nikany dikeltmek barada RÝNÝ edarasyna bilelikde arza berse;
- kazyýet nikany ýatyrmak barada öz çykaran çözgüdini ýatyrmaga garşy bolmasa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**15. Kazyýet nikany ýatyranda aýalynyň öý hojalykçy hökmünde hiç ýerde işlemändigini anyklady. Ol aýala umumy eýeçilikdäki emläkden paý berip bolýarmy?**

- ýok;
- hawa;
- hawa, eger-de äri razy bolsa;
- hawa eger-de çagalary bar bolsa.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**16. Umumy eýeçilikdäki emläk paýlananda aýalynyň (äriniň) paýy haýsy ýagdaýda nädogry artdyrylypdyr?**

- çaga ejesi bilen ýaşamaly diýip, aýalyň paýy artdyrylypdyr;
- äri agyr keselli diýip, onuň paýy artdyrylypdyr;
- äri işsiz gezip ýör diýip, onuň paýy artdyrylypdyr;
- ejesi bilen ýaşamaly çaga goşmaça ideg gerek diýip aýalyň paýy artdyrylypdyr.

*Dogry jogaby tapyň.*

**17. Är-aýalyň biriniň bähbidi bilen bagly borçnamada:**

- ol diňe öz emlägi bilen jogap berýär;
- ol umumy emlägiň hasabyna jogap berýär;
- ol öz emlägi we umumy emläkden özüne düşýän paýyň çäginde jogap berýär;
- ol öz emlägi we diňe ýakyn garyndaşlarynyň emläginiň hasabyna jogap berýär.

*Dogry jogaby tapyň.*

**Bellik:** Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw-usuly gollanmanyň ahyrynda berilýär.

## <u>IV hekaýa *Gijigen ökünç*</u>

…Ogluny alada edip, soňky bäş-alty günüň içinde meňzi saralan Feride kämillik ýaşyna ýetmedikler bilen bagly kanunçylygyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän prokuroryň kömekçisiniň talabediji nazarynyň öňünde barha ýygrylýardy. Durmuş tejribesiniň baýdygy garaýşyndan bildirip duran, ýaşy durugşan zenan, ynsanyň pes taraplary bilen günde-günaşa iş salyşmaga endik eden döwlet gullukçysynyň sowukganly äheňinde, Feridä sowal yzyna sowal berýärdi.

- Siz şol gün näme üçin öz ogluňyzyň ýeke özüni öýde galdyryp, onuň daşyndan gulplap gitdiňiz?!

Günäli başyny aşak salyp oturan Feride prokuroryň kömekçisiniň soragyna buýtar-suýtar jogap gaýtarjak bolup dodagyny müňküldetdi. Emma özüni parahat synçylyk bilen synlaýan gözleriň garaýşy sapalak atmaga ýer goýmaýardy.

- Ol eýýäm bäş ýaşady ahbetin. Öňem ýeke özüni goýup gidýärdim. Öz başyny özi çaraýardy. Gaz enjamynyň golaýyna-da barmaýardy… Onsoňam men oňa şol gün hem aşhana girmezligi berkden-berk tabşyrypdym…-diýip müýnli pyşyrdaýan Feride gabaklaryny götermäge het etmän, özüni aklamaga dyrjaşýan ýaly, üzlem-saplam jümleler bilen pessaý gepledi.

- Siz “öňem” diýmäň, “günde-günaşa” diýseňiz has takyk bolar. Onsoňam bäş ýaşly oglanjyk gijäniň bir wagtyna çenli öýde ýeke özi galsa, nirelerdedir bir ýerde gezip ýören ejesi hem dolanar çakda dolanmasa, ol ajygsa näme etmeli?

-Nirelerdedir bir ýerde däl…-diýip Feride ýene-de özüni ysgynsyz aklamaga çytraşdy.

- Ol näme üçin dälmişin?! Biz siziň ähli goňşularyňyzdan düşündirişler aldyk. Siz hiç ýerde işlemeýärsiňiz. Her gün hem ir bilen öýňüzden çykyp gidip, ýarygijeden soň gelýärsiňiz, kä günler bolsa öýňüze bir gije-gündizläp dolanmaýan wagtyňyz hem bolýar. Oglanjyk bolsa, haçan görseň gözleri ýoluňyzda intizar, üçünji gatdaky öýüňiziň eýwanyndan boýunjygyny çykaryp, garap durýar. Siziň özüňizi alyp barşyňyz, oglanjygyň terbiýesine düýbünden üns bermeýändigiňiz barada goňşularyňyz birnäçe gezek etrabyň hossarlyk we howandarlyk edaralaryna ýüz tutupdyrlar, polisiýanyň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işlerine gözegçilik bölümi tarapyndan siziň özüňizdenem, goňşularyňyzdanam bu ýagdaýlar barada düşündirişler alnypdyr. Birnäçe gezek siz bilen söhbetdeşlik geçirilip, çaga babatda sowuk-salalyga, biperwaýlyga ýol bermezlik hakynda duýdurylypdyr, öz ýaramaz endikleriňizi taşlamak hakynda maslahat berlipdir. Emma siz muňa garamazdan öz şady-horram durmuşyňyzy dowam edipsiňiz. Iň soňunda-da siziň ahlaksyzlygyňyz çaganyň şeýle agyr hala düşmegine getirdi…Ine, siziň ýaşaýan çägiňizdäki ýaşaýyş jaýlaryna hyzmat ediş edarasyndan, polisiýanyň ýerli wekilinden siz barada häsiýetnamalar alyndy. Goňşularyňyzdan düşündirişler toplandy. Hiç haýsy hem sizi oňat tarapdan häsiýetlendirmeýärler. Onsoň bu ýagdaýlara nädip düşünmeli?! Siz asla öz keýpi-sapaňyzdan başga zat hakynda oýlanyp bir görýärsiňizmi? Dünýä indereliňiz bäri çaga hakynda çynlakaý pikir edip bir gördüňizmi?!...

Feridäniň bu zabun hem bolsa juda adalatly soraglara berere jogaby ýokdy. Şonuň üçinem ol kelam agyz geplemän, kellesini boýnunyň içine gidiräýjek bolup, ýegşerilip oturyberdi. Tolgunýandygy äheňinden bildirip ugran prokuroryň kömekçisi bolsa özüne basalyk bermek üçin sözüne biraz dyngy berdi-de, sähel salymdan soň ýene-de dowam etdi:

-Şu gün ogluňyzy etrap häkimliginiň hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň işgärleri hassahanadan alyp gaýdarlar we häzirlikçe çagalar öýüne ýerleşdirerler. Hernä, Hudaýa şükür, ogluňyz nahar gyzdyrynmakçy bolup, gaz plitany ýakanda, aşhana düşen ot öte tutaşyp ýetişmänkä, howluda duran goňşularyňyz penjireden oduň ýalnyny görüp, wagtynda ýetişäýipdirler. Gapyňyzyň çalamydarlygy hem gowy zat! Demir bölegi bilen bir gezek uranlarynda döwlüpdir. Oduň howry oglanjygyň endamyna düýpli täsir etmändir…

Prokuroryň kömekçisi göýä özüniň indiki aýtjak zatlary has wajyp bolandygy zerarly, olary oňatja edip ölçerip-kesýän ýaly, ýene-de dymdy. Birsellem geplemän Feridäni synlandan soň hem üstüne goşdy:

-Indiki hepde etrap prokurory sizi ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek barada talap arza bilen kazyýete ýüz tutar!

Aýdylan sözler birbada Feridäniň aňyna ýetmedi. Haçan-da olary aňynda aýlanda bolsa ol tisgindi-de, gobsunyp gitdi:

-Näme üçin?-diýende onuň kepän agzyna ýelmeşen dili zordan aýlandy.

-Kanuna laýyklykda eger, ata-enäniň özleriniň çagalaryny terbiýelemek baradaky borçlaryny ýerine ýetirmekden yzygiderli boýun gaçyrýanlygy, şonuň ýaly-da olaryň özleriniň jemgyýete ýat bolan bozuk gylyk-häsiýeti bilen çagalara zyýanly täsir edýänligi we kanunda görkezilen beýleki ýagdaýlaryň bardygy takyklanylsa, ata-ene ýa-da olaryň biri ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilip bilinýär-diýip prokuroryň kömekçisi Feridäniň galagoplukdan doly sowalyna, kanunyň guraksy, ýöne düşnükli hem anyk sözleri bilen jogap gaýtardy.

Bu sözler Feridäniň ýüzüne şarpyk bilen urlan ýaly täsir etdi. Onuň girre gahary geldi. Ol nädip:

-Ol nähili „bozuk gylyk-häsiýet“ bolýarmyş? Men näme edipdirin?!-diýip sesini gataldandygyny özem duýman galdy.

Feridäniň garşysynda oturan zenan öňünde, kitabyň üstünde duran äýnegini dakyndy-da, Feridä siňe-siňe seretdi. Eliniň astynda duran iş kagyzlaryny topbagy bilen galdyryp, bir gyra süýşürdi:

-Bagyşlaň welin, hormatly raýat, eger-de günde bir erkek kişi bilen bolup ýörmek, bäş ýaşlyja, suw ýaly çagany gijeden-gijä ýalňyz goýup, nirede aýdym-sazly şagalaň-şowhun barka diýip entemek, çaganyň terbiýesini başyndan aýlap urmak, duýdurylanyna-düşündirilenine baş galdyrman, edeniňi etmek bozuk gylyk-häsiýet bolmasa, onda siziň pikiriňizçe, näme şol kesgitlemä laýyk gelýärkä?! Çaga bäş ýaşapdyr. Heniz düzüwli gepläbem bilmeýär. Deň-duşlary bilen oýnamagyň nämedigine bolsa asla düşünmeýärem... Ýeri bolýar-la!

Aşa tolgunyp ugran prokuroryň kömekçisi äýnegini aýyrdy-da, rahatlanmak üçin uludan demini aldy. Soňam sözüni jemledi:

- Men siziň kazyňyz däl! Biz siz barada-da, siziň durmuşyňyz barada-da ähli zerur maglumatlary topladyk, indi kazyýet çözer. Gidip bilersiňiz. Sizi kazyýete

çagyrarlar.

Feride edil alasarmyk düýşde gezip ýören ýaly, özüniň näme edýändigini-de aňşyrman, köçä çykdy. Köçeden eýläk-de-beýläk, ibirt-de-zibirt gatnaýan ulaglara elini galdyryp ugrady. Birdenem özüniň nirä, näme üçin gitmekçi bolýandygyny bilmeýändigine düşündi.

„Nirä barýaryn? Näme üçin?“ diýen lapykeçlikden doly pikir onuň kalbyny haňlap ýatan boşlukdan doldurdy. Öýünde oguljygynyň ýokdugy ýadyna düşdi. Oguljygynyň solgun keşbi, her gün: „Bar, içki otagda otur-da, telewizor gör!“ diýip işikden çykyp barýarka jabjynanda, ojagazyň: „eje jan, bahymrak yzyňa geläý-dä!“ diýip yzyndan zarynlap galýan inçejikden näzijek owazy, daňa ýakyn serhoş meýlisden soň gözlerini gyzardyp, öýüne dolananda oguljygynyň ukuly gözlerini açalak-ýumalak edip, boýnuna böküşi, her gezek ogluna üns berip seredende, onuň gün-günden bir almany iki bölen ýaly Gadyra meňzäp barýandygy üçin gaharynyň gelşi, Gadyr ýadyna düşüp, ýersiz-ýere yrsarap, oglanjyga käýinişi... Bu zatlaryň bary hyýalynda janlananda Feridäniň gözleriniň öňi garaňkyrap gitdi. Eger-de kazyýet prokuroryň talabyny kanagatlandyraýsa özüni dagy-duwara ogluna ýakynlaşdyrmajakdyklary hakyndaky pikir kellesine gelende bolsa Feridäniň başy hyrra aýlandy. Ol zordan köçäniň gyrasyna süýşdi-de, özüniň näme edýändigini-de saýgarman, ýoluň gyrasyndaky betona lampa çökdi. Birsellem doňňara-daşa dönüp oturdy.

Birhaýukdan soň ol pyýada ýodasy bilen barýan ötegçileriň ünsüni çekdi. Olaryň ýüregi ýukaraklary togtap, Feridäniň ýanyna geldiler:

-Dogan, näme bolýar?! Belki, „Tiz kömege“ jaň etmelidir?!

Düýbünden nätanyş adamlaryň rehimi Feridäniň gatap daşa dönen kalbynyň doňuny çözdi. Ol ysgynsyz başyny ýaýkap:

-Ýok, ýok, hiç zat gerek däl. Häzir demimi dürsäp, ýerimden turaryn-diýende, onuň gözlerinden ajy gözýaşlar paýraşyp gitdiler. Birdenem onuň dodaklary öz-özünden kemşerdiler-de, ol özüne haýpygelijilik bilen garaýan adamlaryň ýanynda durandyklaryny-da unudyp, hamsygyp, aglap ugrady. Onuň gözýaşlaryna gatylyp-garylýan:

-Näme etdiň ahyry? Näkes Gadyryň aryny bigünä çagajykdan aljak bolduňmy? Näme etdiň ahyry?! Näme etdim ahyry men, näme etdim! Alla jan men bendäň günäsini geçewer, gör, men nämeler edipdirin ahyry!-diýen pyşyrdysyna bolsa töweregini gallap, başagaý bolup, oňa ýerli-ýerden kömek etmäge, ony köşeşdirmäge çalyşýan adamlaryň hiç biri hem düşünmedi...

...Birnäçe wagtdan soň kazyýetiň çözgüdi bilen Feride ata-enelik hukuklaryndan mahrum edildi...

## IV hekaýanyň seljermesi:

***Hukuk nukdaýnazaryndan:***

Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmegiň tertibi Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 70-79-njy maddalarynda düzgünleşdirilýär. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmeklik kazyýet tertibinde amala aşyrylýar.

Feride Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 70-nji maddasyna laýyklykda ene hökmünde çagasyny terbiýelemek borjuny göwnejaý ýerine ýetirmänligi hem-de özüniň bozuk gylyk-häsiýetleri bilen ogluna ýaramaz täsir edenligi üçin ata-enelik hukuklaryndan mahrum edildi.

Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek bilen ýokarda agzalan kodeksiň kadalaryna laýyklykda, birnäçe hukuk ýagdaýlary döreýär. Olar bilen okuw-usuly gollanmanyň „Hukuk maglumatlary“ bölüminde giňişleýin tanşyp bilersiňiz.

Iň esasy bellemeli zat, ol hem Feridäniň dogry durmuş ýoluna düşen halatynda, kazyýet tarapyndan onuň mahrum edilen enelik hukugynyň dikeldilmeginiň mümkinçiliginiň bardygy.

***<u>Ahlak nukdaýnazaryndan:</u>***

Feridäniň ahlak keşbi barada hekaýada örän jikme-jik beýan edilýär. Enelik hukuklaryndan mahrum edilmegine onuň ahlak taýdan bozuklygy sebäp bolýar. Her bir adam jemgyýetiň agzasy. Onuň erbet işleri-de, gowy işleri-de daş-töweregini gurşaýan jemgyýete täsir edýär. Şonuň üçin Feridäniň ahlaksyz hereketleri hem diňe bir onuň öz maşgalasyna, öz çagasyna däl-de, eýsem goňşularyna, tanyş-bilişlerine-de ýaramaz täsir edýär. Hekaýada Feridäniň hiç ýerde işlemeýändigine hem üns berilýär. Zähmet her bir adam üçin iň zerur hökmanylyklaryň biri. Zähmet adamyň ruhy dünýäsini kämilleşdirýär, ony terbiýeleýär. Onuň özüni sagdyn duýmagyny üpjün edýär. Işsiz, ýalta, gününi keýpi-sapada geçirýän bikär adam islendik jemgyýetde-de ýazgarylýar. Ata-babalarymyz „Bikärden taňry bizar“ diýipdirler. Feridäniň ahlak taýdan bozuklygyna barýan ýodanyň ilkinji ädimleriniň hem bikärlikden başlandygyny çaklamak bolar.

Görkezilenlerden başga-da, hekaýada Feridäniň ogluny daşary çykarman, dört diwara gabap goýýandygy hem beýan edilýär. Çaga deň-duşlary bilen oýnamaýar, çagalar bagyna gitmeýär, ejesi onuň ýanynda bolmaýar. Onsoň şeýle şertleriň çaganyň ruhy dünýäsiniň göýdükmegine getirjekdigi öz-özünden düşnükli zatdyr. Munuň şeýledigi barada hekaýada-da ýaňzydylýar. Prokuroryň kömekçisi Feridäniň bäş ýaşly çagasynyň düzüwli gepläp bilmeýändigini aýdýar. Eýýäm munuň özi çaganyň ösüşiniň deň-duşlaryndan yza galýandygyny aňladýar.

Ýöne hekaýanyň ahyrynda Feridäniň öz ýalňyşyna düşünip giç hem bolsa ökünçli duýgulary başyndan geçirmegi, onuň ynsana mahsus bolan oňat ahlak sypatlarynyň doly ýok bolup gitmändigini, onuň özüne erk edip, dogry ýola düşen halatynda gaýtadan kämil ahlaklylygyny, päk at-abraýyny dikeldip biljekdigini subut edýär. Ata-babalarymyz: „Hiçden giç ýagşy“, „Azaşan yzyny tapsa ýagşy“ diýipdirler. Feride üçin dogry ýola düşmeklige henizem bir pille.

Gurbannazar Ezizow meşhur şygyrlarynyň birinde adamyň öz-özüniň zergäridigini, dünýä inen pursadyndan tä amanadyny tabşyrýança adamyň öz-özüni ýonup ýörmelidigini nygtaýar. Feridäniň öňünde-de özüni gaýtadan terbiýelemekligiň hupbatly hem bolsa, ýeterlik erk-isleg, tutanýerlilik bolan halatynda üstünlik bilen tamamlanjak ýoly ýatyr. Şol ýoly üstünlik bilen geçmek bolsa onuň diňe bir öz öňündäki däl-de, eýsem onuň günäsi bilen enesiz galan

çagasynyň öňündäki borjy. Sebäbi onuň enelik hukugyny dikeldip, çagasyny yzyna gaýtaryp almagy üçin dogry ýola düşmegi we özüni jemgyýetde ýokary ahlakly şahsyýet hökmünde ykrar etdirmegi zerur.

Dünýäde lapykeçlikden, sussypeslikden erbet duýgy ýok. Ruhubelentlik adama öz ýolunda döreýän ähli bela-beterleri ýeňip geçmäge güýç-kuwwat berýär. Feride üçinem durmuş dowam edýär. Eger-de ol özüniň göwniçökgünligini, ýaşlygyndaky ýalňyşlygyna, Gadyryň pesligine gahar edip, „Alynyň aryny Ahmetden almagyny“ dowam etse, onuň has çökder belalara uçramagy, iň soňunda-da edýän hereketleriniň jenaýata ýazmagy mümkin.

***__Durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan:__***

Her bir adam öz durmuşyny özi gurnaýar. Eger-de adam päilini-niýetini bozup, ýamanlygyň yzyna ýamanlyk tirkäp barsa ýa-da biperwaýlyk bilen bir özüni bilen özgeleriň isleg-arzuwlaryny, duýgularyny hasaba alman, edenini edip ýörse, ahyry onuň başyndan bela injekdigi göz-görteledir. Ata-babalarymyz: „Päl azman bela gelmez“ diýýärler. Feridäniň hem gahar-gazapdan, öýke-kineden, ynamynda aldanmakdan ýaňa päli azýar. Ol durmuşda esasanam aýal maşgalalar üçin iň bir agyr ahlak günäsi hasaplanýan bozuklyga baş goşýar. Haram keýpi-sapanyň yşgyna düşüp, bigünä çagasyny sözüň hakyky manysynda oda berýär. Öň ataly ýetim çagasyny eneli ýesir goýup, iň soňunda-da onuň güler ýüzüni görmekden hem mahrum bolýar.

Ýaşlygynda eden ýalňyşlygy bilen ile gürrüň bolanyny ýuwup-ýylmap, özüniň päk ahlaklylygy bilen abraý gazanmagyň tersine, öňküdenem beter göz-gülban bolýar. Il-günüň öňünde abraýdan düşmegiň ahyrky derejesine baryp ýetýär. Iň soňunda-da onuň eden günä işleri çaganyň başyndan betbagtlyk bolup inýär. Ýeke özi öýde galdyrylan çaga öz başyny çarajak bolup, oda seresapsyz çemeleşmeginiň netijesinde şikes alýar, onuň saglygyna zeper ýetýär.

Ýöne ýokarda bellenip geçilişi ýaly, „Zeleliň ýarysyndan gaýtmagam bir peýda“. Edil özüniň at-abraýyny dikeltmek, ruhy dünýäsini kämilleşdirmek üçin mümkinçiliginiň bolşy ýaly, Feridäniň durmuşyny dikeltmäge-de ähli mümkinçilikleri bar. Munuň üçin ol diňe özüni ele alyp, işe ýerleşmeli. Halal zähmet çekip, özüniň ýaramaz endiklerinden saplanmaly. Enelik hukuklaryndan mahrum edileni bilenem oňa öz çagasyna ähli tarapdan, şol sanda maddy taýdan goldaw bermekligi hiç kim gadagan etmeýär. Hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygy bilen olaryň duşuşmaklary çaga ýaramaz täsir etmejek bolsa, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilene çaga bilen duşuşmaklyga rugsat berilýär. Feridäniň hem öz çagasy bilen duşuşmaga mümkinçiligi bar. Ol çagasynyň saglygyny dikeltmekligiň hem aladasyny etmeli. Adamlaryň bolsa oňa hemme tarapdan goldaw berjekdikleri hekaýanyň ahyrynda-da görkezilýär.

## Hukuk maglumatlary:

***Ata-enäniň çagalaryny terbiýelemek hem-de onuň ýaşajak ýerini kesgitlemek bilen bagly hukuklary we borçlary***

Ata-enäniň çagalaryny terbiýelemek hukugy we şol bir wagtda-da borjy emläk bilen bagly bolmadyk gatnaşyklaryň esasysydyr. Ata-enäniň ikisi-de, olaryň nikada durýandyklaryna ýa-da durmaýandyklaryna garamazdan, özleriniň çagalarynyň saglygy, fiziki, ruhy we ahlak tarapdan ösmekleri, olaryň bilim almaklary barada alada etmäge, olary jemgyýete peýdaly zähmete taýýarlamaga deň derejede borçludyrlar we şol bir wagtda-da hukuklydyrlar.

Ata-enelik hukuklary diňe çagalaryň bähbitlerine laýyk ulanylmalydyr. Eger-de ata-eneler (olaryň biri) çagalaryny terbiýelemek boýunça borçlaryny degişli derejede ýerine ýetirmeseler ýa-da olary hyýanatçylykly ulansalar, çagalar öz hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramaklygy talap edip hossarlyk we howandarlyk edarasyna ýüz tutup bilýärler.

Çagalary terbiýelemeklige degişli ähli meseleler, ata-enäniň ikisiniň-de gatnaşmagynda, ylalaşyp çözülmelidir. Mysal üçin, ata ýa-da ene beýlekisiniň razyçylygy bolmasa, tomus döwründe çagany garyndaşlaryna ýa-da dynç alyş merkezlerine ibermäge haky ýokdur. Terbiýe baradaky jedelli meseleler, ata-eneleriň gatnaşmagynda hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan çözülmelidir.

Eger nikanyň bozulmagy zerarly ýa-da başga sebäplere görä ata-ene bile ýaşamaýan bolsalar, onda kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň kimiň ýanynda ýaşamalydygy ata-enäniň ylalaşmagyna baglydyr. Ata-enäniň arasynda ylalaşyk bolmadyk halatynda, jedel çagalaryň bähbitlerinden ugur alnyp, olaryň islegini göz öňünde tutup, kazyýet tarapyndan çözülýär.

Çaganyň ata-enesiniň haýsysy bilen ýaşamak isleýändigini kazyýet onuň ýaş we ösüş aýratynlyklaryny nazara alyp anyklajak bolmaly, ýöne çaganyň islegi kazyýet üçin hökman däldir, eger-de ol çaganyň islegi onuň bähbidine ters gelýär diýen netijä gelse.

Şunuň ýaly jedelleri çözende, kazyýet ata-enäniň haýsysynyň çagalar barada has oňat alada edýänligini, çaganyň olaryň haýsy birine has uly hormat goýýanlygyny we ýakynlygyny, ata-enäniň şahsy sypatlary we olaryň haýsy biriniň çagalary terbiýelemek üçin gerekli şertleri döredip biljekdiginden ugur alýar. Bu meselede kazyýete hossarlyk we howandarlyk edarasy kömek berýär.

Çagalaryndan aýry ýaşaýan ata ýa-da ene olary terbiýelemäge gatnaşmaga borçludyr we olar bilen görüşmäge hukugy bardyr. Çagalary bilen bile ýaşaýan enäniň ýa-da atanyň çagalaryndan aýry ýaşaýan atanyň (enäniň) öz çagalaryny görmegine we olar bilen duşuşmagyna, şeýle hem olary terbiýelemeklige gatnaşmagyna päsgel bermeli däldir.

Şu ýagdaýlar babatda jedel ýüze çyksa, ol hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan ata-enäniň gatnaşmagynda, çaganyň bähbitlerinden ugur alnyp çözülýär, ýagny haýsy wagtda we nähili ýagdaýda aýry ýaşaýan ata (ene) çaga bilen duşuşmalydygy bellenýär.

Hossarlyk we howandarlyk edarasy çagasyndan aýry ýaşaýan atany (enäni) belli bir möhlete onuň bilen duşuşmagyny gadagan edip biler, eger-de bu çaganyň kadaly terbiýelenmegine päsgel berýän ýa-da ýaramaz täsir edýän bolsa.

Hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çagany terbiýelemek baradaky görkezen tertibi ýerine ýetirilmedik halatynda, jedel kazyýet tarapyndan hossarlyk we howandarlyk edarasynyň ýa-da ata-enäniň biriniň arzasy boýunça gutarnykly çözülip bilner. Kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmeýän ata-enä kanunalaýyk çäre görülýär. Haçan-da kazyýetiň çözgüdi göz-görtele ýerine ýetirilmese, onda çagasyndan aýry ýaşaýan ata (ene) çagany öz terbiýeçiligine bermeklerini kazyýetden talap edip bilýär.

Çagany hiç bir kanuny esas bolmazdan ýa-da kazyýetiň çözgüdi ýok ýagdaýynda özünde saklaýan adamlardan ata-ene onuň yzyna gaýtarylmagyny talap edip bilýärler. Bu meselede jedel ýüze çykan halatynda ata-ene kazyýete ýüzlenip bilýär. Eger çaganyň ata-enesine berilmegi onuň bähbitlerine ters gelýär diýen netijä gelse kazyýet çagany yzyna gaýtarman bilýär.

## ***Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek***

Ata-enelik borçlary ýerine ýetirilmedik halatynda ýa-da ata-enelik hukuklary hyýanatly ulananda ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek barada mesele döreýär. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmeklige birnäçe ýagdaýlar esas bolup biler. Mysal üçin, çagalary gözegçiliksiz galdyrmak, olar barada alada etmezlik, çaganyň okuwyna päsgel bermek, olary dilegçilik-gedaýçylyk etmäge gönükdirmek, çagalary jenaýatçylyk etmek üçin ulanmaklyk, olara zalymlyk etmek, ata-enäniň özüni ahlaksyz alyp barmagy ýa-da jemgyýete garşy hereketlere baş goşmaklygy we ş.m.

Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 70-nji maddasynda ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmegiň esaslary şeýle kesgitlenýär. Ata-ene ýa-da olaryň biri çagalaryny terbiýelemek borçlaryny ýerine ýetirmeseler, şol sanda öz çagalaryny çagalar edaralaryndan almakdan ýüz öwürseler ýa-da ata-enelik hukuklaryndan hyýanatly peýdalansalar, çagalaryna rehimsiz garasalar, öz ahlaksyz, jemgyýete garşy hereketleri bilen olara ýaramaz täsir etseler, gutaran arakhor ýa-da neşekeş bolsalar ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilip bilner.

Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek kazyýet tertibinde amala aşyrylýar. Kazyýete talap arza bilen degişli döwlet edaralary, jemgyýetçilik guramalary, ata-enäniň biri, çaganyň hossary (howandary), şeýle-de prokuror ýüzlenip bilýärler. Özi-de işe garalanda çaganyň bähbitlerini doly we hemmetaraplaýyn goramak üçin, kazyýet mejlisine prokuroryň hem-de hossarlyk we howandarlyk edarasynyň gatnaşmagy hökmandyr. Bähbidi goralýan çaga adatdan daşary ýagdaý bolmasa kazyýet önümçiligine gatnaşdyrylmaýar. Iş seljerilende ata-enäniň hereketlerinde jenaýatyň alamatlary ýüze çykarylsa, kazyýet bu barada prokurora habar berýär ýa-da özi jenaýat işini gozgaýar. Kazyýet ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek barada çözgüt çykaranda, çaganyň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen atasyndan (enesinden) çagasyna hossar hakyny almaly edýär.

Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenler çaga bilen baglanyşykly ähli garyndaşlyk esasynda döreýän hukuklaryny (çagasyndan hossar hakyny almak, çagany terbiýelemek we ş.m.) ýitirýärler. Şeýle hem ata-enäniň öz çagalary bilen bilen bile ýaşamagy mümkin däl diýip hasap edilse, onda kazyýet hossarlyk we howandarlyk edarasynyň arzasy boýunça, olara başga jaý bermezden jaýdan çykaryp bilýär.

Muňa garamazdan, ata-ene öz çagasyny eklemek borjundan boşadylmaýar. Galyberse-de, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygy boýunça ata-ene çaga bilen görüşmäge rugsat berlip bilner, sebäbi kanunda ata-enelik hukuklaryny gaýtadan dikeltmek mümkinçiligi göz öňünde tutulandyr. Kazyýet ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenleriň öz çagalaryna garaýyşlarynyň düýpli üýtgändigini subut edip bilen halatlarynda, olaryň ata-enelik hukuklaryny dikeldip bilýär, elbetde, eger-de çaga perzentlige alynmadyk bolsa.

Eger-de çaganyň ata-enesiniň ikisi-de ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen bolsalar, onda çaga hossarlyk we howandarlyk edarasyna terbiýelenmäge berilýär.

Kazyýet çaganyň ata-enesi ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenine-edilmänligine garamazdan ony ata-enesiniň elinden alyp, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň terbiýelemegine berip bilýär, eger-de çaganyň ata-enesiniň (hakykat ýüzündäki terbiýeleýjisiniň) elinde galdyrylmagy onuň üçin howply diýen netijä gelse.

Kanun aýratyn halatlarda, ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmezden hem çagalary ata-enäniň ýa-da olary hakykat ýüzünde terbiýeleýänleriň elinden gaýragoýulmasyz ýagdaýda almak mümkinçiligini göz öňünde tutýar. Bu wagtlaýyn çäre bolup durýar we çagalaryň janyna ýa-da saglygyna howp dörän halatlarynda hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çözgüdiniň esasynda amala aşyrylyp bilner. Mysal üçin, çaganyň ata-enesi agyr kesele duçar bolanlarynda.

Bu ýagdaýda hossarlyk we howandarlyk edarasy haýal etmän prokurory habarly etmeli hem-de ýedi günüň içinde ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek ýa-da olardan (ondan) çagany almak barada kazyýete talap arza bildirmäge borçludyr.

Eger-de ýüze çykan ýagdaýlar aradan aýrylsa, onda kazyýet ata-enäniň ýa-da prokuroryň talap arzasy boýunça çaganyň bähbitlerinden ugur alyp, çagany ata-enesine gaýtaryp bermek barada çözgüt çykaryp biler.

Çagany bermek we ony ata-enesinden ýa-da hakykat ýüzünde terbiýe berýän adamdan almak barada kazyýetiň çözgüdi kazyýet ýerine ýetiriji tarapyndan hossarlyk we howandarlyk edarasynyň gatnaşmagynda amala aşyrylýar.

Soraglar:

1. Çagalaryndan aýry ýaşaýan ata (ene) öz çagasyny ekläp-saklamaga we terbiýelemäge borçlumydyr?
2. Ata-ene haýsy ýagdaýlarda ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilip bilner?
3. Çagany ata-enesiniň elinden olary ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmezden almaklyk näme?

**Çyzgylar:**


Ata-enäniň çagalary bilen gatnaşygy
Ata-enäniň çagalary babatda hukuklary deňdir. Nikanyň ýatyrylmagy muňa täsir etmeýär.
Ata-ene bile ýaşamaýan bolsalar, çaga kim bilen ýaşamaly diýen meseläni olar ylalaşyp çözmeli. Ylalaşyk bolmasa jedeli kazyýet çözýär.
Bu meselede kazyýet çaganyň kim bilen ýaşamak isleýändigini anyklajak bolmaly. Ýöne onuň islegi kazyýet üçin hökman däl. Çaga öz bähbidine düşünmän biler.
Ata-ene çagalary bilen bagly ähli meseleleri bilelikde çözmeli. Jedel ýüze çykanda hossarlyk we howandarlyk edarasy goşulýar.
Çagasy bilen bilelikde ýaşamaýan ata ýa-da ene ony terbiýelemäge gatnaşmaga borçly.
Çagasy bilen bile ýaşaýan ata ýa-da ene beýlekisiniň çagasy bilen duşuşmagyna we onuň terbiýelenişine gatnaşmaga päsgel bermeli däl.


Ata-enäniň gutaran arakhor ýa-da neşekeş bolmagy
Çagasyna rehimsiz garamagy
Ata-enelik hukuklaryndan hyýanatçylykly peýdalanmak
Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek üçin esaslar
Çagasyny terbiýelemek borjuny ýerine ýetirmezligi
Ahlaksyz, jemgyýete garşy hereketler bilen çaga ýaramaz täsir etmek
Çagasyny çagalar edaralaryndan öz terbiýeçiligine almakdan ýüz öwürmek
Prokuroryň
Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek barada işe garalanda çaganyň bähbitlerini doly, dogry we adalatly goramak üçin şularyň kazyýet mejlisine gatnaşmagy hökmandyr
Hossarlyk we howandarlyk edarasynyň

## Sowalnama:

(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)

1. **Ata-ene haýsy ýagdaýda ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilip bilinmez?**
   - gutaran arakhor bolsa;
   - bilgeşleýin çaga hossar hakyny tölemese;
   - keselliligi sebäpli çagasyna seredip bilmese;
   - çagany gedaýçylyk-dilegçilik etmek üçin ulanýan bolsa.

   *Dogry jogaby tapyň.*

2. **Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adam haýsy hukuklardan peýdalanyp biler?**
   - çagasyndan hossar hakyny almak hukugyndan;
   - çagasyna hossar haky tölemek hukugyndan;
   - çagasynyň mirasdüşeri bolmak hukugyndan;
   - çagasyny terbiýelemek hukugyndan.

   *Dogry jogaby tapyň.*

3. **Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adam:**
   - çagasy bilen duşuşmaga şert döredilip bilner;
   - şol bir wagtda başga jaý bermezlik şerti bilen jaýdan çykarylyp bilner;
   - şol bir wagtda azatlykdan mahrum edilip bilner;
   - ata-enelik hukugynda gaýtadan dikeldilip bilner.

   *Nädogry jogaby tapyň.*

4. **Çaganyň ata-enesi aýry ýaşaýarlar. Her haýsy-da çagany özünde galdyrasy gelýär. Bu ýagdaýda çaganyň kim bilen ýaşamalydygyny kim kesgitleýär:**
   - çaganyň özi;
   - ylalaşyp, çaganyň ata-enesi;
   - kazyýet;
   - hossarlyk we howandarlyk edarasy.

   *Dogry jogaby tapyň.*

5. **Çaga hiç bir dahyly bolmadyk är-aýal ony gizlinlik bilen özlerine alyp, terbiýeläp ýörler, çaganyň ata-enesi ony yzyna alyp bermek barada kazyýete talap arza bildirýärler. Kazyýet nähili hereket etmeli?**
   - çagany hökman ata-enesine gaýtaryp bermeli;
   - bildirilen talap çaganyň bähbitlerine ters gelse, ony hakykat ýüzünde terbiýe berýänlerde galdyryp biler;
   - çagany hökman hossarlyk we howandarlyk edarasynyň idegine bermeli;
   - çagany hökman ata-enesine gaýtaryp bermeli hem-de çagany birugsat alanlaryň garşysyna jenaýat işini gozgamaly.

   *Dogry jogaby tapyň.*

**6. Şularyň haýsysy ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek üçin esas bolup bilmez?**

- atasy çagasyna neşe çekmekligi öwredipdir;
- atasy çagasyny yzygiderli ýenjip, saglygyna zyýan ýetiripdir;
- ejesi çagasyna gedaýçylyk etdirýär;
- ata-enesi çagasyna diýen gyzyna öýlenmäge rugsat bermeýärler, ol hem öz janyna kast edýär.

*Dogry jogaby tapyň.*

**7. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek işine garalanda kazyýet atasynyň hereketlerinde jenaýatyň alamatlaryny ýüze çykarypdyr. Kazyýet nähili hereket etmeli?**

- jenaýat işini gozgamaly;
- prokurora habar bermeli;
- jenaýat işini gozgamaly ýa-da prokurora habar bermeli;
- bu iş boýunça diňe ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek meselesini çözmeli.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**8. Kanunda ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek üçin şol sanda şular esas bolup biler:**

- ata-enäniň çagalaryny terbiýelemekden boýun gaçyrmagy;
- ata-enäniň hukuklaryny hyýanatçylykly peýdalanmagy;
- ata-enäniň günde ertirden agşama çenli işe gidip, çagalaryny yzygiderli, goňşularynyň ýa-da garyndaşlarynyň garamagynda galdyrmagy;
- ata-enäniň özleriniň jemgyýete ýat bolan bozuk gylyk-häsiýeti bilen çagalara zyýanly täsir etmegi.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**9. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adamyň çagasy perzentlige berlenden soňra ol çaga bilen duşuşyp bilýärmi?**

- hawa, islän wagty;
- ýok;
- hawa, ýöne her gezek hossarlyk we howandarlyk edarasyndan rugsat almaly;
- hawa, ýöne her gezek çaganyň ýaşaýan ýeriniň etrap prokuroryndan rugsat almaly.

*Dogry jogaby tapyň.*

**10. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adamyň çagasy perzentlige berlende onuň razylygyny almak hökmanmy?**

- ýok;
- hawa;
- hawa, eger-de ol dogry ýola düşen bolsa;

- ýok, eger-de prokuror çagany perzentlige almak üçin rugsat beren bolsa.

*Dogry jogaby tapyň.*

**11. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edýär:**

- hossarlyk we howandarlyk edarasy;
- prokuror;
- kazyýet;
- etrap ýa-da şäher häkimi.

*Dogry jogaby tapyň.*

**12. Ata-enäniň öz çagalary babatynda ähli meselelerde hukuklary we borçlary:**

- doly deňdir;
- deňdir, ýöne çaga ata-enäniň biri bilen ýaşaýan bolsa, onda oňa goşmaça hukuklar berilýär;
- deň däldir, kanun elmydama çaganyň ejesine artykmaçlyk berýär;
- deň däldir, kanun maddy taýdan has üpjün ata (enä) artykmaçlyk berýär.

*Dogry jogaby tapyň.*

**13. Çagasyndan aýry ýaşaýan ata (ene) öz çagasyny ekläp-saklamaga we terbiýelemäge gatnaşmalymy?**

- ýok, bu borç diňe çaga bilen bilelikde ýaşaýan enäniň (atanyň) üstüne ýüklenýär;
- hökman, eger çaga bilen bile ýaşaýan enäniň (atanyň) muňa razylygy bar bolsa;
- hökman, eger muňa hossarlyk we howandarlyk edarasy rugsat berse;
- hökman, özünem çagasy bilen bile ýaşaýan ata (ene) bu borjy ýerine ýetirmäge beýlekä päsgelçilik döretmeli däl.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**14. Haýsy ýagdaýlarda ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmän çagany terbiýeleýän adamlaryň elinden almaklyga rugsat berilýär?**

- eger-de çagany saklaýan adamlar uzak wagtyň dowamynda ýarawsyz ýatan bolsa;
- eger-de çagany saklaýan adamlaryň kämillik ukyby kazyýet tarapyndan çäklendirilse;
- eger çagany saklaýan adamlaryň elinde çagany galdyrmak çaga üçin howply bolup durýan bolsa;
- eger-de çagany saklaýan adamlar jenaýat jogapkärçiligine çekilse.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**15. Kämillik ýaşyna ýetmedik çaga öz hukuklaryny goramak üçin ata-enesiniň garşysyna olar öz terbiýe bermek borçlaryny berjaý etmeýär diýip, resmi hereket edip bilermi?**

- hawa, ol hossarlyk we howandarlyk edarasyna ýüz tutup biler;
- hawa, ol kazyýete ýüz tutup biler;
- hawa, ol hossarlyk we howandarlyk edarasyna ýa-da kazyýete ýüz tutup biler;
- hawa, ol mekdebiň direktoryna ýüz tutup biler.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**16. Ata-enäni ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmezden çagalaryny elinden almak olary ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmekden näme bilen tapawutlanýar?**

- bu işleriň ikisine-de hossarlyk we howandarlyk edarasy işjeň gatnaşýar;
- bu işleriň ikisi boýunça-da çaga ata-enäniň howandarlygyndan alynýar;
- bu işleriň iki boýunça hem ata-enäniň agyr kesele duçar bolmagy iş gozgamaga esas bolup bilýär;
- bu işleriň ikisi boýunça-da kazyýet diňe çaganyň bähbitlerinden ugur alyp hereket edýär.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**Bellik:** Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw-usuly gollanmanyň ahyrynda berilýär.

## V hekaýa *Hossar haky*

…Gymmat welaýat merkezinde täze gurlan, bäş gatly, ak mermerden lybas geýdirilen, keselleri bejeriş-anyklaýyş merkeziniň ýagty hem giň barlag otagynyň töründäki ýatyş sekisinde ýatyrdy. Ol mejalsyz başyny käte bir galdyryp, aýna diwaryň aňyrsynda, Hajat bilen gepleşýän ak halatly lukmana seredýärdi. Lukman başyny aşak salyp, agraslyk bilen Hajata nämedir bir zatlar düşündirýärdi. Hajat bolsa göýä ony eşitmeýän ýaly, gözlerini bir nokada dikip, käte bir başyny atýardy. Aram-aram hem gözeilmez çaltlykda bärligine, Gymmadyň ýatan tarapyna garap goýberýärdi. Olaryň bolşy Gymmatdan nähilidir bir aýylganç hakykaty gizleýän ýalydylar.

"Alla janlarym, bulara näme bolýarka? Näme meniň ýanymda gepleşibermän, aýna diwaryň aňyrsyna geçdilerkä? Ýa…Şol ady ýitmiş kesele ýolugaýdymmykam?! Toba, toba! Daş edewersin-eý!"

Öz çaklamasyndan elheder alan Gymmat, keselläp ýatan soňky on-on bäş gününiň içinde, hiç zat iýesi-içesi gelmän, gurap çöpe dönen elini köýneginiň ýakasyna ýetirdi. Göýä aňynda aýlan pikirini kimdir biri eşidip: "hawa, hawa, sen gutulgysyz hassa" diýip tassyklaberjek ýaly, galagoply oýlardan ünsüni sowup, pikir akymyny başga ugra syrykdyrmaga çytraşdy. Emma bolmady. Sähel salymdan soň ol ýene-de müňküldeýän dodaklaryndan olaryň näme hakda gepleşýändiklerini okajak bolýan dek, lukman bilen Hajata garşy tiňkesini dikdi. Bu gezek bärsine bakanda jigisiniň özlerine gözüni aýyrman seredip ýatandygy Hajatyň nazaryna ildi. Ol ellerini galgadyp, Gymmadyň özlerini eşitmeýändigini bilse-de pessaý ses bilen lukmana bir zatlar-bir zatlar diýişdirdi. Soňra Gymmadyň ýatan barlag otagynyň işigine tarap gaýtdy.

Ol gapydan girende Gymmat Hajatyň hemişe dünýeden nadyl, yzgytsyz ýüzünde nähilidir birhili haýpygelijilige ýugrulan ýumşaklygyň bardygyny gördi. Onuň ýüregi jigläp gitdi. Ol çagalykdan bäri öz uýasyna bäş barmagy ýaly beletdi. Hajat diňe kimdir birine öte gynananda onuň keşbinde şunuň ýaly ýumşaklyk peýda bolýardy.

"Eý Hudaý, çaklamam dogry çykaýdymyka?!" diýen pikir Gymmadyň süňňüni sarsdyrdy. Ol dagy näme etjegini bilmän, "hyk-çoklap" ýerinden galmakçy boldy. Şonda-da garnynyň aşak ýany ýiti agyry bilen sanjyp-sanjyp gitdi. Yzadan ýaňa ysgynsyz gelniň gözi garaňkyrady. Ýerden ep-esli saýlanyp duran, üsti gaýyş düşekli, demir ýatyş sekisinden ýykylmajak bolup, Gymmat onuň gyrasyndan ýapyşdy.

-Dur ahyry, jigim, özüm kömek etjek-le! Howlukma ahbetin!

Oňa kömek etmek üçin topulan Hajatyň bogazy dolan dek, sesi sandyrady. Onuň äheňindäki endiremäni duýan Gymmat hasam howsala düşdi. "Ýagdaýym has beter öýdýän, ýogsa adatça ýüzünden gara gyşyň gary ýagýan Hajat beýle oda-köze düşmeli däl!"

Etli-ganly, omuzlak uýasynyň gerdenine daýanyp, ýerinden dikelen Gymmat endigine eýerip, ysgynsyz elleri bilen üsti-başyny düzedişdiren boldy. Soňam Hajat:

-Ýör gidibereli, jigim! Men lukman bilen gepleşdim. “Ertir goş-golamyňyzy alyň-da geläýiň! Men ir bilen, soňky barlaglaryň netijesi hem belli bolar welin, size bäş-on günlük ýatymlaýyn bejergi almak üçin degişli hassahana gönükdirme ýazyp bererin” diýdi. Ertir seni ýene-de elinjek özüm şu ýere alyp gelerin, soňam seniň bilen lukmanyň ugradan hassahanasyna gideris-diýenden soň ol Hajatyň ellerini direg edinip gapa ýöneldi. Ýöräp barşyna-da onuň gözlerinden ajy damjalar biygtyýar togalanyp başlady. Tä bejeriş-anyklaýyş merkeziniň daşyna çykýançalar hem ýüzüni gizläp gelýän Gymmat halynyň harapdygyny Hajata duýdurmady. Diňe howla çykyp, özlerine garaşyp duran Hajatyň ýanýoldaşynyň ulagyna tarap gyrmyldap ugranlarynda uýasy Gymmadyň ýaňaklarynda heniz kepäp ýetişmedik gözýaşyň yzlaryny gördi. Onuň ini tikenekläp gitdi. Sakga durdy-da, ýüreginiň titräp durandygynyň üstüni basyrmak üçinmi nämemi, özüniň näme üçin beýle hereket edýändigine-de düşünmän, Gymmady silterläp goýberdi:

-A, gyz näme şumjaran bolýarsyň?! Näme boldy şu mahal?

Indi gözýaşlaryny gizläp oturmagyň gereginiň ýokdugyna göz ýetiren Gymmat yzgytsyz uýasynyň ýüzüne naýynjar garady:

-Hajat jan! Aýdaýsana doganjygym, şol ady ýitmiş, aýal ugrundaky düwnükmi?!

Aljyran Hajat näme jogap gaýtarjagyny bilmän lam-jim boldy. Dili tutuldy. Ol dodaklaryny müňk-müňk edip, Gymmadyň al-petinden aljak boldy. Birdenem jigisini gujaklap bagryna basdy-da, özüne gelişmeýän ejizlik bilen hamsygyp goýberdi:

-Jigim jan, gynanma! Men bar-a…men gije-gündiz ýanyňdan aýrylmaryn. Guşuň süýdüni küýseseň hem taparyn. Bir ýerde lukman bolsa görkezerin. Eger bir ýerde gudrat bar bolsa, jähennemiň teýine gitmelem bolsa gidip getirerin. Ýöne gynanma, jigim jan! Sebäbi sensiz men näderin, ejem-kakam, biz näderis?! Hernä saňa bir zat bolmawersin!

Hemişe hiç haçan hiç bir zadyň öňünde ýan bermejek ýaly bolup görünýän uýasynyň gözýaşlary Gymmady has-da ejizletmegiň deregine gaýta oňa gaýrat berdi. Ol uludan demini aldy-da, diňe damarlaryň daşyna geýdirilen deri bolup galan eli bilen Hajatyň ýüzüni süpürişdirdi:

-Bolýar-la, Hajat! Saňa gelişmeýär, sen bir aglama! Berýänem Hudaý, alýanam Hudaý! Sanalgyň dolsa gidibermeli bolar, sanalgyň dolmasa-da ýaşar ýörersiň-dä! Ýör hany, beýdişip durmaly, ulaga müneli!

Gymmat şeýle diýdi-de Hajaty ulaga tarap çekip ugrady…

…Şondan soň iki-üç hepde geçdi. Lukmanlaryň ussatlygy bilen, edilýän emler azda-kän-de täsir edip, Gymmat biraz bäri bakdy. Ony öýlerine alyp gaýtdylar. Elbetde onuň ýagdaýynyň gowulaşmagynyň wagtlaýyndygyny bilýän bolsalar-da Gymmadyň ýakynlary az-kemem bolsa ynjaldylar. Hajat bolsa hatda ejesi-kakasyna: “Şu kesel bilenem onlarça ýyllap ýaşaýanlar, hatda sag adamlardanam köp ýaşaýanlar bar-la” diýip göwünlik beribem başlady. Öýlerine getirenlerinden üç-dört gün geçenden soňra Gymmadyň ýagdaýy has hem oňatlaşyp, ol aýagüstüne galdy. Çagasyna güýmenip, daş-iç çykyp ugrady. Onuň günsaýyn özüni dürsemegi ýakynlaryny Hajatyň aýdanlarynyň dogrudygyna ynanmaga mejbur etdi.

Günlerde bir günem ýüzüni-gözüni eňşidip Hajat atasy öýüne geldi. Ol gele-gelmäşe içki jaýda oglunyň eşikleriniň ýyrtyk-ýirigine seredip oturan Gymmadyň ýanyna girdi:

-A gyz, näme işe beýle dözümli ýapyşan bolýarsyň?! Getir bärik, onyňy! Otur-da, Hudaý diý-de, ozalam-a zordan özüňe getirdik, ýene-de gaýra üzüljek bolýarsyňmy?!-diýip jigisine abyr-zabyr etdi.

Haly teň wagty gijeler ýatman başujuny saklap oturan uýasynyň hernäçe yzgytsyz, gödeksi bolup görünmäge dyrjaşsa-da, ýüreginde zat ýokdugyny bilýändigi üçin Gymmat Hajatyň sözlerine gatyrganmady. Özüne mahsus ses-sedasyzlyk bilen oňa oglunyň geýimlerini uzatdy-da, gapdalyndaky ýassyga gyşardy.

Eline çaga köýnegini alan Hajat birsellem dil ýarman oňa ýama salmak bilen başagaýsyran boldy. Gymmat uýasynyň çaga köýnegine ýama salmak üçin aýagyny süýräp gelmändigine düşünýärdi. Ýöne onuň özüniň dil ýararyna garaşýardy. Ahbetin dymyp oturmaga uzak karary ýetmedik Hajat ýaryldy:

-A gyz, bu haçana çenli keselli halyňa, ýarym adam halyňa özgäň dogmasyny tenha özüň eklejek ýörjek?!

Gymmadyň ýüzüne urlan ýaly boldy. Solgun keşbi bir gyzaryp bir bozardy.

-Ol diňe özgäňki däl ahyry! Meniňkem…

-Menem bilýärin onda seniňem paýyň bardygyny. Maňa gep nokatlama-da, diňle meni! Meniň näme diýjek bolýandygyma gaty gowy düşünýärsiň! Sen şonuň ugrunda saçyňy sübse, elleriňi kesewi edip gezdiň. Şonuň bilen ýaşaşyp ýörkäň kesel tapyndyň ahyry. Heý, seni hassahana äkidip, ymykly barlagdan geçirdimi, bejergi aldyňyzmy? Şol birdir-ýarymdyr gezek “lukmana alyp gitjek, bejertjek” diýen boldy-da, idemedi hem. Belki wagtynda bejergi alan bolsaň bu ýagdaýa düşmeseňem düşmezdiň. Kazyýetde nikaňyzy ýatyranlarynda bolsa men seniň: “ondan maňa zat gerek däl” diýen boluşjygyňa janym dagy ýanandyr. Näme sen, Karunyň agtygymy ýa-da onyňyzyň dünýä inmeginde ýeke seniň hyzmatyň barmy? Sebäp boldumy, eklesin!

-Hajat, meniň özüm bilerin-le, näme etmelidigini!-diýip Gymmat ysgynsyz garşylyk görkezmäge synanyşdy. Onuň bu sözlerine Hajatyň bolmajysy boldy. Gany depesine uran Hajat edähetine eýerip, agzyna ak gelse-de gara gelse-de saklaman, yzly-yzyna suňşuryp ugrady.

-Özüň bilersiňmi? Hawa sen hemişe özüň bilýärsiň-dä! Özüň bilip köçede entäp ýören bir ýeksurunyň tege-tegesine aldanyp, ýumruk ýaly gyz halyňa yzyna düşüp gitdiň-dä! Özüň bilip ol her öňýeteni bilen bulaşyp ýörensoň ony taşlap gaýtdyň-da! Özüň bilip, özüňi-de, çagaňy-da pensiýadaky garry ejeň-kakaň üstüne ýük edip atdyň-da…Özüňem-ä bu gün erte bolup ýatyrs…

Kellesi gyzan Hajat soňky sözüni geplemän, dilini dişlese-de dişledi welin, eýýäm giçdi. Onuň ýüzüne aýdan ajy sözleri bagryndan ok bolup geçen Gymmat elleri bilen ýüzüni ýapyp aglaýardy. Gany gyzyp ýarawsyz jigisiniň göwnüne degendigi aňynda aýlananda Hajatyň ýüregi gyýym-gyýym boldy. Ol hasyr-husur Gymmadyň ýanyna süýşdi-de ony gujaklady:

-Goý jigim, wah, men guraýyn! Wah, jigim jan, şu meniň şalpar dilimi bar-a, çapgyjyň üstünde goýakgetdin, çapym-çapym çapsaňam azdyr. Diýenime däl

diýseler, dilimi salajyn goýberip, agzyma näme gelse eňteriberýän. Wah, ol hem özümdenem däl-le, wagtal-wagtal şu Meredem gazaba münüp, dagy-duwara geplemez ýaly edäýmeli welin, ýöne näme diýseň: “Seňki dogry hojaýyn” diýip, hasam jylawymy başyma ataýdy-da!-diýişdirip, ol oýna-gülkä garyp, Gymmady köşeşdirmäge başlady.

Ep-esli wagt şeýle ýagdaýda oturanlaryndan soňra, ahyry iki uýa rahatlandy. Hajat hoşlaşyp çykyp barýarka-da Gymmadyň ýüzünde öýke-kine alamatlarynyň ýokdugyny görüp, ýene-de ýaňky ynjyly gürrüňi gozgaman saklanyp bilmedi:

-Gymmat, jigim, sen dogry düşün! Ol ady gurmuş, gowy ýerde işleýär, aýlyk-günlügem esli barmyş. Men şol biziň bähbidimizi gorap kazyýetde çykyş eden adwokat bilen geňeşdim. Onuň gazanjynyň dörtden bir bölegini çaga üçin saňa hossar haky hökmünde tölenmeli. Üstesine-de seniň özüň hem ýarawsyz, hiç ýerde işläp, gazanç edip bilmeýärsiň. Ol saňa-da kömek puluny tölemeli. Onuň maşgalasy kiçi, günleri gowy dolanýar. Eger-de hossar hakyny we kömek puluny tölemäge onuň özüniň ýagdaýy bolmaýanda-da, ejesi-kakasy pensiýa alýarlar, erkek doganlary, aýal doganlary işleşip ýörler. Onuň bir daýysy bolsa şu jelegaýda ady belli söwdagär. Gerek bolsa şondanam talap edip alyp bolar… Onsoňam eýýäm iki ýyl geçip barýar. Heý, ýeke sapar: “çaga näme gerek?” diýip gapyňdan garadymy?!

-…Belki meniň gözüme görünmäge utanýandyr… Onsoňam meniň özüm kazyýetde ondan hossar hakyny töledip almak barada talap bildirmekden ýüz dönderdim ahbetin…

Hajat bilen bilelikde howlularynyň derwezesine tarap ýöräp barşyna Gymmat ysgynsyz delil bilen ony raýyndan gaýtarmaga synanyşdy.

-Utanarmy?!-diýip Hajat dodagyny çöwürdi-de dowam etdi:-Onda utanç nireden bolsun! Ol kazyýetde hossar hakyny töledip almak barada talap bildirmekden ýüz dönderreniň bolsa hiç-hili ähmiýeti ýok. Men bu barada-da adwokatdan soradym. Ol: “öň seniň jigiň hossar hakyny almak barada talap arza bermedi, diňe kazy seniň jigiňe özüniň öňki ýanýoldaşyndan hossar hakyny töledip almaga hukugynyň bardygyny düşündirdi, ol hem şol hukugyny peýdalanmakdan ýüz dönderdi. Indi ol hossar hakyny töledip almak barada talap arza bilen kazyýete ýüz tutup bilýär” diýdi.

“Dogrudanam…özüm-ä ýarawsyz. Pula-dä mätäç. Hatda meniň bejergime-de serişde gerek. Çagamy-da, özümi-de ejem-kakam, doganlarym ekläp-saklaýarlar. Esasanam Hajata agram düşýär…Ýa kazyýete talap arza beräýsemmikäm?!” diýip oýlanan Gymmat içki pikirini daşyna çykaranyny hem duýman galdy:

-Onda näme Hajat, kazyýete gidäýelimi?!

Hajatyň guşy uçdy:

-Gideli-gideli, jigim! Sen öýde otur, men ertir adwokata talap arza ýazdyraýyn, gerekli resminamalary toplaýyn, birigün bolsa kazyýetiň talap arzalary kabul edýän güni, gidip bileje tabşyryp gaýdarys. Men ol özümiň: “seňki dogry hojaýynymyň” boýnuna goýaryn, bir gün, ýarym gün işden galyp bizi gatnadany bilen başlygynyň galanja saçy hem düşäýmez…

…Hajatyň yhlasy ýerine gowuşdy. Talap arza berenlerinden soňra iki hepde geçip-geçmänkä Gymmadyň talap arzasy boýunça kazyýet mejlisi geçirildi.

Mejlisiň dowamynda kazy tarapyndan ýekelikde, ähli subutnamalar doly barlanyp, Gymmadyň zähmete ukypsyzdygy, kömege mätäçdigi, Gadyryň bolsa kömek bermäge ähli mümkinçilikleriniň bardygy anyklandy hem-de Gadyrdan Gymmadyň haýryna çagasy üçin onuň gazanjynyň dörtden bir bölegi möçberinde hossar hakyny we eklenmegi üçin kömek puluny töletdirmek barada çözgüt çykaryldy.

**V hekaýanyň seljermesi:**

***Hukuk nukdaýnazaryndan:***

Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 27-30-njy maddalarynda är-aýalyň biri-birini eklemek borçlary, 80-88-nji we 92-94-nji maddalarynda bolsa ata-enäniň çagalaryny ekläp-saklamak baradaky borçlary düzgünleşdirilýär.

Hekaýada Gymmadyň Gadyr bilen nikasyny bozmanka keselländigi, zähmete ukypsyz bolup galandygy, kömege mätäçdigi hem-de Gadyryň oňa kömek bermäge mümkinçiliginiň bardygy hakynda aýdylýar we kazyýet tertibinde bu ýagdaýlar degişli subutnamalaryň seljerilmeginiň esasynda anyklanýar. Şu ýagdaýlarda kazy Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 28-nji maddasyna laýyklykda, Gadyrdan Gymmadyň peýdasyna eklenmegi üçin kömek puluny alyp bermek barada dogry çözgüt çykarypdyr.

Şonuň bilen birlikde-de Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 80-81-nji maddalarynyň esasynda Gymmadyň çagasyna onuň atasyndan hossar hakyny alyp bermek meselesi kazy tarapyndan kanunalaýyk çözülipdir.

Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň degişli maddalaryna laýyklykda, är-aýalyň eklenmegi üçin kömek puly alnyp berlende, çaga üçin hossar haky töletdirilende birnäçe hukuk ýagdaýlary ýüze çykyp bilýär. Olar barada okuw-usuly gollanmanyň „Hukuk maglumatlary“ bölüminde zerur düşündirişleri alyp bolar.

Hekaýanyň ahyrynda Gymmadyň Gadyryň beýleki hossarlaryndan hem hossar hakyny alyp bolýarmyka diýen mesele gozgalýar. Hukuk maglumatlarynda hossar hakyny töledip almak meseleleri maşgalanyň beýleki agzalary bilen baglylykda ýüze çykanda, şol gatnaşyklaryň kanunda nähili tertipde düzgünleşdirilýändigi barada-da durlup geçilýär.

***Ahlak nukdaýnazaryndan:***

Diňe bir türkmen halkynda däl, eýsem islendik halkda-da adamyň adama, esasanam öz ýakynlaryna hemmetaraplaýyn goldaw bermegi iň oňat görülýän we giňden wagyz edilýän ahlak ýörelgeleriniň biri hasaplanýar. Ynsanyň ynsana goldaw bermegi yslam dininiň hem esasy kadalaryna degişlidir. Elbetde hiç kim diňe özgeleriň goldawyna-kömegine mätäç bolup, gününi aýlap bilmez. Jan saglygyň barlygynda adamyň zähmet çekmezden öz eklenjini özgeleriň üstüne atmagy, mugthorlugyň hem bihaýalygyň aňrybaşydyr. Emma hekaýada beýan edilýän ýagdaýlarda Gymmat agyr derde duçar bolup, özüni we çagasyny eklemek

üçin gazanç etmek mümkinçiliginden mahrum bolýar. Şonuň üçinem onuň uýasy Hajatyň nesihatyna gulak asyp, Gadyrdan çagasyna hossar hakyny we özi üçin kömek puluny almak babatda kazyýete ýüz tutmagy ahlak nukdaýnazaryndan hiç-hili aýyp hereket däl. Onsoňam hekaýada Hajatyň belleýşi ýaly, Gadyr kakasy hökmünde çagasyny eklemäge borçly.

Hekaýada Hajatyň öz dogany barada edýän aladasy hem türkmençilige mahsus bolan iň öwgä mynasyp häsiýetleriň biridir. Ata-babalarymyz: „Aglaşmaga öz ýagşy“ diýipdirler. Edil şu nakylda aýdylyşy ýaly, Hajat Gymmadyň başyna iş düşende onuň ýanyndan aýrylmaýar. Onuň geljeginiň aladasyny edýänem şol. Birbada Hajat öz häsiýeti boýunça gyňyr, öz aýbyny bilmezden özgeleriň aýbyny ýüzüne aýdyp ýören gykylykçy ýaly. Emma çeper keşbini düýpli seljerseň onuň örän düşünjeli we ahlak taýdan kämil şahsyýetdigini görmek bolýar. Ol diňe bir ýarawsyz Gymmadyň däl-de, eýsem pensiýa alýan garry ata-enesiniň hem aladasyny edýär. Şol maksat bilenem Gymmada Gadyrdan hossar hakyny almak barada talap arza bilen kazyýete ýüz tutmagy maslahat berýär.

Şu ýerde ýene-de bir bellemeli zat, Gymmadyň öz başyna düşen külpediň öňünde çakdan aşa ejizläp, çar ýanyna gaýgy-hasratyň diwary bilen gabap durmaýanlygydyr. Ol takdyra ten berýär, Allatagala sygynýar. Kanagatlylyk, kynçylygyň öňünde ýan bermezlik, göwrümiňi giň tutmak bu dünýäde iň ýagşy görülýän ahlaklylyk häsiýetleridir we olar diňe kämil ahlakly adamlara mahsusdyr. Çünki bu häsiýetler gaty köp kynçylyklaryň öz-özünden dep bolup gitmegine getirýär. Gedaý düşüp, tüwmaýak galan, tenini kyrk ýyllap gurt iýip ýatsa-da, kanagatyny unutman Päk Perwerdigäriň edenine şükür edip ýaşan Eýýup pygamber iň soňunda maksat-myradyna ýetip, onuň ähli ýitirenleri yzyna gaýtarylyp berilýär. Adam elmydama ýagşy umytda bolmaly.

***<u>Durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan:</u>***

Elbetde islendik adam özüniň isleg-arzuwy, içki dünýäsine juda uly täsir edýän duýgulary bilen ýaşaýar, öz durmuşyny şol duýgularyndan gelip çykan matlaplaryna görä gurnamaga çalyşýar. Ýöne durmuşda ähli zady isleýşiň ýaly edip bolmaýar. Gymmadam hekaýada görkezilýän ýagdaýlarda öz gahar-gazabyna bäs gelip bilmän, gedemlik edip, Gadyrdan hossar hakyny almakdan ýüz dönderýär. Soňuny saýman, özüniň we ýaş çagasynyň garamatyny garry ata-enesiniň üstüne atýar. Durmuş nukdaýnazardan bu juda ýalňyş hereket. Sebäbi Gadyr oňa dinimize laýyklykda-da, kanun boýunça-da kömek bermäge borçly, onuň Gymmada we çagasyna maddy taýdan goldaw bermäge mümkinçiligi hem bar. Onsoň näme üçin Gymmat onuň kömegini alyp, ata-enesiniň, doganlarynyň ýüküni ýeňledip bilýärkä, şeýle dogry hem kanunalaýyk hereketi etmeli dälmiş?!

Durmuş duýgy bilen ýaşalmaýar. Ol akyl-paýhas, bilim-tejribe bilen ýaşalýar. Duýgularyň ýesirligine düşüp ädilen ädimleriň aglaba köpüsi ýalňyş bolýar. Şonuň üçinem hekaýada Hajatyň hereketlerini iň bir dogry we durmuş tejribesine laýyk gelýän hereketler hökmünde kesgitlemek bolar. Hajatyň erjelliginiň netijesinde Gymmat ata-enesiniň ýüküni ýeňledýär. Üstesine Gadyra-da öz çagasynyň, Gymmadyň öňündäki borjuny berjaý etmek üçin mümkinçilik döreýär.

## Hukuk maglumatlary:

### *Ata-enäniň we çagalaryň arasyndaky emläk gatnaşyklary*

Ata-enäniň we çagalaryň arasyndaky emläk gatnaşyklary iki görnüşde ýüze çykyp bilýär: *birinjisi,* emläk bilen bagly gatnaşyklar (jaý, pul, awtoulag we ş.m.), *ikinjisi,* hossar hakyny tölemek bilen bagly gatnaşyklar.

Maşgala dargan halatynda, ata-enäniň we çagalaryň arasynda emläk bilen bagly jedelleriň döremegi mümkin. Mysal üçin, olaryň ýaşaýan jaýy, diňe bir ata-enäniň serişdelerine däl-de, çaganyň garry atasyndan sowgat alan ýa-da miras galan pullarynyň hasabyna salnypdyr.

Eklenmek üçin kömek puluny tölemek bilen bagly gatnaşyklar ata-enäniň, çagalaryň we maşgalanyň beýleki agzalarynyň arasynda ýüze çykyp bilýär. Ata-eneler öz kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryny eklemäge borçludyrlar. Mundan başga-da, olar kämillik ýaşyna ýeten çagasyny hem eklemelidirler, eger-de ol zähmete ukypsyz bolup (mysal üçin, maýyp adam) we maddy kömege mätäç bolsa (pensiýa almaýar ýa-da onuň möçberi ýeterlik däl).

Ata-enelerden çagalaryny eklemek üçin hossar haky paý görnüşinde şu aşakdaky möçberlerde alynýar:

a) bir çaga üçin ata-enäniň ähli görnüşdäki aýlyk gazanjynyň (girdejisiniň) dörtden bir bölegi;
b) iki çaga üçin şol girdejileriň üçden bir bölegi;
ç) üç we ondan köp çagalar üçin ähli aýlyk girdejisiniň ýarpysy.

Ata-enelerden kämillik ýaşyna ýeten, zähmete ukypsyz, özi-de kömege mätäç çagalary üçin alynýan hossar hakynyň möçberi kazyýet tarapyndan iki tarapyň hem maşgala we maddy ýagdaýlaryndan ugur alnyp aýma-aý tölenmeli anyk pul görnüşinde kesgitlenilýär. Taraplaryň maşgala we maddy ýagdaýlarynyň üýtgemegi bilen, olar hossar hakynyň möçberini kemeltmek ýa-da artdyrmak barada kazyýete ýüz tutup bilýärler. Eger-de çagalaryň zähmet ukyby dikelen bolsa ýa-da başga sebäplere görä olar maddy kömege indi mätäç bolmasalar, onda olar hossar hakyny almaga bolan hukugyny ýitirýärler.

Hossar hakyny töleýän atanyň ýa-da enäniň başga-da çagalary bolsa we olaryň maddy ýagdaýy hossar hakyny alýan çagalaryňkydan pes bolsa, onda hossar hakynyň möçberi azaldylyp bilner. Ýokarda bellenilişi ýaly, çagalaryň sanyna görä hossar hakynyň möçberi kesgitlenýär. Mysal üçin, jogapçy bir çaga üçin aýlyk girdejisiniň 25 göterimini töleýär. Onuň täze maşgalasynda ýene-de iki sany çagasy bar. Şu ýagdaýy nazara alyp, kazyýet birinji aýalyndan bolan çaga berilýän hossar hakynyň möçberini 16,5% çenli azaltmalydyr, sebäbi üç çaga jogapçynyň aýlyk gazanjynyň 50%-den artyk alyp bolmaýar. Ýagdaý üýtgän halatynda kazyýete ýüzlenip hossar hakyny öňki möçberde ýa-da kanuna laýyk möçberde alyp bolýar.

Mundan başga-da kazyýetiň şu aşakdaky ýagdaýlarda hossar hakynyň möçberini azaltmaklyga haky bardyr:

a) hossar hakyny töleýän ata (ene) birinji ýa-da ikinji topara degişli maýyp bolsa, (munuň sebäbi maýyplyk goşmaça maddy çykdajylar bilen baglydyr);
b) çagalar işläp, olaryň ýeterlikli aýlyk gazançlary bar bolsa;
ç) çagalar döwletiň (çagalar öýünde, mekdep-internatda we ş.m.) ýa-da jemgyýetçilik guramalarynyň doly ideginde bolsalar. Şu esas boýunça ata-eneler hossar hakyny tölemekden doly boşadylyp hem bilner, eger-de olaryň maddy ýagdaýy agyr bolsa;
d) başga esasly sebäplere görä.

Hossar hakyny tölemeli ata-enäniň wagtly-wagtynda alyp bolmaýan ýa-da üýtgäp durýan gazanjy (girdejisi) bolan halatlarda (suratkeşler, ýazyjylar, sazandalar w ş.m.) ýa-da ata (ene) gazanjynyň bir bölegini önüm görnüşinde alýan bolsa, şunuň ýaly atanyň (enäniň) gazanjyndan (girdejisinden) alynmaly hossar hakynyň paýyny kesgitlemek mümkin bolmadyk ýa-da kyn bolan beýleki halatlarda hossar haky tölenilmegini talap edýän adamyň haýyşy boýunça hossar haky her aýda tölenilip durulmaly belli bir anyk pul möçberinde kesgitlenip bilner.

Şu tertip, şeýle-de, çagalar ata-enäniň her haýsynyň ýanynda galan halatynda ulanylýar. Hossar haky maddy ýagdaýy pes ata (ene) bilen ýaşaýan çagalara anyk pul möçberinde aýma-aý tölenilmeli edilýär.

Hossar hakyny töleýän ata-eneler aýratyn ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen (çaga agyr kesel ýa maýyp bolupdyr we ş.m.) goşmaça çykdajylary hem çekmelidirler. Kazyýet ata-eneleriň maşgala we maddy ýagdaýlaryny göz öňünde tutmak bilen mätäç çaga goşmaça kömegi belli bir anyk pul möçberinde kesgitleýär, özünem aýma-aý tölenmäge degişli edýär.

Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz işe ukypsyz (pensiýa ýaşynda, maýyp) we kömege mätäç (pensiýa almaýar ýa onuň möçberi az, är-aýal biri-birinden hossar hakyny alyp bilmeýärler we ş. m.) ata-enelerine hossar hakyny tölemäge borçludyrlar.

Mundan başga-da, ata-eneleriniň kesel wagtynda ýa-da başga bir agyr gününde çagalar goşmaça çykdajylara-da çekilip bilner. Her bir çaganyň ata-enä kömegi iki tarapyň hem maşgala we maddy ýagdaýlary göz öňünde tutulyp, belli bir anyk pul möçberinde aýma-aý tölemek şerti bilen kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär. Hossar hakyny tölemäge kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň hemmesi borçludyr. Ýöne, eger ata-ene wagtynda öz ata-enelik borçlaryny degişli derejede ýerine ýetirmedik bolsalar, onda çagalar olary eklemek-saklamak borjundan boşadylyp hem bilner. Ata-enäniň döwletiň ýa-da jemgyýetçilik edarasynyň ideginde bolmagy, olaryň çagalaryny ata-enesini eklemek borjundan boşatmaýar.

Hossar hakyny almak bilen bagly gatnaşyklar, şonuň ýaly-da öweý ata (ene) we öweý çagalaryň, erkek doganlaryň we uýalaryň, garry ata (baba), ene (mama) we agtyklaryň, hakykat ýüzündäki terbiýeleýjileriň we terbiýelenýänleriň arasynda döräp biler.

Eger ata-ene we kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň arasynda hossar hakyny tölemek borjy ata-enäniň maddy ýagdaýyna, islegine we günäsine garamazdan ýüze çykýan bolsa, maşgalanyň beýleki agzalaryndan hossar haky alnanda hökman

olaryň maşgala we maddy ýagdaýyna seredilýär. Hossar haky anyk pul möçberinde aýma-aý alynýar.

Eger-de hossar haky şol bir bada birnäçe adamdan alynmaly bolsa (mysal üçin, garry atasyndan we doganyndan), onda kazyýet olaryň maşgala we maddy ýagdaýlaryny nazara alyp, olaryň her biriniň tölemeli pulunyň möçberini kesgitleýär. Olaryň maddy we maşgala ýagdaýlarynyň üýtgemegi bilen hossar hakynyň möçberi azaldylyp ýa-da köpeldilip, şonuň ýaly-da töleg ýatyrylyp hem bilner.

Bu gatnaşyklarda köplenç halatlarda kömege mätäçlik we zähmete ukypsyzlyk hossar hakyny almaklyga esas bolup durýar, şeýle hem hossar hakyny ilkinji nobatda tölemeli maşgala agzalaryndan ony alyp bolmaýanlygy üçin şu zerurlyk ýüze çykýar.

Kanunda hossar hakyny tölemegiň şu görnüşleri göz öňünde tutulandyr:

1. Puly hossar hakyny almaly adamynyň gös-göni özüne bermek. Şu ýol bilen hossar hakynyň yzygiderli we wagtynda tölenýändigine garamazdan hossar hakyny alýan islendik wagt bu tölegi kazynyň kakarynyň esasynda almaly edip bilýär.
2. Puly hossar haky töleýäniň işleýän (pensiýa ýa-da talyp haky alýan) edarasynyň üsti bilen tölemek. Arzanyň esasynda hossar haky alnanda edara hossar hakynyň kanunda görkezilen möçberinden ugur alýar. Bu mesele kanunda düzgünleşdirilmedik bolsa, onda arzada görkezilen puluň möçberi boýunça töleg geçirilýär.
3. Kazyýetiň çözgüdiniň (kararynyň) esasynda töleg geçirmek. Kazyýetiň çozgüdiniň (kararynyň) esasynda hossar haky alynýan bolsa, hossar hakyny töleýän işden çykan ýagdaýynda edara kazyýet ýerine ýetirijisine we hossar hakyny alýana bu barada üç günüň dowamynda habar bermeli. Mundan başga-da, eger işden gideniň täze işleýän ýeri ýa-da ýaşaýan salgysy barada maglumatlar bar bolanda, olary-da hossar hakyny alýana goşmaça ýetirmeli. Hossar hakyny töleýäniň özi-de iş ýeriniň ýa-da ýaşaýan salgysynyň üýtgänligi barada, şeýle hem goşmaça giredijileri barada kazyýet ýerine ýetirijisine üç günüň dowamynda habar bermeli. Esasly sebäpler bolmazdan kanunyň talaby berjaý edilmese, onda edaranyň ýolbaşçysy we hossar hakyny töleýän kanunda görkezilen jogapkärçilige çekilip bilner.

Hossar hakyny almak baradaky talap arzasy talapçynyň ýa-da jogapçynyň ýaşaýan ýeri boýunça berlip bilner. Talapçy kazyýet çykdajylaryny tölemekden kanun boýunça boşadylýar. Jogapçynyň ýaşaýan ýeri belli bolmasa, kazy onuň gözlegini yglan etmelidir. Hossar hakyny tölemek baradaky karar gaýragoýulmasyz ýerine ýetirilmelidir.

## ***<u>Är-aýalyň biri-birini eklemek borjy</u>***

*Çaga hossar hakyny almak we är-aýalyň biri-birini eklemek borjy barada bir hekaýada beýan edilýändigi sebäpli bu hukuk maglumatlary bir ýere jemlenildi.*

Kanunda görkezilen ýagdaýlarda är-aýal biri-birine maddy kömek bermek borçlaryny meýletin ýerine ýetirmeseler, onda kazyýetiň üsti bilen hossar hakyny alyp bilýär. Muňa är-aýalyň biriniň zähmete ukybynyň ýoklugy we maddy kömege mätäçligi (pensiýa ýaşyna ýeten, 1-nji ýa-da 2-nji topara degişli maýyp) esas bolup biler.

Başga-da, aýal maşgala göwreli döwründe we çagasy bolandan soň üç ýylyň dowamynda özi üçin ärinden kazyýetiň üsti bilen, eger-de onuň şony bermäge mümkinçiligi bar bolsa, kömek puluny alyp biler.

Eger-de är-aýalyň biri nika bozulmazyndan öň ýa-da nika ýatyrylandan soň bir ýylyň dowamynda zähmete ukypsyz bolup galan bolsa, onda mätäçlik çekýän zähmete ukypsyz äriň (aýalyň) kömek almak hukugy nika bozulandan soň hem saklanyp galýar.

Eger är-aýal uzak wagtlap nikada durup we nika bozulan pursatyndan soň bäş ýylyň dowamynda pensiýa ýaşyna ýeten bolsalar, olar biri-birinden kazyýetiň üsti bilen kömek puluny alyp bilýärler.

Şeýle-de aýal göwreli döwründe we çagasy bolandan soň hem üç ýylyň dowamynda, eger nika bozulmanka göwreli bolan bolsa, ärinden özüni idetmek üçin serişde almak hukugyny saklap galýar.

Är-aýalyň nikada duran wagty uzak bolmadyk halatynda ýa-da kömek pulunyň tölenilmegini talap edýän äri (aýaly) özüni ýaramaz alyp baran, ýa-da maddy kömek berilmegine mätäçlik, är-aýalyň spirtli içgileri kast bilen içmegi, neşe serişdelerini ulanmagy ýa-da özüniň jenaýatçylykly hereketleriniň netijesinde döräp, şol sebäpli zähmete ukypsyz bolup galan mahalynda, kazyýet ärini (aýalyny) eklemek borjundan ýanýoldaşyny boşadyp ýa-da bu borjy belli bir möhlet bilen çäklendirip bilýär.

Kazyýet kömek pulunyň möçberini är-aýalyň maddy we maşgala ýagdaýlaryndan ugur alyp, anyk pul möçberinde aýma-aý tölemeli edýär. Är-aýalyň maddy we maşgala ýagdaýlary üýtgän halatynda, olar kazyýetiň üsti bilen kömek pulunyň möçberini üýtgedip bilýärler. Haçan-da kömek puluny alýan äri (aýaly) täze nika girse, onda kömek puluny töletmek kazyýetiň çözgüdiniň esasynda ýatyrylýar.

<u>Soraglar:</u>

1. Çagalary üçin ata-eneden alynýan hossar hakynyň möçberi kanunda nähili tertipde kesgitlenýär?
2. Haýsy halatlarda ata-ene üçin eklenmek üçin kömek puly kämillik ýaşyna ýeten çagalaryndan alnyp bilner?
3. Hossar hakyny tölemek borjy ýene-de haýsy garyndaşlaryň arasynda ýüze çykyp biler?
4. Hossar hakyny tölemegiň nähili görnüşleri (ýollary) bar?
5. Är-aýal biri-birine maddy kömek bermäge borçlumydyrlar?
6. Eklenmek üçin kömek puluny almagyň nähili şertleri bar?

**Çyzgylar:**


Ata-enelerden çagalary üçin alynýan hossar hakynyň möçberleri
1 çaga üçin aýlyk gazanjynyň (girdejisiniň) 1/4 bölegi
2 çaga üçin aýlyk gazanjynyň (girdejisiniň) 1/3 bölegi
3 we ondan köp çaga üçin aýlyk gazanjynyň (girdejisiniň) 1/2 bölegi
Ata-enesiniň maşgala we maddy ýagdaýy (kömek bermäge mümkinçilikleriniň bardygy)
Kämillik ýaşyndaky çaganyň öz maşgala we maddy ýagdaýy (eger aýaly we çagalary bar bolsa olaryň kömek berip bilýändigi)
Ata-enäniň, kämillik ýaşyna ýeten çaganyň maşgala we maddy ýagdaýynyň üýtgemegi hossar hakynyň azaldylmagyna ýa-da köpeldilmegine getirip biler
Zähmete ukypsyz, kömege mätäç kämillik ýaşyna ýeten çaga, ata-enesinden hossar haky alnanda şulary göz öňünde tutmaly
Hossar haky paý görnüşinde däl-de anyk pul möçberinde alynýar
Hossar haky aýma-aý tölenýär
Kämillik ýaşyna ýeten çaganyň zähmete ukyby dikelse ýa-da mätaçlik aradan aýrylsa (onuň uly möçberde miras almagy we ş.m.), onda ol hossar hakyny almaga bolan hukugyny ýitirýär

Hossar hakyny töleýän ata (ene) I ýa-da II topara degişli maýyp bolsa

Çaganyň işlemegi we ýeterlik gazanjynyň bolmagy

Hossar hakyny töleýäniň başga aýaldan (ärden) çagasynyň bolup, onuň maddy ýagdaýy hossar hakyny alýan çaganyňkydan pes bolsa

Çaga döwlet ýa-da jemgyýetçilik guramasynyň doly ideginde bolsa, ata-ene bu esas boýunça hossar hakyny tölemekden doly boşadylyp bilner

Başga esasly sebäplere görä

**Ata-enesinden çagasyna alynýan hossar hakynyň möçberi azaldylyp bilner**

**Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz ata-enesini ekläp-saklamaga borçly**

Ata-ene zähmete ukypsyz

Ata-enesi kömege mätäç

Hossar haky aýma-aý tölenýär

Hossar haky anyk pul möçberinde tölenýär

Ata-enesini ekläp-saklamaga olaryň her bir çagasy borçly

Çagalar goşmaça çykdajylara çekilip bilner (mysal üçin, ata-enesi agyr kesellese)

Çagalardan hossar haky alnanda olaryň maşgala we maddy ýagdaýlary göz öňünde tutulýar. Diýmek onuň möçberi her bir çaga üçin aýratyn kesgitlenýär, özi-de maşgala we maddy ýagdaýynyň üýtgemegi bilen azaldylyp, köpeldilip ýa-da ýatyrylyp bilner

Ata-ene çagalaryny degişli derejede ekläp-saklap terbiýelemedik bolsalar, çagalary hossar hakyny tölemek borjundan boşadylyp bilner

Ata-enäniň döwletiň ýa-da jemgyýetçilik guramanyň doly ideginde bolmagy çagalary hossar hakyny tölemekden boşatmaýar


Hossar hakyny tölemek bilen bagly gatnaşyklar şu maşgala agzalarynyň arasynda ýüze çykyp biler
Öweý ata (ene) we öweý çagalaryň arasynda
Erkek doganlaryň, uýalaryň arasynda (18 ýaşamadyk, 18 ýaşanda bolsa zähmete ukypsyz, mätäç doganlary (uýalary) üçin)
Ata (baba), ene (mama) we agtyklaryň arasynda
Hakykat ýüzünde terbiýeleýjileriň we terbiýelenýänleriň arasynda
Töleýjileriň maşgala we maddy ýagdaýlarynyň üýtgemegi bilen hossar haky:
köpeldilip;
azaldylyp;
ýatyrylyp bilner.
Hossar hakyny birnäçe adam tölemeli bolanda, kazyýet olaryň her haýsynyň tölemeli pulunyň möçberini kesgitleýär
Bu gatnaşyklarda köp halatlarda kömege mätäçlik we zähmete ukypsyzlyk hossar hakyny almaklyga esas bolýar
Bu gatnaşyklarda köp halatda ilkinji nobatda hossar hakyny tölemelilerden ony alyp bolmaýanlygy üçin maşgalanyň beýleki agzalaryndan hossar hakyny almaklyk zerurlygy ýüze çykýar
Hossar haky beýleki maşgala agzalaryndan alnanda
Hossar haky aýma-aý tölenýär
Hossar haky anyk pul möçberinde tölenýär
Hossar hakyny töleýjileriň maşgala we maddy ýagdaýlary göz öňünde tutulýar


Hossar hakyny tölemegiň görnüşleri (ýollary)
Puly hossar hakyny almaly adamyň gös-göni özüne bermek
Kazyýetiň çözgüdi (karary) esasynda töleg geçirtmek
Puly hossar hakyny töleýäniň işleýän (pensiýa ýa-da talyp hakyny alýan) edarasynyň üsti bilen tölemek
Hossar hakyny töletmek boýunça kazyýet önümçiliginiň esasy aýratynlyklary
Talap arza talapçynyň ýa-da jogapçynyň ýaşaýan ýeri boýunça bildirilip bilner
Jogapçynyň ýaşaýan ýeri belli bolmasa, kazy onuň gözlegini yglan edýär
Kanun talapçyny kazyýet çykdajylaryny (döwlet pajyny) tölemekden boşadýar
Hossar hakyny tölemek baradaky karar gaýragoýulmasyz ýerine ýetirilýär
Talap arza resmi kabul edilen gününden başlap kämillik ýaşyna ýetmedik çagalara hossar haky tölemeli edilip bilner

**Sowalnama:**

(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)

**1. Ata-ene çagalarynyň haýsysyna hossar hakyny tölemäge borçly?**

- maddy kömege mätäç çagasyna;
- kämillik ýaşyna ýetmedik çagasyna;
- ýaşyna garamazdan özünden bolan çagalaryň hemmesine;
- kämillik ýaşyna ýetmedik çagasyna we kämillik ýaşyna ýetip zähmete ukypsyzlygy sebäpli maddy kömege mätäç çagasyna.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**2. Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin ata-enesinden hossar haky alynýar:**

- bir çaga üçin aýlyk-gazanjynyň – 1/4 bölegi, iki çaga üçin – 1/3, üç we ondan köp çagalar üçin – 1/2 möçberinde;
- bir çaga üçin aýlyk-gazanjynyň – 1/6 bölegi, iki ýa üç çaga üçin – 1/3 we ondan köp çagalar üçin – 1/2 möçberinde;
- aýlyk-gazanjynyň möçberine garamazdan her çaga birmeňzeş anyk pul möçberinde;
- aýlyk-gazanjynyň möçberine garamazdan üç çaga çenli bir möçberde, ondan köp çaga artdyrylan möçberde.

*Dogry jogaby tapyň.*

**3. Kämillik ýaşyna ýeten çagalary üçin alynýan hossar hakyndan ata-ene boşadylyp bilnermi?**

- hawa, eger ata-enäniň maddy ýagdaýy düýpli ýaramazlaşan bolsa;
- hawa, eger çaganyň zähmet çekmäge ukyby dikelen bolsa;
- hawa, eger çaga indi mätäçlik çekmeýän bolsa;
- ýok, kanun bu meselede ata-enäniň maddy ýagdaýyny ýa-da islegini göz öňünde tutmaýar.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**4. Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary üçin atasyndan (enesinden) alynýan hossar hakynyň möçberi azaldylyp bilner, eger:**

- hossar hakyny töleýäniň başga-da çagalary bar bolsa;
- hossar hakyny töleýän birinji ýa-da ikinji topara degişli maýyp bolsa;
- çaga döwlet mekdep-internatynyň ideginde bolsa;
- çaga ejesi bilen ýaşap, ejesiniň-de aýlyk gazanjy ýeterlik bolsa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**5. Kimden hossar haky paý görnüşinde däl-de, anyk pul möçberinde alnyp bilner?**

- lukman;
- pensioner;
- suratkeş;

- mugallym.

*Dogry jogaby tapyň.*

6. **Ata-eneden hossar hakyndan başga-da maddy kömek talap edip bolar, eger:**
   - çaga daşary ýurtda dynç almaga iberiljek bolsa;
   - çagany höweslendirmek üçin kompýuter alnyp beriljek bolsa;
   - çaganyň doglan güni ýokary derejede bellenjek bolsa;
   - çaganyň düýpli keselini bejertmäge pul gerek bolsa.

   *Dogry jogaby tapyň.*

7. **Mümkinçiligi bolan kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz ata-enesini eklemäge we saklamaga borçludyrlar, eger ata-ene:**
   - islendik ýagdaýda şolar ýaly talap bildiren bolsa;
   - zähmete ukypsyz we maddy kömege mätäç bolsa;
   - zähmete ukypsyz bolsa;
   - maddy kömege mätäç bolsa.

   *Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

8. **Kämillik ýaşyna ýeten çagalar ata-enesine hossar hakyny tölemekden boşadylyp bilner, eger-de:**
   - ata-enesi döwlet edarasynyň ideginde bolsa;
   - ata-enesiniň işe ukyplylygy belli bir derejede dikelen bolsa;
   - ata-enesi wagtynda çagalaryny degişli derejede ekläp-saklamadyk bolsa;
   - çagalary mundan beýläk ata-enelerini ekläp-saklamak islemeseler we şol borjy kanun esasynda döwletiň üstüne ýüklenmegini talap edýän bolsalar.

   *Dogry jogaby tapyň.*

9. **Hossar hakyny tölemek borjy haýsy garyndaşlaryň arasynda ýüze çykyp bilmez?**
   - garry ata (ene) we agtyklar;
   - daýy (daýza) we ýegenler;
   - erkek doganlar we uýalar;
   - öweý ata (ene) we öweý çagalar.

   *Dogry jogaby tapyň.*

10. **Hossar hakyny tölemegiň nähili ýollary bar?**
    - prokuroryň karary esasynda;
    - kazynyň karary esasynda;
    - hossar hakyny töleýäniň haýyşy boýunça onuň işleýän ýeriniň üsti bilen;
    - hossar hakyny degişli adamynyň gös-göni özüne bermek, şol sanda aragatnaşyk bölüminiň üsti bilen.

    *Nädogry jogaby tapyň.*

**11. Är-aýal bir-birine maddy kömek bermelidir, eger olaryň biri:**

- birinji ýa-da ikinji topara degişli maýyp bolsa;
- agyr maddy ýagdaýa düşen bolsa;
- pensiýa ýaşyna ýeten bolsa;
- zähmete ukypsyzlygy sebäpli mätäçlik çekýän bolsa.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**12. Aýalynyň ärinden eklenmek üçin kömek puluny almaga mümkinçiligi bar, eger-de:**

- göwreli bolsa;
- çagasy dört ýaşamadyk bolsa;
- nika ýatyrlandan soň bir ýyl geçmänkä keselläp, zähmete ukypsyz bolup galan bolsa;
- nika ýatyrylandan soň 5 ýyl geçmänkä pensiýa ýaşyna ýeten bolsa.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**13. Kazyýetiň çözgüdiniň esasynda çagalaryň ikisi (3 ýaş we 5 ýaş) enesi, biri bolsa (7 ýaş) – atasy bilen ýaşamaly edilipdir. Aýaly ärinden çagalary üçin hossar hakyny almak barada kazyýete talap arza bildiripdir. Bu talap kanagatlandyrylmaga degişlimi?**

- ýok;
- hawa, sebäbi aýalynda bir çaga köp;
- hawa, eger olaryň maddy ýagdaýy pes bolsa;
- hawa, eger aýal işlemän çagalaryny terbiýelemek islese.

*Dogry jogaby tapyň.*

**14. Kazyýetiň çözgüdi (karary) esasynda hossar haky alynýan bolsa:**

- töleýji iş ýeriniň ýa-da ýaşaýan ýeriniň üýtgänligi barada kazyýet ýerine ýetirijisine habar bermäge borçly;
- töleýji öz goşmaça girdejileri barada kazyýet ýerine ýetirijisine habar bermäge borçly;
- edara töleýjiniň işden çykanlygy barada kazyýet ýerine ýetirijisine we hossar hakyny alýana habar bermäge borçly;
- edara töleýjiniň täze iş ýeri ýa-da ýaşaýan ýeri barada bilýän maglumatlaryny kazyýet ýerine ýetirijisine bermäge borçly däl.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**15. Är-aýal biri-birine maddy kömek bermeli edilende:**

- kazyýet olaryň ikisiniňem maşgala we maddy ýagdaýlaryny göz öňünde tutmaly;
- kazyýet taraplaryň maşgala we maddy ýagdaýlary üýtgän halatynda, olaryň arzasy boýunça kömek pulunyň möçberini azaldyp ýa-da köpeldip bilýär;

- kazyýet är-aýalyň biriniň arzasy boýunça kömek puluny tölemekligi ýatyrýar, eger-de kömek puluny alýan äri (aýaly) täze nika giren bolsa;
- kömek puly äriniň (aýalynyň) mätäçligi aradan aýrylýança tölenilmelidir.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**16. Aýaly ärinden maddy kömek almak üçin kazyýete talap arza bildiripdir. Kazyýet kömek pulunyň möçberini kesgitlände:**

- aýalynyň maddy we maşgala ýagdaýyndan ugur alypdyr;
- äriniň maddy we maşgala ýagdaýyndan ugur alypdyr;
- ikisiniň maşgala we maddy ýagdaýlaryndan ugur alypdyr;
- är-aýalyň maşgala we maddy ýagdaýlaryny göz öňünde tutmandyr, sebäbi är-aýal biri-birine islendik ýagdaýda kömek beräýmeli.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**Bellik:** Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw-usuly gollanmanyň ahyrynda berilýär.

**VI hekaýa *Ynsabyň yzasy***

...Müdiriň iş otagynyň penjiresi çagalar öýüniň howlusyna garaýardy. Penjiräniň tutulary syrylgy bolandygy zerarly howluda şowhun turzup, oýnaşyp ýören çagalar görünýärdi. Müdir zenanyň öňünde oturan Gadyr daşyndan göräýmägä müdiriň aýdýanlaryny diňleýän ýaly bolsa-da, iki gözi daşardaky çagalardady. Onuň aňynda: „Bularyň haýsysyka?“ diýen pikir at salýardy.

-Siz düşüniň! Men size öňki saparlarda hem aýtdym. Onuň ejesi dogry ýola düşdi, ol häzirki wagt enelik hukuklaryny dikeltmek meselesi bilen kazyýete ýüz tutmakçy bolup ýör. Onsoň men nädip, size Nedir jany perzentlige almak meselesinde ýardam bereýin, oglanjyk bilen duşuşdyraýyn?! Üstesine-de onuň ejesi her hepdäniň şenbe, ýekşenbe günleri görme-görşe gelýär. Bu günem onuň gelýän güni...-diýip, gatyrganýandygy mese-mälim bildirip duran müdir zenan sözüne dyngy berdi.

Emma Gadyr geçen gezeklerdäkisi ýaly, müdir zenanyň öz haýyşyny kanagatlandyrmakdan ýüz döndermesi bilen ylalaşyp, çykyp gidibermedi. Ýalbaryp başlady:

-Sizden, haýyş edýärin, gaýrat ediň! Men size geçenki gelenlerimde gürrüň berdim ahyry! Men Nedir janyň kakasy. Diňe birje gezek görüp gitsem bolýar. Eger isleseňiz men onuň bilen gepleşmerinem! Siz diňe: „Hanha şol oglanjyk“ diýip, maňa Nediri görkeziň, men ony azajyk synlap duraýyn-da, onsoň gaýdaýyn. Galan meseleleri hossarlyk we howandarlyk edarasynda çözeris...

Müdir zenan Gadyryň uly boýuny kiçeldip, özelenip durmagyna dözmedi. „Geçen gezeklerinde-de rugsat bermedim... Ýogsa-da ýöne daşdan synlany bilen näme bolýar? Ýa rugsat beräýsemmikäm? Asla, oglanjygyň ejesi bir geldimikä?!“ diýip oýlanan müdir zenan ýüregi ýukalygyny etdi:

-Men size ýaňy aýtdym, bu gün onuň ejesiniň gelýän güni...Siz biraz şu otagda oturyň-da, bir käse çaý içiň, häzir terbiýeçisinden soraýyn, birden Nedir jan ejesiniň ýanynda bolaýmasyn! Eger-de ol entek gelmedik bolsa, onda men size ony birsalym daşyndan synlamaga rugsat beräýerin.-diýip çagalar öýüniň müdiri, tolgunýandygyny bildirmejek bolup, özüne zor salyp oturan Gadyryň öňüne çäýnek-käsäni we haşamly süýjüdany süýşürdi.

Orta ýaşdan aganam bolsa, henizem dolmuşdan syratly, ýüz-gözünden mähir çogup duran müdir zenanyň yzyndan işik ýapylandan soň Gadyr içesi gelmese-de, güýmenmek üçin käsä çaý guýundy. Bir-iki ýola gaýtardy. Soňra pyýalany eline aldy-da, owurtlady. Gyzgyn bolandygy zerarly käsäni mejimede goýdy. Bu ýere öň hem birnäçe gezek gelendigine garamazdan, iş otagyny ilkinji gezek görýän ýaly, ünsli synlap ugrady. Otagyň diwarlaryndan asylgy suratlaryň, halynyň ýüzünden gözleri bilen tyrpyp barşyna ol özüniň nädip çuň oýa batandygyny hem duýman galdy.

„Beh, bu nähili boldy-aý?! Dogry iş edýärmikäm? Eger Feride enelik hukuklaryny dikletmekçi bolsa men Nediri perzentlige alyp, ony ikilenç çagasyndan jyda düşüräýermikäm? Äý onsoňam hany entek göreli bakaly, näme bolýar. Adwokat maňa düşündirende: „özüňem-ä aýrylyşylgy, maşgalaňam ýok, saňa çagany perzentlige bermegi hossarlyk we howandarlyk edarasy kyn

göräýmese“ diýipdi welin... Hany göreris-dä. Eger gerek bolsa Feridäniň özi bilenem gepleşäýerin... Onsoňam meniň ýeke özüm çaga terbiýe berip bir bilermikäm?! Eýgerermikäm?... Ozal-a Feride görgüliniň ýüzüne ýalan sözläp, oňa, onuň özüme bolan päkize duýgusyna şyltak atyp, oglundan...oglumyz Nedirden ýüz önderdim. Meniňki däl diýdim... Şeýle pislik bilenem gül ýaly gyzyň ykbalyna atanak çekdim, maňa bolan ýigrençden ýaňa onuň ýoluny urduryp, durmuşyň batgasyna batmagyna, iň soňunda-da enelik hukuklaryndan mahrum edilip, çagamyzyň çagalar öýüne tabşyrylmagyna sebäp boldum. Indi bolsa özümiň birmahal, ýedi-sekiz ýyl mundan ozal: „meniňki däl, meniňki däl“ diýip çarbaýlyk edip, çabalanyp ýüz dönderen perişdeden päk çagajygymy, öz ganymdan gan alan, janymdan jan alan oglanjygymy perzentlige aljak bolýaryn...Bäh!“

Gadyr uludan dem aldy-da, maňlaýyny owkalady. „Bu çarhy-pelegiň oýunlaryna seretsene! Birden-ä seni näkesligiň çür başyna çykmaga mejbur edýär. Birdenem öz eden günäleriň ählisini depäňden düňderip, dünýäňi gapyşdyrýar...Men nähili akmak hem ýeňilkelle bolupdyryn! Diňe özümi, diňe bir özümiň lezzetimi bilip ýaşap ýörşüme, gör men näçe adamyň bagtyny küle gardym. Gymmat, oguljygymyz Perhat, Feride, oguljygymyz Nedir, ata-eneler, ählimiziň hossarlarymyz...Gör näçe adam! Gör näçe adamyň durmuşyna zäher gatypdyryn...Hernä Hudaýa şükür, henizem bir pille! „Hiçden giç ýagşy“ diýipdirler, häzirem özümiň akmajyk hyjuwymyň teşneligini gandyrmagyň ugrunda ser-sepil bolup, azaşyp ýitiren hak ýolumy tapsam, düzelmäge, eden ýamanlyklarymy ýylmap-ýuwmaga puryja bar...Hudaýa şükür, Alla jana müň-de bir alkyş! Hälem, Hak Perwerdigär, menden mübärek ýüzüni öwürmän, dogry ýola gönükmegime mümkinçilik berdi. Göwnüme düşünmeklik saldy...“

Çuň oýa batan Gadyr çaýynyň buza dönendigine üns bermän, käsäni göterdi-de, owurtlady. Ony mejimede goýubam ýene-de edil durnagöz suwly akar çeşme ýaly, kalbyny geçen ýyllaryň kir-kimirinden saplap barýan, ynsabynyň yzasyna ýugrulan pikirlerini başynda aýlamagyny dowam etdi.

„Soňky iki-üç ýylyň içinde ýekelik basmarlaýarmy nämemi, birhili öýüme sygman başladym. Göräýmäge durmuşymda azda-kän-de gyzyklanara zadam ýok däl ýaly. Işimde abraýym bar. Günüm gowy dolanýar. Gymmat bilen aýrylyşanymyzdan soň ejem-kakamyň iňirdisine çydaman, özbaşyma jaý edindim. Iliňkä meňzeş ulagjygym bar. Ýöne welin... ýöne welin, işden öýüme barasym gelmeýär... Näme üçin barjak?! Haçan barsaň gugaryp, haňlap ýatyr. Işikden giren badyňa gyşyň aýazyndan ýüz esse beter aňzak ýüzüňe hapylap urýar... Boşlugyň hem ýalňyzlygyň aňzagy... Asyl ynsan öýüniň-ojagynyň ýylylygy, yssysy, dolulygy aýal hem çagalar bilen eken-ow!.. Ýaşyň otuza ýakynlaberende öz durmuşyňda köp zatlara täzeden garaýarsyň. Ine, menem şu ýaşymda köpleriň hemişe göz ýetirip ýören şu hakykatyna düşündim. „Uzynyň akly giç geler“ diýenleri-dä...Daş-töweregime syn edip gördüm, „heý, meniň ýaly, şeýle sopbaş sallah, eljagazy bilen öz öýüni başyna ýumran barmyka?“ diýip, garanjakladym. Ilçilik-dä, her haýsysy bar. Arasynda meniň ýalysy hem tapdyrýar. Ýöne deň-duşlarymyň, dost-ýarlarymyň, goňşy-golamlarymyň aglaba köpüsi başga, has ajaýyp, meniň üçin elýetmez durmuşda ýaşaýarlar, çagajyklaryna guwanýarlar, hojalyklarynyň hysyrdysy bilen başagaý... Men bolsa daýhanyň indiki ýyl ekin

ýetişýänça goparyp aýyrmagy ýadyndan çykarandygy üçin, hasyly orlanyndan soň sürlen ekin meýdanynyň orruk-ortarasynda somalyp galan garantga deýin, hiç kime gerekmejek, manysyz durmuşjygym bilen ýaşan bolup ýörün... Şeýlebir ýüregim gysdy, şeýlebir ýüregim gysdy, edil ýöne maňlaýymy boşlukdan dolup, haňlap ýatan öýümiň diwarlaryna uruplar, ulyilim bilen gygyryberesim geldi...“

Gadyr ýerinden turdy-da, ynsabynyň agyryly oýlanmalaryndan az-kem ünsüni sowmak üçin otagyň içinde gezmeläp ugrady. Emma ençeme wagtlap bihaýa duýgularyň jadysyna bendiwan bolup, agyr gaflatda ýatan wyždan, indi bir oýananyndan soň öz pidasyny sypdyrarly däldi. Gadyr ýene-de içini hümletmegini dowam etdi. „...Günlerde bir günem ýüregime bire baglap, Gymmady görmäge gitdim...Wah, men onuň gutulgysyz kesele uçrandygyny-da bilýärdim. Onuň keseli heniz aýrylyşmankak başlapdy. Men soň onuň bilen birnäçe gezek gepleşip, ötünç soramakçy hem bolupdym. Ol soňky sapar kazyýete menden kömek puluny we hossar hakyny töletdirip almak barada talap arza berende-de, onuň bilen ýekelikde gepleşip: „yzyňa dolan, täzeden durmuş gurmaga synanyşaly“ diýjegem bolupdym, emma her sapar Gymmadyň solgun keşbini görenimde özümiň oňa eden ikiligim zerarly ýüzüm gyzaryp başlaýardy, dilim tutulýardy-da, hiç zat diýip bilmän ýuwdunyp galýardym... Soňky sapar bolsa ýüregime daş baglap öýlerine bardym. Barsam oguljygym mekdepden gelýän ekeni. Şeýlebir naşyja ol! Okuwçy geými dagy syrdamja göwresine şapylaşypjyk dur. Edil ýöne görseň guwançdan hem mähirden ýaňa ýüregiň sanjyp gidýär... „Oglum, ejeň barmy?“ diýdim. „Öýdedir-le, häzir çagyraryn!“ diýdi-de, tüňňerlip gitdi. Iň bärkisi ýeke sapar „kaka“ hem diýmedi...

...Gymmat maňa onuň bilen görüşmäge rugsat bermese-de ol meni tanaýan bolmalydy ahyry! Şonda dünýäm lerzana geldi. Haçan-da ogluň saňa: „kaka“ diýmegi özüne kiçilik bilse, ýalançyda şondan aýylganç zat ýok ekeni...Birsalymdan galyň begres donuna çolanyp, Gymmat daşaryk çykdy. Ony görenimde inim tikenekläp gitdi. Ýüzünde jan bar-a meňzemeýärdi. Gözleri owalarynyň içine çöküpdir. Saralypdyr-solupdyr. Hany ol gözüň ak ýagyny iýip gelýän, ýumşak hem agras görmegeýlik, synlanyňda iniňi tikenekledýän gül beden kaddy-kamat?! Hiç zat ýok! Diňe garry kempire çalym edýän, ähli zatdan ýadan, hemmelerden, hatda özündenem bizar bolan, bir aýagy bilen bakylykda duran zenan galypdyr... Näçe ýalbarsam-da hemişekisi ýaly ýüz bermedi. „Git!“ diýdi. „Edibileniňi etdiň, seniň bilen bizi baglanyşdyrýan hiç zat ýok“ diýdi... Hojaýyny saýgylan ykmanda köpek deýin, gözlerimi ýerden göterip bilmän gaýtdym. Birnäçe günden soňam birden Feride bilen oguljygymyz ýadyma düşdi-de, olary gözläp ugradym... Esli wagtdan soň ähli zadyň anygyna ýetdim...Feridäniň menden soňky durmuşy barada-da, enelik hukuklaryndan mahrum edilişi hakynda-da eşitdim... Oglumyz Nediriň haýsy çagalar öýünde terbiýelenýändigini-de bildim.

Onsoň Nedir jany çagalar öýünden öz ýanyma almak üçin nähili hereket etmelidigini soramaga hukuk maslahathanasyna bardym. Adwokata tutuş wakany gürrüň berdim welin, ol maňa: „Çagany almak üçin Feridäniň sizi Nediriň atasy diýip kesgitlemek hakynda talap arzasy boýunça kazyýetiň şol bir mahalky çykaran çözgüdini gözegçilik tertibinde sökmek barada şikaýat bilen kazyýete ýüz tutmak gerek. Degerli subutnamalary getirip görkezen ýagdaýyňyzda kazyýet öňki

çözgüdi ýatyrar-da, sizi çaganyň atasy diýip kesgitlär“ diýip maslahat berdi. Emma men utandym. Nä ýüzüme kazyýete beýle şikaýat bilen ýüz tutaýyn?! Öň-ä bir zat diýip, indi bolsa şonuň tersine gepläp... Men adwokatdan Nediri çagalar öýünden almagyň başga kanuny ýoluny salgy bermegi haýyş edenimde, ol maňa çagany perzentlige almagy maslahat berdi...Şeýdibem men ýalňyşlygymy düzetmek üçin ylgap ugradym... Ine-de men çagalar öýünde. Gelşime bar zady müdire gürrüň berdim. Bolsa-da, öňki gezek gelenlerimde al-petimden alsa-da, bu gezek düşündi. Meni ýazgaryp: „oglanjygy görmersiň“ diýip aýak depip durmady...“

Gapynyň açylmagy Gadyry pikir ummanyndan sogurdy.

-Bagyşlaň, eglenäýdim.-diýip müdir kürsüsine geçdi. Gadyr müdir zenanyň ýüzüne soragly garady.

- Eýýäm günortana golaýlady welin, heniz-ä Nedir janyň ejesi gelmändir, görseňiz bolar-la. Ýöne ýakynyna baryp lak atmaň, ejesi halamaz, Nedir janyň kakasy bolsaňam, bize biderek ýerden dawa-jenjel gerek däl...Ýeri bolýar-da, ýörüň, men size Nediri görkezeýin.-diýip müdir zenan Gadyryň sözsüz sowalyna jogap berdi. Içi byjyklap duran Gadyr ýerinden turdy:

- Ýörüň, gaýrat ediň.

Olar tirkeşip daş çykdylar. Müdir zenan Gadyryň öňüne düşüp ugrady. Olar çagalar öýüniň baş binasynyň ýeňse ýüzüne aýlandylarar welin, Gadyr giň meýdançada on-on bäş sany oglanjygyň ala-gykylyk bolup, top oýnaşyp ýörendiklerini gördi. Birdenem derwezede duran ýedi-sekiz ýaşly bezzat sypat oglanjykda onuň nazary büdredi. Onuň ýüregi jigläp gitdi. Gadyr aýak çekdi-de:

-Şol derwezede duranmy?!-diýip kimdir birinden çekinýän dek, diňe müdire eşitdirip pyşyrdady. Müdir zenan oňa geň galyp garady:

-Hawa, nädip bildiňiz? Ýa öň ony görüpmidiňiz?

Gadyryň:

-Hawa. Görüpdim...ýüregimiň töründe!-diýen pyşyrdysyny hatda müdir zenan hem eşitmedi. Ol:

-Men şu ýerde oturybereýin-le!-diýip, pyýada ýodajygynyň ugrundaky oturgyjy görkezdi.

Müdir zenan egnini gysdy:

-Ýeri bolýar, halanyňyzy ediň. Eger bir sorag ýüze çyksa men öz iş ýerimde bolaryn. Ýöne siz kän eglenmäň! -diýdi-de gitdi.

Gadyr bolsa çete çekildi-de, goh-galmagallary dik asmana göterilýän deňdeşleri bilen dawalaşýan Nediri synlap ugrady. Ol ýüzi-gözi çyr-çyrşak garagol oglanjygyň didaryndan synlap doýup bilmeýärdi.

„Ýüzjagazam meňzeýär, meniňki ýaly! Burunjygam meniňkä çalymdaş, gulajyklaram, eňegem, saçjagazlaram... Bary meniňki! Bary men ahyry, bujagazyň! Hemmesi men!“

Ylla bir topuň yzynda gaýmalap ýören, bezzat oglanjyk däl-de, tutuş älem-jahan ýaly, özem ony sypdyrman synlaýan ýaly, öz pikirlerine onuň özi-de heziller edip ýylgyrýardy. Ol şu pursat bagtlydy. Ömrüniň soňky ýedi-sekiz ýylynda ilkinji gezek özüni juda bagtyýar duýýardy. Hatda özüni dolduryan bagtdan ýaňa onuň çar-töweregi ýaňlandyryp gygyryberesi gelýärdi. Wah, şu wagt utanmasady ýa-da Nedir jan bilen bilelikde başy garly Köpetdagyň dereleriniň birinde gezip ýören

bolsadylar, kalbyny heýjana getirýän duýgulary gygyryp-gygyryp bir egissedi, tutuş durkuny doldurýan ümmülmez şatlygy ýagty jahan bilen bir paýlaşsady şu wagt!

Özüniň ernini gulagyna ýetiräýjek bolup ýylgyryp oturandygyny aňşyrmaýan Gadyr bu wagt daş-töwereginde bolup geçýän zatlaryň hiç birini duýmaýardy. Bu mahal ümmülmez älemde diňe onuň bilen Nedir galypdy. Ol-a synlap otyrdy, synlanylýanyny bilmeýän Nedirjigem özüniň derwezebandygyny unudyp, pökginiň yzynda sergezdandy...

Birdenem:

-Näme işleýärsiň bu ýerde, sen, nejis?!-diýip ýeňsesinden eşidilen gazaply hem howsalaly sese Gadyr tisginip gitdi. Ol yzyna öwrüldi. Aňyrdan ylgaşlap gelýän Feride, gele-gelmäşe ýerinden turan Gadyryň döşünden itiberip goýberdi. Soňra özüniň näme edýändigine-de düşünmän, Gadyryň ýüzüne jabjynyp başlady. Gany depesine uran Feride dälirän ýalydy:

- Nä ýüzüňe geldiň?! Nämäňe geldiň? Asyl ýaňy terbiýeçileriň biri: „Nediri idäp bir erkek kişi geldi. Perzentlige aljak bolýarmy nämemi“ diýip gümmi-sümmi etdi welin, asyl şol adam sen ekeniň-dä! Näme öňki edeňleriňi az görüp, indi meni ikilenjem göz-guwanjymdan jyda düşürjek bolýarsyňmy?

Gadyr Feridäniň gykylygyna çagalaryň oýnuny goýup, özlerine seredişýändiklerini gözüniň gyýtagy bilen saýgardy. Ol gyzardy. Golundan tutup saklady-da, gazaba münen Feridäni köşeşdirmäge çalyşdy:

-Dur Feride, men saňa düşündireýin. Gohlama! Häzir bar zady düşündirjek ahyry!

Emma Feride ony diňlärli däldi. Ol gaýta barha beter möwç alýardy.

-Ýok bol şu ýerden, näkes! Git ahyry, näme dursuň, indi beri, bizi öz günümize goý ahyry!

Feride elini silkip, Gadyryň golundan sypdyrdy-da, gaharyna bäs gelip bilmän ýene-de gygyryp ugrady. Aljyran Gadyr birbada näme etjegini bilmedi. Birdenem özüniň birmahallar, esger döwri synlap doýup bilmedik ala gözlerine dikanlap garady-da, Feridäniň eginlerinden penjeledi. Soňam ýekeje pursadam säginmän, oslagsyzlykdan ýaňa näme bolýandygyna-da düşünmän galan zenany özüne dartyp, bagryna basdy. Onuň:

-Meni bagyşla, Feride! Günämi öt! Maňa durmuşa çyk, biz maşgala guraly!-diýen pyşyrdysy goram-gowşak bolup, urunmaga-da mejaly galmadyk näzeniniň deňiz ysly saçlaryna siňdi...

...Şondan bir aý gowrak wagt geçenden soňra Gadyr hem Feride Nikalar köşgüne baryp resmi nika baglaşdylar. Takmynan iki-üç aýdan soň kazyýet Feridäniň enelik hukuklaryny dikeldenden soň bolsa, Gadyr bilen Feride Nediriň hakyky atasyny kesgitlemek üçin RÝNÝ edarasyna bilelikde arza berdiler.

## VI hekaýanyň seljermesi:

***Hukuk nukdaýnazaryndan:***

Jedelli gatnaşyklar boýunça kazyýet tejribesinde her hili çemeleşmeler-garaýyşlar döräp bilýär, dürli hukuk çözgütlerine gelinýär. Muňa birnäçe durmuş ýagdaýlary sebäp bolup biler.

Biziň pikirimizçe, şu anyk mysalda kazyýetiň Gadyryň atalygyny ret edýän çözgüdiň gözegçilik tertibinde ýatyrjak bolmaklygyň zerurlygy ýok, sebäbi hekaýanyň gahrymanlarynyň arasynda dörän täze durmuş şertlerinde atalyk babatda hiç-hili jedel ýok.

Atalygy ret edýän çözgüdiň bolmaklygy Gadyr bilen Feridäniň ogullary Nediriň atalygyny kesgitlemek üçin RÝNÝ edarasyna bilelikde arza bildirmeklerine asla päsgelçilik döretmeýär.

Hekaýadan görnüşi ýaly, Gadyryň maksady Nediri perzentlige almakdy. Bu durmuşy mesele. Şonuň üçin hem çagany perzentlige almagyň hukuk düzgünleşdirmesi babatda okuw-usuly gollanmanyň „Hukuk maglumatlary“ bölüminde giňişleýin beýan edilýär.

***Ahlak nukdaýnazaryndan:***

Türkmen halkynyň belli şahyry Berdinazar Hudaýnazarowyň bir goşgusynda: „Ynsanlygyň mähek daşy, ynsap bizden aýrylmasyn“ diýilýär. Mälim bolşy ýaly, mähek daş – bu zergärler tarapyndan ýüzük, bilezik ýaly şaý-sepleriň sap altyndandygyny ýa-da däldigini anyklamak üçin ulanylýan daşdyr. Şahyryň ynsaby şol üýtgeşik häsiýetli daşa meňzetmegi hem ýöne ýerden däl. Ynsabynyň barlygy ýa-da ýoklugy bilen ynsanyň hakyky ynsanlygy ýa-da däldigi kesgitlenýär. Ynsap edil ynsanyň ynsanlygyny goraýan sakçy ýaly bir duýgy. Ol gije-gündiz sak durup, adamyň päk ahlaklylygyny ynsan nebsiniň döredýän göze görünmezek bela-beterlerinden goraýar. Eger-de ynsap nebsiň guluna öwrülmedik bolsa, onuň bilen şertnama baglaşyp bolmaýar, öz bähbidiň üçin ýarym ýalan sözläp ýa-da ýamanyň ýanynda dymyp durup, ylalaşmak mümkin däl. Ol diňe hakykaty geplemegi talap edýär. Eger-de adam ýalňyşyp, haýsydyr bir hata işi edäýse-de oňa öz ynsaby iň agyr temmini – ruhy jezany berýär.

Hekaýada beýan edilýän ýagdaýlarda-da şonuň ýaly bolýar. Gadyryň ynsaby oýanýar-da oňa ruhy ejir berip ugraýar. Iň soňunda-da şol ruhy ejiri onuň dogry ýola düşüp, öz eden günä işlerini ýuwmak üçin dyrjaşyp başlamagyna getirýär. Onuň Gymmat özüni inkär edenden soňra Feridäniň we Nediriň gözlegine başlamagyny hem ýazgarmak bolmaz. Ol adam, üstesine-de özüniň özgelere eden ýamanlyklarynyň ählisini düzetmäge çalyşýar. Gymmat bolsa ata-babalarymyzyň: „bir ýazykdan är ölmez“ diýen nakylyny, geçirimlilik, rehimdarlyk, ýoluny ýitirene yzyny tapmaga goldaw bermek ýaly belent adamkärçilikli ahlak ýörelgelerini undup, päk niýet bilen ýanyna baran Gadyryň ýüzüni alýar. Bir çeper filmiň gahrymany: „Hakykat ähli zatdan ýokarda durýar, hakykatdan ýokarda adalat bar, adalatdan ýokarda-da rehimdarlyk hem geçirimlilik bar, ondan ýokarda bolsa söýgi

dur“ diýip aýdýar. Bu örän dogry pikir. Şu nukdaýnazardan hem Gymmadyň hereketine ahlak taýdan nädogry diýip aýtmak bolar.

***Durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan:***

Durmuşda ýalňyşmaýan adam ýok. Ýöne iň esasy zat, öz ýalňyşyňy düzetmäge we soň şonuň ýaly ýalňyşlary goýbermezlige çalyşmakdyr. Şu pikirden ugur alnanda Gadyryň hereketleri tüýs oňlamaga mynasypdyr. Ol ýaşlygynda birnäçe adamlary betbagtlyga uçradýar. Onuň 30 ýaşy dolup gelýär. „Men näme üçin, kim üçin ýaşaýaryn, nämä guwanmaly“ diýen soraglar onuň öňünde örboýuna galýar. Onuň ähli deň-duşlary maşgalaly, durmuşlary şadyýan, emma oňa welin iki çagasy bolsa-da hiç kim kaka diýmeýär, ýaşlygynda köňül beren iki zenany hem onuň bilen hiç-hili gatnaşyk etmeýär. Ynsaby oýanandan soň Gadyr öz hatalaryny düzetmäge girişýär. Özi-de aýratyn bellemeli zat, onda „indi bir hiç kimi ynjytmaýyn, indi bir hiç kimiň göwnüne degmäýin“ diýen uly gorky bar.

Onuň Gymmat öz teklibini ret edenden soňra Feridäni we Nediri gözläp başlamagy hem „sen bolmasaň senem jan“ diýen düşünjeden ugur almak zerarly däldir. Onuň bu hereketi many taýdan örän durmuşy hereketdir. Sebäbi ol diňe bir Gymmadyň we ogly Perhadyň gününi bulamady-da, Feride bilen Nediri hem ençeme kynçylyklara sezewar etdi. Şonuň üçinem ol Gymmat öz teklibinden ýüz dönderenden soňra ruhdan düşüp, ýalňyşlyklaryny düzetmek niýetinden el çekmeýär-de, başga ugurda hereket edip başlaýar. Ahbetin erjellik bilen öz maksadyna-da ýetýär. Feride bilen goş birikdirýär, özüni Nediriň atasy hökmünde resmileşdirmegiň ugrunda hereket edip ugraýar.

Hekaýanyň beýleki gahrymany Feride hem öz durmuşyna many-mazmun bermäge dyrjaşýar. Gaýtadan çagasyny öz ýanyna almak üçin zähmet çekýär, ony bir mahal özüni aldan adam bolan Gadyrdan goramaga çalyşýar. Gadyryň hereketleri Feridäni onuň duýgularynyň hakykatdygyna ynandyrýar we Feride onuň bilen durmuş gurýar. Durmuşy nukdaýnazardan Feridäniň hereketleri Gymmadyň hereketleriniň tersine oňlanylmaga mynasypdyr. Ynsan hemişe bagta, bagtly bolmaga, öz bagtyny tapmaga ymtylýar. Bagta barýan ýol bolsa köplenç çarkandakly bolýar. Şeýle ýolda-da köp ýagdaýda adam büdreýär, ýalňyşýar, azaşýar, emma adamyň ýalňyşany üçin ondan ýüz öwürmegiň we onuň bilen bagtly bolmak islegiňi kör edip, betbagt bolup ýaşamagyň hiç-hili manysy ýokdur.

## Hukuk maglumatlary:

### ***Perzentlige almak***

*Çagalary perzentlige almak* – bu ata-enesi ýoklugy, agyr keselliligi ýa-da ata-enelik hossarlygyndan we mährinden başga sebäplere görä mahrum bolan çagalary terbiýelemek we olaryň kadaly maşgala durmuşyny üpjün etmek üçin gönükdirilen çäredir. Perzentlige almak esasynda perzentlige alýan bilen perzentlige alynýanyň arasynda edil hakyky ata-enäniň hem çagalaryň arasyndaky ýaly şahsy we emläk hukuklary hem borçlary döreýär.

Tersine, öz hakyky ata-enesi we garyndaşlary babatda ähli şahsy hem emläk hukuklary bolsa ýitirilýär. Eger çagany bir adam perzentlige alýan bolsa, beýlekisi babatda hukuk gatnaşyklary saklanyp-da bilinýär.

Diňe kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary, olaryň bähbitlerinden ugur alyp, perzentlige almaga rugsat berilýär. Bu mesele ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy tarapyndan çözülýär. Perzentlige alýan adam hökmünde çaga bilen garyndaşlykda durýan (mysal üçin, garry atasy, daýysy) ýa-da çaga hiç-hili dahyly ýok adamlar hem bolup biler.

Kämillik ýaşyna ýeten islendik adam perzentlige alyjy bolup biler, eger-de:

- ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmedik bolsa;
- kämillik ukyby ýok ýa-da çäkli diýlip ykrar edilmedik bolsa;
- çagasyna hossar hakyny tölemändigi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilip, iş kesilmedik bolsa;
- öz borçlaryny ýerine ýetirmändigi üçin öň perzentlige almaklyk ýatyrylmadyk bolsa.

Adatdan daşary ýagdaý bolaýmasa, perzentlige almaga çagalaryň ata-eneleriniň ýazmaça görnüşde beýan edilen razylygy gerekdir. Ata-ene çagany belli bir adamlaň perzentlige almagyna razylyk berip biler ýa-da perzentlige almaga razylyk bermek bilen, perzentlige alyjylary saýlap almagy hossarlyk we howandarlyk edarasynyň garamagyna berip biler. Perzentlige almak hakynda çözgüt çykarylýança ata-ene arzalaryny yzyna almaga haklydyr.

Eger çaganyň ata-enesi ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen bolsa ýa-da olar kämillik ukyby ýok diýlip, ýa-da nam-nyşanysyz ýiten diýlip ykrar edilen bolsa, onda çagany perzentlige almak üçin ata-enäniň razylygy talap edilmeýär. Haçan-da, ata-enäniň bir ýyldan köp wagt bäri çagasy bilen bile ýaşamaýandygy hem-de hossarlyk we howandarlyk edarasynyň duýduryşyna garamazdan, çagany terbiýelemäge ýa-da eklemäge gatnaşmakdan boýun gaçyrandygy anyklansa, onda ata-enäniň razylygy bolmasa hem, çaga kadadan çykma hökmünde perzentlige alnyp bilner.

Döwletiň çagalar edaralarynda saklanýan çagalary perzentlige almak üçin şol edaranyň dolandyryş toparynyň razylygy gerekdir. Ata-ene çagasyny çagalar edarasyna berende olaryň çagalaryny geljekde perzentlige bermäge razydyklary anyklanýar.

Hossaryň (howandaryň) terbiýeçiligindäki çagalary perzentlige almak üçin, eger olaryň ata-enesi bolmasa, hossaryň (howandaryň) ýazmaça görnüşde beýan

edilen razylygy zerurdyr. Jedelli halatda perzentlige almak hakyndaky mesele hossarlyk we howandarlyk edarasy tarapyndan çözülýär.

Eger perzentlige alynýan çaga on ýaşyna ýeten bolsa, onda perzentlige almak üçin onuň özüniň razylygy talap edilýär, eger-de ol ön özüni perzentlige alýan maşgalada ýaşap, olary öz ata-enesi hasap etmeýän bolsa. Muny hossarlyk we howandarlyk edarasy anyklaýar.

Nikada duran adam çagany perzentlige aljak bolanda, eger çaga är-aýalyň ikisi tarapyndan perzentlige alynmaýan bolsa, nikada durýanlaryň beýlekisiniň perzentlige almaga razylygy talap edilýär. Eger perzentlige alýanyň äri (aýaly) kämillik ukyby ýok diýlip kazyýet tarapyndan ykrar edilen bolsa, şonuň ýaly-da är-aýal özleriniň maşgala gatnaşylaryny bes eden bolsa we olar bir ýyldan artyk bile ýaşamaýan bolsa hem-de äriniň (aýalynyň) ýaşaýan ýeri belli bolmasa, onda onuň perzentlige almaga razylygy talap edilmeýär.

Perzentlige alnanlyk syryny gizlin saklamak maksady bilen, kanun birnäçe mümkin bolan çäreleri berkidýär, olar şulardyr:

- perzentlige alýanlaryň RÝNÝ edarasynyň resminamalarynda ata-ene hökmünde görkezilmegi;
- çaganyň familiýasynyň, atasynyň adynyň, şeýle hem öz adynyň üýtgedilmegi;
- çaganyň doglan ýeriniň üýtgedilip ýazylmagy.

Mundan başga-da, perzentlige alýanlaryň razylygy bolmasa, olar aradan çykan mahalynda bolsa, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygy bolmasa, perzentlige alnanlyk baradaky maglumatlary we resminamalary başga birine aýtmaklyk ýa-da görkezmeklik jenaýatdyr.

Kanunda perzentlige almaklygy hakyky däl diýlip ykrar etmeklik hem göz öňünde tutulýar. Beýle diýildigi, perzentlige alan bilen perzentlige alnanyň arasynda dörän ähli hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykan pursadyndan güýjüniň ýokdugyny aňladýar.

Şeýlelikde, çaga bilen onuň hakyky ata-enesiniň hem-de garyndaşlarynyň arasyndaky hukuklar we borçlar dikeldilýär. Ýöne çaga, eger-de bu onuň bähbitlerine ters gelse, kazyýet tertibinde hakyky ata-enesine gaýtarylyp berilmän, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň terbiýelemegine berilýär.

Perzentlige almaklygyň hakyky däl diýlip kazyýet tarapyndan ykrar edilmegi üçin şular esas bolup bilýär:

- perzentlige almaklyk baradaky çözgüt galp resminamalara esaslanan bolsa;
- perzentlige alan kanun boýunça perzentlige alyjy bolup bilmeýän bolsa;
- perzentlige almaklyk hakykat ýüzünde perzentlik gatnaşyklaryny döretmek niýeti bilen edilmedik bolsa.

Talap arza bilen kazyýete bu işde bähbidi bolan islendik adam, hossarlyk we howandarlyk edarasy, şeýle hem prokuror ýüzlenip bilýär.

Kanun perzentlige almaklygy ýatyrmaklygy-da düzgünleşdirýär. Onuň esasy şerti hem perzentlige almaklygyň çaganyň bähbitlerine ters gelmegi bolup durýar. Mundan başga-da perzentlige almaklyk ýatyrylýar, eger-de ol çaganyň ata-enesiniň, onuň özüniň, perzentlige alýanyň ýanýoldaşynyň razylygy alynmazdan resmileşdirilen bolsa.

Kämillik ýaşyna ýeten babatda perzentlige almaklyk ýatyrylmaga degişli däldir. Eger-de ata-enäniň, perzentlige alanlaryň we perzentlige alnanyň özara umumy ylalaşyklary bar bolsa, onda kämillik ýaşyna ýeten babatda-da perzentlige almaklyk ýatyrylyp bilner.

Perzentlige almaklygyň ýatyrylmagy bilen perzentlige alnan çaganyň hem-de ata-enesiniň, garyndaşlarynyň arasyndaky özara hukuklar we borçlar dikeldilýär, perzentlige alan we onuň garyndaşlary bilen perzentlige alnanyň arasyndaky ähli dörän hukuklar hem borçlar bolsa, kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýjüne giren pursadyndan bes edilýär.

Kazyýet çaganyň bähbitlerinden ugur alyp, ony ata-enesine gaýtaryp berýär ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasyna terbiýelemäge berýär. Şeýle-de, kazyýet çaganyňam (eger-de ol on ýaşan bolsa) pikirini bilip, onuň üýtgedilen adyny, atasynyň adyny, familiýasyny galdyrmak meselesini çözýär.

Soraglar:

1. Çagany perzentlige almak üçin haýsy şertler berjaý edilen bolmaly?
2. Perzentlige alnanlygynyň syry nähili ýollar bilen goralýar?
3. Haçan perzentlige almaklyk hakyky däl diýlip ykrar edilýär?
4. Haçan perzentlige almaklyk ýatyrylyp bilner?

Çyzgylar:



Perzentlige almaklygyň netijesinde
Perzentlige alanyň, onuň garyndaşlarynyň we perzentlige alnanyň arasynda özara hukuklar hem-de borçlar (garyndaşlyk) döreýär
Perzentlige alnanyň hem-de ata-enesiniň garyndaşlarynyň arasyndaky ähli hukuklar we borçlar ýitirilýär (garyndaşlyk ýatýar)
Perzentlige alyjy bolup bilmeýär
Ata-enelik hukugyndan mahrum edilen
Çagasyna hossar hakyny tölemeýänligi sebäpli iş kesilen
Kämillik ukyby ýok ýa-da çäkli diýip ykrar edilen
Öň çagany perzentlige alyp, öz borçlaryny ýerine ýetirmändigi sebäpli öňki perzentlige almagy ýatyrylan
Çagany perzentlige almak üçin onuň ata-enesiniň razylygy talap edilmeýär
HÖKMANY ÝAGDAÝLAR
HÖKMANY DÄL ÝAGDAÝ
Ata-ene bir ýyldan köp wagt bäri çagasy bilen ýaşamasa hem-de hossarlyk we howandarlyk edarasynyň duýdurysyna garamazdan çagasyna ideg etmese
Ata-ene ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen bolsa
Ata-ene nam-nyşansyz ýiten diýlip ykrar edilen bolsa
Ata-ene kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsa


Perzentlige almagyň syryny gizlin saklamak maksady bilen
Perzentlige alýanlar RÝNÝ edarasynyň ýazgylarynda çaganyň ata-enesi diýlip görkezilip bilner
Çaganyň doglan ýeri RÝNÝ edarasynyň ýazgylarynda üýtgedilip bilner
Çaganyň ady, atasynyň ady, familiýasy üýtgedilip bilner
Perzentlige alanlaryň, olaryň ýogalan halatynda hossarlyk we howandarlyk edarasynyň razylygyny almazdan, perzentlige alnanlyk baradaky maglumatlar başga birine aýdylmaýar ýa-da görkezilmeýär
Perzentlige almaklyk hakyky däl diýip ykrar edilýär
Perzentlige almaklyk baradaky çözgüt galp resminamalara esaslanýan bolsa
Perzentlige almaklyk hakykat ýüzünde perzentlik gatnaşyklaryny döretmek üçin edilmedik bolsa
Perzentlige alan kanun boýunça perzentlige alyjy bolup bilmeýän bolsa

**Perzentlige almaklyk ýatyrylýar**

Eger şol çaganyň bähbitlerine ters gelýän bolsa

MUNDAN BAŞGA-DA

Çagany perzentlige almak üçin ata-enäniň razylygy alynmadyk bolsa

Çagany perzentlige almak üçin onuň öz razylygy alynmadyk bolsa

Çagany perzentlige almak üçin perzentlige alýanyň ýanýoldaşynyň razylygy alynmadyk bolsa

**Perzentlige almaklyk ýatyrylanda**

Perzentlige alnan çaganyň hem-de onuň ata-enesiniň, garyndaşlarynyň arasyndaky özara hukuklar we borçlar dikeldilýär

Perzentlige alan, onuň garyndaşlary hem-de perzentlige alnanyň arasyndaky özara hukuklar we borçlar kazyýetiň çözgüdiniň esasynda bes edilýär

## Sowalnama:

(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)

**1. Çagany perzentlige almak üçin:**

- eger çaga on ýaşyna ýeten bolsa, onda onuň razylygy gerek;
- onuň hakyky ata-enesiniň ýazmaça görnüşinde beýan eden razylygy gerek;
- ýerli häkimligiň çözgüdi gerek;
- diňe onuň garyndaşlary isleg bildirip biler.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**2. Perzentlige alynanlyk syryny saklamak maksady bilen çaganyň:**

- doglan ýerini perzentlige alanyňka dogrulap bolýar;
- adyny, atasynyň adyny we familiýasyny üýtgedip bolýar;
- ýaşyny kemeldip ýa-da artdyryp bolýar;
- dogluş hakyndaky şahadatnamasynda perzentlige alýany onuň atasy (enesi) diýip görkezip bolýar.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**3. Perzentlige almaklyk ýatyrylyp bilner, eger:**

- perzentlige alynýanyň ata-enesiniň çagasynyň perzentlige alynmagyna resmi razylygy alynmadyk bolsa;
- çaganyň ata-enesiniň çagasynyň perzentlige alynmagyna razylygyny tassyklaýan resminamalar galplaşdyrylan bolsa;
- perzentlige alýan adam öň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen bolsa;
- perzentlige alan adam kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýip tapylan bolsa.

*Dogry jogaby tapyň.*

**4. Çagany perzentlige almagyň maksady näme?**

- çagany maddy taýdan hemmetaraplaýyn üpjün etmek;
- ata-enesiniň ýoklugy, agyr keselliligi ýa-da ata-enelik hossarlygyndan we mährinden başga sebäplere görä mahrum bolan çagalary terbiýelemek we olaryň kadaly maşgala durmuşyny üpjün etmek;
- çaganyň kadaly bilim we terbiýe almagyny üpjün etmek;
- çaganyň ruhy taýdan göýdükmegine ýol bermezlik.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**5. Kämillik ýaşyna ýeteni perzentlige alyp bolýarmy?**

- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de perzentlige alynýanyň kämillik ukyby ýok diýlip kazyýet tarapyndan ykrar edilen bolsa;
- hawa, eger-de perzentlige alynýan beden taýdan agyr keselli bolsa.

*Dogry jogaby tapyň.*

6. **Kämillik ýaşyna ýeten babatda perzentlige almaklyk ýatyrylyp bilnermi?**
- ýok;
- hawa;
- ýok, ýöne, eger-de ata-enäniň, perzentlige alanlaryň we perzentlige alnanyň özara, umumy ylalaşyklary bolsa ýol berilýär;
- hawa, eger-de prokuror ýa-da hossarlyk we howandarlyk edarasy razylyk berse.

*Dogry jogaby tapyň.*

7. **Şularyň haýsysyna çagany perzentlige almaklyga ýol berilmeýär?**
- nikasy ýatyrylyp, ýeke özi ýaşaýana;
- ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilene;
- kämillik ukyby ýok ýa-da çäkli diýlip ykrar edilene;
- çagalary üçin hossar hakyny tölemekden boýun gaçyranlygy üçin iş kesilene.

*Nädogry jogaby tapyň.*

8. **Çagasyny perzentlige almak üçin ata-enäniň razylygy:**
- her bir ýagdaýda hökman;
- çagasy bilen bile ýaşaýan bolsa hökman;
- çagasy bilen bir ýyldan köp wagt bäri ýaşamaýan bolsa, onda hökman däl;
- çagasyna talaba laýyk hossarlyk edýän bolsa hökman.

*Dogry jogaby tapyň.*

9. **Perzentlige almaklyk üçin çaganyň razylygy:**
- eger ol on ýaşan bolsa hökman;
- eger ol on sekiz ýaşan bolsa hökman däl;
- her bir ýagdaýda hökman;
- eger ol şol maşgalada ýaşap ýören bolsa hökman däl.

*Nädogry jogaby tapyň.*

10. **Çagany perzentlige är-aýalyň diňe biriniň alan halatynda beýlekisiniň muňa razylygy gerekmi?**
- ýok;
- hawa;
- hawa, ýöne perzentlige alýanyň äriniň (aýalynyň) kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsa, onda gerek däl;
- hawa, ýöne olar bir ýyldan köp wagtlap bile ýaşamaýan bolsalar, onda gerek däl.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**11. Perzentlige almaklyk kazyýet tarapyndan bir ýagdaýda hakyky däl diýlip ykrar edilipdir, ikinjisinde ol ýatyrylypdyr. Iki ýagdaý hem perzentlige alanyň (garyndaşlarynyň), perzentlige alnanyň, çaganyň ata-enesiniň (garyndaşlarynyň) hukuklaryna we borçlaryna täsir edýärmi?**

- hawa;
- ýok, diňe perzentlik hakyky däl diýlip ykrar edilende bu ýagdaý döreýär;
- ýok, diňe perzentlik ýatyrylanda bu ýagdaý döreýär;
- kazyýet işiň ýagdaýlaryna esaslanyp, özüçe olaryň hukuklaryny we borçlaryny üýtgedip bilýär.

*Dogry jogaby tapyň.*

**12. Kazyýet perzentlige almagy ýatyranda:**

- çagany ata-enesine gaýtaryp berip bilýär;
- çagany ata-enesiniň garyndaşlaryna berip bilýär;
- çagany hossarlyk we howandarlyk edarasynyň terbiýelemegine berip bilýär;
- çaganyň üýtgedilen familiýasyny, adyny, atasynyň adyny öňki ýagdaýyna getirip bilýär.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**Bellik:** Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw-usuly gollanmanyň ahyrynda berilýär.

## VII hekaýa *Hossar*

...Perhat eýýäm bir hepde bäri düzüwli sapaklaryna taýýynlanmandygy zerarly, içki jaýda sebedini açyp, kitaplaryny-depderlerini çykaryşdyryp otyrdy. Öz ýaşytdaşlarynyň aglaba köpüsinden tapawutlylykda ol okamagy gowy görýärdi. Esasanam matematika onuň ünsüni çekýärdi. Meseleleri, deňlemeleri çözmek onuň üçin örän gyzykly oýun ýalydy. Edil „gözdaňdy“ oýnundaky dek, gözüň daňylgylygyna sermenip-sermenip, meseläniň ýa-da deňlemäniň ýumagynyň ujuny tapýarsyň. Heniz onuň özüňe gerekli ýumagyň ujudygyna-da aklyň ýetmeýär, emma barybir ony sypdyrsaň bulaşmagyňdan çekinip, ýumagy külterläp başlaýarsyň. Gidip barýarsyň, gidip barýarsyň, ine birdenem dogry ýoldan barýandygyňa düşünýärsiň. Onsoň „oýnuň“ iň humarly ýeri başlanýar. Kimdir biri çözüp bolup barýan meseläňi eliňden alaýjak ýaly ýa-da pellehanasy görnüp ugran „gyzykly oýnuňy“ tamamlamaga päsgel beräýjek ýaly howlugyp-haýdap ugraýarsyň. Ine-de bir topar goşmak-aýyrmaklaryň, köpeltmek-bölmekleriň, iks-igrekden ybarat, näbellili deňlemeleriň soňky „deňdirini“ goýup, iň dogry sany çykarýarsyň-da, uludan bir demiňi alýarsyň...

Özüniň deňeşdirmeli pikirleri göwnüne ýaran Perhat ilki bilen matematika kitabyny eline aldy. Şol wagtam daşky otagdan soňky günler aglap-aglap ysgyn-deramaty galmadyk mamasy görgüliniň endirewük sesi eşidildi:

-Geldiňmi, atasy?

-Geldim, enesi.-diýip babasynyň ýadaw sesi mamasyna jogap gaýtardy:-Maňa bir çäýnek çaý demlesinler, halys sütünim süýndi.

- Hä, häzir atasy, men aýdaýaryn. Hajat! Hajat-uw, gyzym, kakaň geldi, oňa bir ajyja gök çaý demläweri, guzym!

-Bilýän eje, kakamy gördüm, eýýäm kitiri oturtdym, häzir gaýnadygy demläp eltip bererin. Oturyberiň, arkaýyn.

Mamasy ynjaldymy nämemi, daşky otagdan onuň „hyk-çoklap“ oturýany eşidildi.

-Wah-wah-eý! „Garrylyk bir dertdir, degse öldürmez, öldürmese-de ömür ahyr güldürmez“ diýleni-dä. Süňklerim kül-owram bolup gelýär, atasy!-diýip mamasy zeýrenjiredi.

Soňra olaryň arasyna bir sellem dymyşlyk aralaşdy. Birhaýukdan soň ýene-de mamasy dil ýardy:

-Ýaňy ol Kakadaky garyndaşlar gelip, birsalym oturyp gitdiler. Ýalňyşypdyrlar. Gymmat janymyň...ýedisi...şu gündür öýdüpdirler...

Mamasynyň hamsygyp sojaýandygy Perhadyň gulagyna ildi. Soňky günlerde hasam tapdan düşüp ýanyny ýere berenden soň düşegindenem galyp bilmän amanadyny tabşyran ejesi görgüliniň solgun keşbi göz öňüne gelende onuň bogazy „lyk“ doldy. Eýýäm on üç ýaşyna giden oglan erkeksiredi. Misli öz-özünden utanýan dek, gözlerinden togalanyp gaýdan damjalary çalt-çalt süpürişdirdi.

-Hany bes etsene, sen bir derdimi gozgama! Öňem daşaryk çyksam-a asman egnime münýär, öýe girsemem diwarlar gysyp-gowrup alarladyp gelýär...-diýip babasynyň gatyrganýan sesi eşidildi.

-Wah, dogrudyr-la, atasy! Ýöne heniz ýaramyz könelip ýetişmänsoň, bar edip bilýänim, şeýdip dula bakyp şumjaryp oturmak-da...Hudaýym, görkezmesin! Hiç bir bendesine balasyny jaýlamagy ýazmasyn! Daglar-daşlar göterip bilmez muny, daglar-daşlar...

-Bolýar-la, bes et! Haktagaladan nadyl bolma! Etjegi bardyr! Ähli janly-jandaryň, ümmülmez älemleriň eýesi, ol! Berýänem ol, alýanam ol! Şonuň üçinem enesi, takdyra ten bereli, kaza bolanyň yzynda üznüksiz hasrat çekip ýörmegem gowy dälmiş...

-Wah, hawa-la, hemmesi dogry-la, ýöne gözümiň alnynda derdine derman tapylman, küle garylan közjagaza dönüp, sönüp gidişi göz öňüme gelende, hiç saklanyp bilmeýärin-dä...-diýse-de soň mamasynyň sojamasy eşidilmedi. Biraz wagtdan soň geplände bolsa garry görgüliniň az-kem rahatlanandygy sesinden bildirdi:

-Ýeri, onsoň nätdiň?! Häkimlige bardyňmy? Özüňi Perhat janyň howandary hökmünde ýazdyrdyňmy?

Daşky otagdan „öwfüldi“ eşidildi. Perhat babasynyň uludan dem alýandygyna düşündi.

-Äý, ýok enesi. Biderek gidip gelenim boldy. Bärden bardym welin, „häkimligiň nobatçysydyryn“ diýip, bir ýaş ýigit meni diňledi-de: „bu meseläň bilen hossarlyk we howandarlyk edarasyna git“ diýdi. Ol edarada häkimligiň jaýynda däl-de, başga ymaratda ýerleşýän ekeni. Aýagymy süýräp, salgy berlen ýere bardym. Hernä, Hudaý diýen ýerim, häkimlikden öte uzakda däl ekeni.-diýip babasy garrylara mahsuslyk bilen özüniň irdenki hereketlerini jikme-jik gürrüň berip başlady:-Ol ýere bardymam welin, meni edaranyň ýolbaşçysy kabul etdi. Sypaýy adam ekeni. Ýagdaýymy aýtdym. „Şunuň ýaly, şunuň ýaly, gyzym ýarawsyzlyk zerarly aradan çykdy-da, yzynda agtygym galdy. Indem oňa edep-terbiýe bermegi, adam edip ýetişdirmegi öz boýnumyza aljak bolýarys welin, bilýän adamlar: „oglana howandarlygy resmileşdirseňiz oňat bolar, geljekde dürli meseleleriň ýüze çykmagy mümkin diýdiler“ diýdim. Ol birbada aýdanymyň „häsini“ ýetirip, goldabam durdy. Emma haçan-da gyzymyzyň aýrylyşandygyny eşitdi-de, tersimden tutuberdi. „Kakasy barmy?“ diýdi. „Bar-la, oňa nä döw çalsyn?“ diýdim...

Kakasy barada eşidende Perhat düýrükdi. Onuň ýeňse damary gatady. Ejesiniň ýedisi geçýänçä onuň irdenden agşama çenli gapylaryndan turman, ýüzüni sallap oturyşy hyýalynda janlananda ýetginjegiň girre gahary geldi.

-Ejem jan ýarawsyzka, ýeke sapar gapymyzdan garap halyndan habar almady. Gara ýere duwlanandan soňam gelen bolup, ýüzüni sallap oturan bolup...Näme iliň gözüne çöp atmakçy bolýarmyka? Kim oňa ynanjak?...-diýip pyşyrdap, içki oýlanmalaryny daşyna çykaranyny onuň özem duýman galdy. Ýöne göwni galan oglanjyk kakasy Gadyr barada soňky günä ýöňkemesiniň adalatsyzdygyny aňyna-da getirmedi. Ol Gymmadyň yzyndan kän gelipdi. Emma kalby ýaraly Gymmat her gezek onuň ýüzüni alyp, kowup goýberýärdi. Onuň gelenini bolsa ogluna-da aýtmaýardy.

Babasynyň soňky jümlesi mamasynyň hem oduna ýag sepdi:

-Hä şeýle diýsene! Oňarypsyň, dogrudanam oňa näme döw çalsyn?! Hanha gezip ýör, eşitmişime görä, ol, şol birmahal Gymmat janyň ony taşlap gaýtmagyna sebäp bolany bilen goş birikdirip ýaşap ýörmüşler...Utanyp dagy hem etmeýär, balamyň belli günlerinde gelip, hakyýt ýüzüni piserdip otyr... Balajygymyň başyna ýeten-ä özi...

Mamasy ýene-de şumjardy. Onuň kakasy barada aýdan soňky sözleri Perhadyň ýarasyna duz sepdi. „Gör ol asyl näme edipdir ahyry! Meniň ejem-ä beýle boldy...Ol bolsa heniz...“ Perhadyň kalbynda kakasyna bolan gahar-gazap has hem örç alyp ugrady. Emma babasynyň parahat äheňde aýdan sözleri onuň gahar oduny biraz kiparlatdy:

-Goýsana, keýwany! Senem aýal kemakyllygyny edip bir zat diýäýýärsiň! Näme, Gymmat jana, ol şol ady ýitmiş keseli berdimi? Ýaşlyk edipdir, ýalňyşypdyr, näme etjek! Soň kän gatnady bärik, emma Gymmadyň özi ýüz bermedi. Ýarty adamlygyna garaman gyzymyzy alyp gitjekdi. Etmedi, görgülijigim. Elbetde, gaty göwni galandyr-da... Ýöne çagalarynyň hatyrasyna, oňuşjak bolaýmalydylar welin, näme, ýazgytdyr-da... Onsoň ol hem näme etsin... Öý-ojak hemme kişä-de gerek...

Bu sözlere mamasynyň ýarasyna ot basylana döndi:

-Şony bir aklajak bolmasana, atasy!-diýip mamasy gaharlanyp ugrady. Emma babasy oňa käýinip başlamaga mümkinçilik bermedi:

-Hany, bes etsene-how, bu soňuny diňlemediň ahyry, maňa hossarlyk we howandarlyk edarasynyň başlygynyň näme diýendigini aýtmaga goýmadyň...

-Hä, aýdyber atasy, aýdyber!-diýip mamasy köşeşdi.

-Ol neme diýdi, „Eger-de kakasy bar bolsa, agyr kesele uçramadyk bolsa, özi-de ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmedik bolsa, eger çagasyny-da özi almakçy bolýan bolsa, oglana howandar bellemeklige kanun rugsat bermeýär“ diýdi.

-Hä, onda biz indi näme etmeli?-diýip mamasy sowal berdi.

-Näme „näme etmeli“? Näme etmekden Hudaý saklasyn! Gezibereris-dä-diýip daşky otagdan gürrüňe goşulan Hajatyňam sesi eşidildi.

-Bü, ötüki, düýn gijara Perhat janyň kakasam-a ýaşululary üýşürip täwella geldiler.

-Näme diýdiler?-diýip Hajat ejesinden öňe geçdi.

-„Perhat jany beräýseňiz!“ diýdiler.

-Hä, asyl, ol Gymmat janyň belli günlerine ýönelige gatnaman eken-ow! Gör näme isleýär! Beräýmeris. Ýalňyz dikraryny şolara bersek, balam gabrynda dik oturar-diýip mamasy gaharly jibrinjiredi.

-Goýsana-aý! Näme üçin bermersiň! Men ýaňy şol hossarlyk we howandarlyk edarasynyň başlygyndan soradym. Eger kazyýete ýüz tutsa alyp bilýär. Onsoňam seniň bu diýýän gepiň-gürrüňiň türkmençilige-de sygýan zat däl. Ata-baba ogul-gyzyň eýesi kaka tarapy diýlip hasaplanyp gelipdir. Onsoňam näme, Perhat jany keseki soraýarmy, öz kakasy soraýar ahyry...-diýip babasy hem gaharlanyp başlady.

Edilýän gürrüňler Perhadyň dünýäsini agdar-düňder etdi. Özüniň tötänden eşiden zatlaryna ýüzi lap-lap gyzýan ýetginjegiň, mundan beýläk otagda

babasydyr-mamasynyň ýaňkalaşmasyny diňlemäge takaty galmady. Ol tarsa turdy-da, kitap-depderlerini hem ýygnaşdyrman, atylyp daşky otaga ýöneldi. Otagda oturan hossarlarynyň ýüzlerine seretmäge uýalýan ýaly, säginmänem howla çykdy-da, ümdüzine tutdurdy.

-Bi näme, Perhadyň içki otagdadygyny duýdurmadyňyz?!-diýip aňk-taňk bolan babasy mamasyna ýazgaryjy garady.

-Wah, haçan girendigini görmesem näme!-diýip mamasy özüni aklamaga çytraşdy...

*****

...Obanyň sylanýan ýaşululary bilen yzly-yzyna töwella gelip, halys goýmanlaryndan soňra ahbetin, babasy bilen mamasy Perhady Gadyra bermäge razy boldular...

Bu wagt ulagy dolandyryp barýan kakasynyň ýagyrnysyna seretmezlige çalşyp, ulagyň yzky oturgyjynda oturan Perhadyň bolşy, edil terkidünýäligiň iň çuň girdabyna gaçyp barýan alaçsyz görgüliniň bolşuna çalym edýärdi. Aňynda at salýan pikirler hasam onuň ýüregini gysdyrýardy. Özüni hiç kime gerekmejek, ýeriň ýüzünde artyk duýýan ýetginjegiň kalby elenip durdy.

„Ejem jandan soň men indi hiç kime gerek däl, babama-da, mama-da, daýylaryma-da, daýzalaryma-da... Bu bolsa...“ diýip ol köne edähetine eýerip kakasy barada gaharly oýlandy: „Diňe il arasynda aňsatjak abraý gazanmak üçin meni öz ýanyna aldy. Babam-mamam hem menden dynjak bolup, oňa berip goýberdiler...Eje jan, sen näme üçin meni ýeke taşlap gitdiň?! Menem özüň bilen alyp giden bolsaň gowy bolardy, ejem jan!“ Ýetginjek gözlerinden biygtyýar dökülýän gözýaşlardan utanýardy. Özüniň halamaýan adamsynyň ýanynda özüne erk edip bilmän aglaýanyna namys edip, ýetişibildiginden gözýaşlaryny aýasynyň tersi bilen ogrynça süpürişdirýärdi.

Gadyr daşyndan göräýmäge diňe ýoly bilen bolup, ulagy dolandyrmakdan başga hiç zada üns bermeýän ýaly görünse-de, onuň iki gözi ulagyň maňlaýyndan asylgy yzky aýnadady. Şunça ýyldan soň, ýaňy iki-üç ýaşyndaka öz günäsi bilen aýra düşen oguljygyny synlap doýup bilmeýärdi. Onuň horja ýaňajyklaryndan togalanýan damjalar, sessiz agysy bolsa soňky döwürde öte ýüregiýukalygy çykan Gadyryň jiger-bagryny dilim-dilim edýärdi. Onuň nämedir bir zatlar diýip, ogluny köşeşdiresi, ony bagryna basyp, ejesizlikden ýaňa dat edýän başyny mährine çoýasy gelýärdi. Kiçijik göwrede orun tutan ähli gaýgy-hasraty, agyry-ynjyny özüne alyp, özündäki bolanja şatlygy, ähli saglygyny, güýç-kuwwatyny hem oňa geçirmek isleýärdi. Emma welin, ömrüniň başynda goýberilen hatalaryň sessiz ýazgaryşynyň hut özüne öwrülip, gözýaş döküp oturan oglanjyga kelam agyz söz diýmäge het etmeýärdi...

Olar şeýle halda şäheriň çetinden girdiler. Ýolda ulaglaryň sany köpeldi. Duýduryş yşyklary bilen ýol-ulag hereketi tertibe salynýan çatryklar ýygy-ýygydan sataşyp ugrady. Şol çatryklaryň birinde-de, Gadyr saklanyp bilmedi:

-Oglum, belki bir zatlar iýesiň gelýändir?

Oslagsyz sowala tisginen Perhat hasyr-husur gözýaşa ýuwlan ýüzüni tersine dönderdi. Hiç zat geplemedi.

Onuň jogabyna garaşan Gadyr näme diýjegini bilmän, biraz wagt dymdy-da, ýene-de Perhada lak atdy:

-Oglum, bolmasa men saňa miwe şerbetini alaýaýyn? Haýsy görnüşini içesiň gelýär?

Birden, agysyny goýup bilmän oturan Perhat ýaryldy:

-„Oglum“ diýme maňa, eşidýäňmi? Men seniň ogluň däl!

Gadyryň üstünden asman gümmezi güwläp gaýdana döndi. Ol aljyrady-da, özüniň näme edýändigini düzüwli aňşyrmaga-da ýetişmän, ulagyny gyra sowup, birden togtady. Gymyldamaga, yzyna garamaga çekinip, hümürdedi:

-Beýle diýme, oglum! Men düşünýän, men seniň ejeň öňünde, seniň öňüňde ýazykly! Ýöne maňa öz hatamy düzetmäge mümkinçilik ber ahyry...

-Ejemi agzama! Men seni ýigrenýän...Men seniň bilen ýaşamak islämok...-diýdi-de Perhat Gadyr ony saklap ýetişmänkä ulagyň gapysyny açdy. Towsup daşyna çykybam, ýoluň aňry çetine ylgady. Galan zatlar bolsa göz açyp-ýumasy salymyň içinde bolup geçdi. Aňyrdan gelýän ulagyň tizligi ýokary bolmasa-da, sürüji Perhadyň pyýadalaryň geçmegine niýetlenen ýoda ýok ýerinde, duýdansyz öňünden çykandygy üçin ulagyny saklap ýetişmedi. Köçäniň asfaltyna ýelmeşen ulagyň tekerleriniň astyndan eşidilen aýylganç „jygyldy“ Gadyryň beýnisini sarsdyrdy. Ulagyň burny galtaşan badyna top depilen ýaly, arkanlygyna zyňlyp giden Perhadyň göwrejigini görende bolsa ol tas huşuny ýitiripdi. Özüniň nädip gapyny açyp ulagdan düşendigini, nädip ylgap baryp, Perhadyň gana boýalan bedenjigini kükregine gysanyny-da duýman galdy. Diňe ýüzi ak-tam bolan sürüjiniň:

-Agam, men däl! Agam, men däl! Özi ylgady, agam!-diýýän sözleri aňyna ýetende, ol daş-töwerekden ylgaşyp gelen adamlaryň haýsydyr biriniň gujagyndan Perhady sogrup almakçy bolýandygyny aňşyrdy. Ol hiç zada düşünmeýän gözleri bilen:

-Tur-how, dogan,  beýdip otursaň bujagazyň başyna ýetersiň, ýör mün, ulaga! Tizräk hassahana alyp gideli!-diýişdirýän ýaş ýigdiň ýüzüne garady. Birdenem onuň aýdýan zatlary aňyna ýetdi. Ol ot alan ýaly, ýerinden böküp turdy-da:

-Gel, gel, meniň ulagym bärde!-diýip öňüne düşüp ylgaşlap barýan ýigdiň yzyndan ylgady...

*****

...Perhat özüne gelende, başujunda nijeme gijäniň ukusyzlygy zerarly gözleri gyzaryp giden kakasynyň oturandygyny gördi. Ençeme günüň argynlygy, gaýgy-hasrat sebäpli onuň ýüzi kokaşyp durdy. Bu wagt ýaşy ýaňy otuzdan agyberen Gadyr altmyş ýaşly goja çalym edýärdi. Emma Perhadyň gözlerini açandygyny görende, onuň ýüzi ýagtylyp gitdi.

-Oguljygym!

Gozganjyranda bili sanjyp-sanjyp giden Perhat ýüzüni ynjyly çytdy. Ol özüne gaşyny çytýandyr öýden Gadyryň ýüzi boz-ýaz boldy. Ol kynlyk bilen ýuwdundy.

Birdenem lukmanyň: „oglanjygy tolgundyrmaň“ diýen tabşyrygy hakydasyna geldi-de, Gadyr assyrynlyk bilen ýerinden turdy:

-Oglum, isleseň men daşynda garaşaýaryn. Seniň ýanyňa bolsa, häzir eje...gelnejeň girer. Ol saňa isleseň suw berer. Näme gerek bolsa şoňa aýdaýgyn...-diýdi-de Gadyr çykdy. Az salymdan bejeriş otagyna görmegeý keşbine ala gözleri hasam görk berýän, başy gyňaçly bir gelin girdi. Ol:

-Perhat jan, oýandyňmy oglum?!-diýende onuň mähir-muhabbetden ýaňa dyňzap duran sesi ejesiniň gulagynda galan owazyna meňzäp gitdi.

-Belki seniň suw içesiň gelýändir?! Ýa-da bir zat iýesiň gelýärmi? Lukman entek gurak-surak zat, miwe-beýleki iýmeg-ä bolmaýar diýdi welin, eger ajygan bolsaň saňa towuk çorbasyny içiräýerin...

Perhat „hiç zat gerek däl“ diýen äheňde başyny ýaýkady. Soňam özüne içgin-içgin sowal berýän gelnejä: „siz kim?“ diýýän äheňde soragly garady. Onuň garaýşyna düşünse-de Feride düşünmediksiredi. Emma endam-jany hasa bilen saralgy Perhadyň ýaryk-ýaryk dodaklaryny gymyldadyp sorag bermäge dyrjaşýandygyny görüp, ýene-de dözmedi.

-Oglum, özüňe zor salma! Meni geňem görme, men Nediriň ejesi...seniň jigiň ejesi!-diýip, müýnli pyşyrdady. Ähli zada düşünen Perhat tersine dönmäge, ejesiniň mukaddes ornuny eýelemäge dalaş edýän bu aýaldan ýüzüni sowmaga mejalynyň ýokdugy üçin, ýöne gözlerini ýumaýdy. Olaryň bolşuny bejeriş otagynyň gapysynyň adamboýy beýiklikdäki aýnasyndan synlap duran Gadyr: „birden tolgunyp, gaýra üzüläýmesin“ diýen gorky bilen, işigi çalaja açdy-da, Feridä: „çyk“ diýip yşarat etdi. Feride daş çykdy.

-Biz barmaly-la, birden gaýra üzüläýmesin. Gowusy ýanyna Nedir giräýsin. Belki deň-duşy bilen az-kem gepleşer, şähdi açylar...-diýip Gadyr pyşyrdady.

-Bolýar. Nedir daşarda, ulagyň ýanynda oýnap ýörendir, men ony häzir alyp geleýin-diýip Feride gitdi. Birsalymdan ol on ýaşlaryndaky oglany yzyna tirkäp alyp geldi. Oglanjygyň ýüzi-gözi çyr-çyrşakdy, üsti-başy hapady.

-Eýýäm, hassahana syrkaw soramaga gelenleriň biriniň özi ýalysy bilen sataşyp, garpyşmaga ýetişipdir. Barsam gyzyl-gyran bolup, bogalaşyp ýatyrlar. Alaç boljak däl ahyry, muňa!-diýip Feride gele-gelmäne pyşyrdap, Nedire käýinip ugrady. Gadyr Nedire ýazgaryjy garady:

-Näme boldy, oglum? Şu ýerde bir uruşman-sögüşmän bolmaýarmy?

-Aý kaka-how, özi näme-aý, „seniň kakaň ulagy meniň kakamyňky bilen ýaryşsa, tozana garylar“ diýen bolýar-aý!-diýip, özüne şundan artyk käýelmejegini syzan garagol, ýüzüni aşak salyp durşuna burnuny çekdi.

-Ýeri bolýar, öýe baranymyzdan soň gepleşeris. Häzir şu otaga gir-de, şol ýerde birsalym otur. Seniň agaň Perhat ýatandyr. Eger ol bir zat gerek diýse meni ýa-da ejeňi çagyrarsyň. Özüňem biderek gep-gürrüňleriň bilen ýüregine düşäýme. Jyňkyňy çykarman, agzyňy pugta ýumup otur!-diýip Gadyr bezzadyna berkden-berk tabşyrdy-da, ony bejeriş otagyna saldy. Soňra, göýä nazary bilen onuň bir ýerini ynjytmakdan çekinýän ýaly, gözlerini ýumup ýatan Perhady assyrynlyk bilen synlady. Onuň gymyldamandygyny görübem işigi ýapdy.

Nedir bolsa Perhadyň başujundaky oturgyja bardy-da, oturdy. Bu gezek kakasynyň tabşyrygyny aýdyşy ýaly ýerine ýetirmese, öýlerinde mäkäm

käýeljekdigine gözi ýetip durandygy sebäpli, dodaklaryny pugta ýumup, Perhada tiňkesini dikdi. Biraz wagtdan soň Perhadyň gabaklary terpendi-de, ol gözüni açdy. Gözüni aýyrman özüne seredip oturan oglanjyga geň galyp bakdy. Diýen etmeýän dodaklaryny zordan gymyldadanda, ysgynsyz ses çykdy:

-Näme seredýärsiň?

Nedir Perhat bilen gepleşýändigini özüne geplemezligi tabşyran kakasynyň eşitmeginden çekinip, gapa howatyrly garanjaklady. Gapynyň ýapykdygyny görüp, ynjaldy. Geçisi daga ýaýrady:

-Kakam seret diýdi-how, näme seretmäýinmi?!

Bezzadyň dogumly gürrüňine Perhat ysgynsyz ýylgyrdy. Onuň çyr-çyrşak ýüzüne, tot-tozan basan üsti-başyna seredende, oňa mähri gidip hasam ýüzi ýagtyldy.

-Sen, Nedirmi?

-Hawa-laý, näme diýjek bolýarsyň?-diýip oglanjyk ekezlendi.

-Hiç zat, ýöne soraýdym-diýip Perhat ýene-de dymdy. Emma ýumşak ýerine ýandak çümýän ýaly gozganjyrap oturan bezzada sorag bermän ýene-de saklanyp bilmedi:

-Uruşdyňmy?!

-Hawa-laý. Edil bar-a, maňlaýyna pitikläp, bir ýarym şapbat çalyp goýberdim welin, jögüläp, möňňürip başlaberdi-läý!-diýip öz ýeňşinden göwnühoş Nedir öwündi. Birdenem oslagsyz ýerden:

-Sen bar-a, Perhat, bahymrak gutul, onsoň bar-a, meniň bilen mekdebe git-de, maňa hol, köçämiziň aýagujunda ýaşaýan, Bapby gyşygyň ogly Bally çişik azar berýär, şony urup ber... Ony dogrusy özümem ýenjerdim welin, menden iki klas uly-da, ol! Mekdepdäkileriň: „utanman, özünden ululary-da uran bolup ýör“ diýmeklerinden çekinýän-läý!. Sen welin, onuň bilen deňme-deň. Onsoňam seniň ony uranyň bilenem maňa hiç kim: „Çişik meşikden gorkusyna başga birine ýallaklap gün görýär“ diýip gyjalat bermez, sebäbi sen meniň doganym ahyry? Meniň arkamy alyp, kim bilen urşanyňda-da bolýar. Şeýle dälmi?!-diýip goýberdi.

Özünden sähelçe kiçi oglanjygyň ýürejiginden syzdyryp aýdýan sözlerine birhili, Perhadyň kalbynyň doňy çözülen ýaly boldy. „Menem birine gerek ekenim-ow!“ diýen pikir aňyna gelende, onuň bokurdagy doldy. Ol gepläp bilmän, kiçijik hossarynyň sözlerine tassyklaýjy terzde baş atdy welin, çep gözüniň çetjagazyndan togalanan birje damja, öz gepine başagaý bolup, bir zatlar diýişdirýän Nediriň gözüne görünmän, ýassyga damdy.

## VII hekaýanyň seljermesi:

### ***<u>Hukuk nukdaýnazaryndan:</u>***

Hekaýada hossarlyk we howandarlyk gatnaşyklary barada agzalýar. Bu gatnaşyklar Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 141-175-nji maddalarynda düzgünleşdirilýär.

Hekaýada Perhadyň babasynyň agtygyna howandarlygy resmileşdirmek üçin hossarlyk we howandarlyk edarasyna ýüz tutanda onuň haýyşynyň kabul

edilmändigi barada aýdylýar we hossarlyk we howandarlyk edarasynyň ýolbaşçysynyň onuň haýyşyny kabul edip bolmaýandygyny esaslandyrýan ýagdaýlary barada durlup geçilýär. Hekaýada görkezilen esaslaryň ählisi dogry we babasyny Perhadyň howandary hökmünde resmileşdirmekden ýüz dönderilmegini kanuna laýyk diýip kesgitlemek bolar. Sebäbi hekaýada beýan edilişi ýaly:

- Perhadyň kakasy bar;
- Gadyr ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmedik;
- Gadyr agyr keselli däl, ýagny onuň özi howandarlyga ýa-da penakärlige mätäç däl;
- Gadyr öz çagasyny özüne almakçy.

Şeýlelikde, Perhada howandar bellär ýaly esasly sebäpler we zerurlyk ýok.

Hossarlyk we howandarlyk bilen bagly başga ýagdaýlar barada bolsa okuw-usuly gollanmanyň „Hukuk maglumatlary“ bölüminde has giňişleýin beýan edilýär.

***Ahlak nukdaýnazaryndan:***

Bu hekaýada beýan edilýän ýagdaýlarda adamlara mahsus iň gowy ahlak häsiýetleri barada söz açylýar. Gadyryň babasy bilen mamasynyň öz agtyklary barada alada etmekleri, Gadyryň öz ogluny maşgalasyna almak ugrunda edýän hereketleri, Feridäniň mähribanlygy, olaryň birek-birege düşünmäge, goldaw bermäge hem-de ejesiniň aradan çykmagy sebäpli gam-hasratda gezip ýören oglanjygyň göwnüni awlamaga ýumşaklyk hem seresaplylyk bilen çemeleşişleri, ýokary ahlaklylygyň alamatlarydyr.

Özüniň edýän hereketleri bilen Gadyr öňki pesliginden saplanýar. Olaryň mähri hem söýgüsi bolsa oglanjygy adamyň şahsyýetiniň ösüşini göýdükdirýän çagalyk gazabynyň girdabyndan halas edýär. Gadyryň adalatlylyk düşünjesi hem örän ýokary. Ol öz günäsini diňe özüniň ýuwmalydygyna düşünip, Perhadyň çaga göwnüne barýan ýoly tapmak üçin jepa çekýär. Şonuň bilen birlikde-de, yzygiderli şowsuzlyga uçrasa-da, ruhdan düşmän, öz maksadyna ýetmek üçin ynamly hem paýhasly hereket edýär.

Ilkinji hekaýalardaky Gadyr bilen soňky hekaýadaky Gadyryň arasy ýer bilen gök ýaly. Olaryň ikisi düýbünden başga adam. Ilkibaşky Gadyr bir özüni bilýän, öz rahatlygy üçin hiç zatdan, hatda özgelere şyltak atmakdanam, ýalan sözlemekdenem gaýtmaýan, ýalňys hereketleriniň hiç birine ökünmeýän naýynsap, ahlaksyz adam hökmünde çykyş edýär. Emma soňky Gadyr wyždan ezýetini başyndan geçirip, öz-özüni, öz ahlagyny kämilleşdirmegiň ýoluna rowana bolýar. Ahbetinem öz maksadyna ýetýär. Ol her bir adamyň agyrysyny-ynjysyny duýýan, başarsa özgeleri ynjytmajak bolýan, ýokary ahlakly adama öwrülýär.

Mälim bolşy ýaly, ahlak kämilliginiň çägi ýok. Mysal üçin, ertekilerde sahylygyň nusgasy hökmünde wasp edilýän Hatam Taý keýigi halas etmek üçin gurdy aç goýandygyna ökünip, oňa öz budunyň etini kesip berýär ýa-da Isa pygamber özüne ölüm jezasyny berýänlere alkyş okaýar...Umuman ynsanyýetiň taryhynda belent ahlaklylygyň kämil nusgasyny görkezen şahsyýetler näçe diýseň bar. Bu hekaýalaryň kömegi bilen ündeljek bolýan esasy pikir hem, şahsyýet özüni

kämilleşdirmegiň ugrunda yzygiderli zähmet çekmeli. Şol zähmetiň soňy hem ahyrynda-da rehnet bilen gutarýar. Rehnet diýlende, diňe bir pul-baýlyk ýaly maddy zatlar manysynda düşünmeli däl. Gudraty güýçliniň keramaty bilen ynsanyň jezasy-da, serpaýy-da özünde – onuň içki dünýäsinde. Her bir adam gowy iş etse özüniň jahanyň ýagşylygyna ýagşylyk goşandygyny duýýar we begenýär, erbet iş etse-de ilki bilen onuň özi öz eden ýamanlygyny syzýar, ondan utanyp, ýalan söz bilen, ýasama hereketler bilen ony özgelerden gizlemäge çytraşýar. Oňat adamlaryň ýanynda hemişe özüni müýnli duýýandygy üçinem kalbyndaky oňaýsyzlygy, utanjy ýaşyrmak maksady bilen özüni bihaýa alyp barýar. Şeýle hereketleri bilenem iliň gözünden düşýär. „Halalyň hemaýatkäri kalbynda, ýamanyň ýagysy ýanynda“ diýen nakyl hem şuny aňladýar.

***__Durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan:__***

Gadyryňam, Perhadyň babasynyňam hekaýada suratlandyrylýan hereketleri durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan mantyga (logika) doly laýyk gelýär.

*Birinjiden*, Perhadyň on ýylyň dowamynda kakasyz ösmegine Gadyr günäkär. Elbetde bu ýerde Gymmadyň hem günäsi ýok däl. Sebäbi ol „göni gelen keýgiň iki gözünden özge aýby ýok“ diýen nakyla uýup, öz ýanyna birnäçe gezek ötünç sorap gelen Gadyry çagasynyň hatyrasyna bagyşlap, onuň bilen täzeden durmuş gurmaga hiç-hili synanyşyk etmedi. Ol bu hereketi durmuşylykdan, aň-paýhasdan ugur alyp amala aşyrmagyň deregine, duýgusyna, öýke-kinesine tabyn bolup etdi. Ýöne, hekaýalardan görşümiz ýaly, şeýle agyr ýagdaýlaryň ýüze çykmagynda günäniň agramly bölegi Gadyryň üstüne düşýär. Şonuň üçinem Gadyryň öz günäsini ýuwmak üçin işjeň hereket etmegi mantyga doly laýyk gelýär. Nakyl bilen aýdylanda, Gadyr „eli bilen edenini egni bilen çekmegiň“ ugrunda hereket edýär;

*Ikinjiden*, islendik çaganyň ejesiz-kakasyz terbiýelenmegi onuň geljekki durmuşyna örän uly täsir edýär. Munuň şeýledigine hekaýada suratlandyrylýan şekilleriň mysalynda-da getirmek bolýar. Perhadam, Nedirem çaga, olaryň ikisiniň arasynda bary-ýogy iki-üç ýaş tapawudy bar. Emma Perhat özüni agras hem uly adam ýaly alyp barýar. Başyna düşen hasratdan, ýalňyzlykdan ýaňa ol özüni çaga hökmünde duýup bilmeýär. Tersine ejesi-kakasynyň penasynda agaýana ösýän Nediriň welin, kellesinde garagollukdan başga zat ýok. Ol özüni adaty bezzat oglanjyk ýaly alyp barýar. Şonuň üçinem Gadyryň Perhady öz maşgalasyna almagy çagany terbiýelemek we ony oňat adam edip ýetişdirmek babatda-da iň manyly hereket bolup durýar.

*Üçünjiden*, Gadyryň Perhat bilen ýakynlygy ýola goýmak babatda edýän hereketleri hem durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan oňlanmaga mynasyp. Ol durmuşda käbir adamlaryň çagalara bir zat düşündirjek bolanda edişi ýaly, Perhadyň özüne görkezýän garşylygyny ýeňip geçmek üçin gazap atyna atlanmaýar-da, ýumşaklyk hem paýhaslylyk bilen hereket edýär. Perhat özüne ýüz bermäninden soň ol ýetginjegiň ýanyna Feridäni ugradýar. Ol Feridäniň mähirli gürrüňine-de baş galdyrmanyndan soň bolsa, Perhadyň ýanyna ogly Nediri ugradýar. Netijede-de bir çaganyň beýleki çaganyň ýüregine ýol tapyp, Perhadyň kalbynyň doňunyň çözülmegini gazanýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, Perhadyň babasynyň Gadyryň ogluny öz ýanyna almagyna bökdençlik döretmezligi hem durmuş tejribesi nukdaýnazaryndan örän parasatly hereketdir. Ol hossarlyk we howandarlyk edarasynyň ýolbaşçysy bilen maslahatlaşyp, kanunda bellenen tertibi öwrenýär. Şondan soňam dogry netijä gelýär. Perhadyň mamasynyňky ýaly, öz duýgusynyň bendisine öwrülip, kanuna laýyklykda Gadyryň Perhady öz maşgalasyna almaga doly hukugynyň bardygyny bilip durka-da, dawa-jenjel turzup, netijesiz başagaýlygy döretmäge dyrjaşmaýar.

## Hukuk maglumatlary:

***Hossarlyk we howandarlyk***

Hossarlyk we howandarlyk – özleriniň hukuklaryny hem borçlaryny özbaşdak durmuşa geçirip bilmeýän adamlaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak maksady bilen döwlet tarapyndan bellenilýär. Hossarlyk we howandarlyk edarasy hökmünde ýerli öz-özüni dolandyryş edarasy, olaryň ýok ýerinde bolsa, etrabyň ýa-da şäheriň häkimi çykyş edýär.

Ata-enesiniň (perzentlige alanyň) aradan çykmagy, olaryň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmegi, ata-enesiniň kesellemegi zerarly ýa-da beýleki delilli sebäplere görä, ata-enäniň hossarlygyndan mahrum bolan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary terbiýelemek üçin, şonuň ýaly-da şol çagalaryň şahsy we emläk hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramak üçin hossarlyk we howandarlyk bellenilýär.

Hossarlyk ýedi ýaşa ýetmedik çagalaryň üstünden, şonuň ýaly-da akyly üýtgänligi ýa-da kemligi sebäpli özüniň hereketlerine ýolbaşçylyk edip bilmeýän we onuň ähmiýetine düşünmeýän adamlaryň üstünden bellenilýär, eger olar kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen bolsalar.

Howandarlyk ýedi ýaşdan on sekiz ýaşa çenli aralykdaky ýetginjekleriň üstünden, şonuň ýaly-da spirtli içgileri içmegi we neşe serişdelerini ulanmagy bilen maşgalany agyr maddy ýagdaýa goýýanlygy sebäpli, kazyýet tarapyndan kämillik ukyby çäklendirilen adamlaryň üstünden bellenilýär.

Özleriniň saglyk ýagdaýy zerarly öz hukuklaryny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän we öz borçlaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilmeýän, kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň şahsy we emläk hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramak üçin olaryň razylygy bilen penakärlik görnüşinde howandarlyk bellenilip bilner.

Aýratyn çäklendirmeler bolmasa on sekiz ýaşyna ýeten her bir adam hossar (howandar) bolup biler. Adatça, hossar (howandar) idege mätäç adamyň kowum-garyndaşlaryndan ýa-da oňa ýakyn adamlardan bellenilýär.

Kanun şulara hossar (howandar) bolmaklyga rugsat bermeýär:

- on sekiz ýaşy dolmadyklara;
- kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen ýa-da çäklendirilen adamlara;
- ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenlere;
- öň perzentlige alyjy bolan adamlara (perzentlige aljynyň borjuny göwnejaý ýerine ýetirmänligi üçin perzentlige almaklyk ýatyrylan bolsa);
- öň hossaryň (howandaryň) borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmändikleri sebäpli hossarlykdan (howandarlykdan) çetleşdirilen adamlar.

Hossar (howandar) diňe olaryň razylygy bilen bellenýär. Hossar (howandar) bellenende, olaryň bu babatda ukyplary we başarnyklary barlanýar, olaryň hossarlyga (howandarlyga) alynjak bolýan bilen özara aragatnaşygy, şonuň ýaly-da idege mätäçleriň hossar (howandar) boljak barada garaýşy, mümkin boldugyndan öwrenilýär.

Hossar (howandar) öz ýardam berýän kämillik ýaşyna ýetenleri saklamaga, olar üçin zerur durmuş şertlerini döretmäge we ideg etmäge, olaryň kesellerini

bejermek barada alada etmäge, şeýle hem hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga borçludyr.

Hossar (howandar) öz idegindäki kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar bilen bile ýaşamaga borçludyr. Aýratyn halatlarda hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bilen howandar öz idegindäki 16 ýaşan çaga bilen aýry ýaşap biler, eger bu ýagdaý olaryň terbiýesine, hukuklarynyň hem bähbitleriniň goralmagyna oňaýsyz täsirini ýetirmese.

Hossarlyk (howandarlyk) edilýäniň emlägini, onuň eýeçiliginden aýyrmak, şol sanda çalyşmak ýa-da sowgat etmek barada, emlägi kireýine (kärendesine), mugt peýdalanmaga bermek ýa-da girew goýmak barada geleşikleri baglaşmaga hossarlyk (howandarlyk) edilýäne degişli hukuklardan ýüz dönderilmegine getirýän geleşikleri baglaşmaga, olaryň emlägini bölmäge ýa-da olara düşýän paýdan bölüp almaga getirýän geleşikleri baglaşmaga, şonuň ýaly-da hossarlyk (howandarlyk) edilýäniň emläginiň kemelmegine getirýän islendik beýleki geleşikleri baglaşmaga hossaryň hossarlyk we howandarlyk edarasyndan rugsat alman baglaşmaga haky ýokdur, howandaryň bolsa, muňa razylyk bermäge haky ýokdur.

Hossaryň (howandaryň), olaryň ýanýoldaşlarynyň we ýakyn garyndaşlarynyň hossarlyk (howandarlyk) edilýän bilen geleşik baglaşmaga haklary ýokdur, muňa emlägi hossarlyk (howandarlyk) edilýäne sowgat etmeklik ýa-da mugt peýdalanmaga bermeklik girmeýär.

Şonuň ýaly-da hossar (howandar) hossarlyk (howandarlyk) edilýän bilen hossaryň (howandaryň) ýanýoldaşynyň we ýakyn garyndaşlarynyň arasynda geleşikler baglaşylanda ýa-da kazyýet işleri alnyp barlan mahalynda hossarlyk (howandarlyk) edilýäniň wekilçiligini etmäge haky ýokdur.

Hossarlyk (howandarlyk) baradaky borçlar hak-heşdeksiz amala aşyrylýar. Hossar (howandar) özleriniň hossarlyk ýa-da howandarlyk edýän adamlaryny ekläp-saklamaga borçly däldirler. Ideg edilýänleri eklemek üçin olaryň öz pullary we girdejileri ulanylýar. Serişdeler ýetmezçilik edende hossarlyk we howandarlyk edarasy hossarlyk (howandarlyk) edilýän üçin kömek puly belleýär.

Hossar ýa-da howandar hossarlyk (howandarlyk) edilýäniň girdejilerini, onuň eýeçiligini dolandyrmakdan düşýän girdejileri diňe hossarlyk (howandarlyk) edilýäniň bähbitleri üçin hem-de hossarlyk we howandarlyk edarasynyň deslapdan rugsat bermegi bilen harçlaýarlar.

Bir zady bellemek gerek, hossarlyk (howandarlyk) edilýäniň özbaşdak ygtyýar etmäge haky bar bolan girdejileri muňa girmeýär. Hossaryň (howandaryň) hossarlyk (howandarlyk) edilýäni ekläp-saklamak üçin girdeji hökmünde oňa düşýän puluň hasabyna zerur çykdajylary hossarlyk we howandarlyk edarasyndan deslapdan rugsat alman harç etmäge haky bardyr.

Hossarlyk we howandarlyk edarasy hossary (howandary) öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadýar:

- çaga ata-enesine gaýtarylyp berilse;
- çaga perzentlige alynsa;
- çaga döwlet edarasynyň ýa-da jemgyýetçilik guramasynyň idegine berilse.

Hossar (howandar) saglyk, maşgala, maddy ýagdaýlaryna görä, öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadylmagyny hossarlyk we howandarlyk edarasyndan haýyş edip biler.

Hossar ýa-da howandar özüne ýüklenen borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmedik halatynda, şol sanda özüniň hossarlygyny ýa-da howandarlygyny betniýetli şahsy maksatlary üçin peýdalanan mahalynda ýa-da hossarlyk (howandarlyk) edilýäni gözegçiliksiz we zerur kömeksiz goýan ýagdaýynda, hossarlyk we howandarlyk edarasy hossary ýa-da howandary bu borçlary ýerine ýetirmekden çetleşdirip biler hem-de günäkäri kanunda bellenen jogapkärçilige çekmek üçin zerur çäreleri görüp biler.

Kanunda berkidilişine görä, atasynyň (babasynyň) we enesiniň (mamasynyň) öz agtyklary bilen gatnaşyk saklamaga haky bardyr. Eger çagalaryň ata-enesi muňa päsgelçilik döretseler, onda hossarlyk we howandarlyk edarasy, olary çagalarynyň öz atasy (babasy), enesi (mamasy) bilen gatnaşykda bolmaklary üçin mümkinçilik döretmeklige borçly edýär, eger bu gatnaşyklar çagalaryň terbiýesine we beýleki bähbitlerine ýaramaz täsir etmese.

<u>Soraglar:</u>

1. Kimiň üstünden hossar we kime howandar bellenilýär?
2. Hossaryň (howandaryň) nähili hukuklary bar?
3. Hossar (howandar) öz borçlaryny ýerine ýetirmekden haýsy esaslar boýunça boşadylyp bilner?
4. Hossar (howandar) haçan we nädip öz borçlaryny ýerine ýetirmekden çetleşdirilip bilner?

**Çyzgylar:**


Ata-eneleriň ideginden mahrum bolan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary terbiýelemek, olaryň şahsy we emläk hukuklaryny (bähbitlerini) goramak üçin hossarlyk ýa-da howandarlyk şu ýagdaýlarda bellenýär
Çaganyň ata-enesi aradan çykan
Çaganyň ata-enesi ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen
Çaganyň ata-enesi kesel bolan
Beýleki esasly sebäpler ýüze çykanda
Hossar bellenýär
7 ýaşy dolmadyk çagalara
Kazyýet tertibinde kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlara
Howandar bellenýär
Spirtli içgileri içmegi we neşe serişdelerini ulanmagy bilen maşgalany agyr maddy ýagdaýa goýanlygy sebäpli, kazyýet tarapyndan kämillik ukyby çäklendirilen adamlara
7 ýaşy dolan, ýöne 18 ýaşy dolmadyk ýetginjeklere
Saglyk ýagdaýy sebäpli öz hukuklaryny (borçlaryny) özbaşdak amala aşyryp (berjaý edip) bilmeýän kämillik ýaşyna ýeten adamlara



Hossar (howandar) bolup bilmeýär
18 ýaşy dolmadyk
Kämillik ukyby ýok adam
Kämillik ukyby çäklendirilen adam
Ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adam
Öň perzentlige alyjynyň borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmedik adam
Öň hossaryň (howandaryň) borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmedik adam
Hossarlyk we howandarlyk edarasy hossary (howandary) öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadýar
HÖKMANY ESASLAR
Çaga ata-enesine gaýtarylyp berilse
Çaga perzentlige alynsa
Çaga döwlet edarasynyň ýa-da jemgyýetçilik guramasynyň idegine berilse
Hossar (howandar) saglyk, maşgala, maddy ýagdaýlaryna görä, öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadylmagyny hossarlyk we howandarlyk edarasyndan haýyş etse
HÖKMANY DÄL ESAS

**Sowalnama:**

(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)

1. **Kämillik ýaşyna ýetmedik çagany terbiýelemek üçin hossar (howandar) bellenýär, eger-de onuň ejesi-kakasy:**
   - aradan çykan bolsa;
   - agyr kesellän bolsa;
   - çagasyny ekläp-saklamak islemeýän bolsa;
   - ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen bolsa.

   *Nädogry jogaby tapyň.*

2. **Howandar bellenilýär:**
   - 7-18 ýaş aralygyndaky çagalaryň üstünden;
   - kämillik ukyby (spirtli içgileri içýänligi ýa-da neşe serişdelerini çekýänligi üçin) çäklendirilen adamlaryň üstünden;
   - saglyk ýagdaýlary sebäpli hukuklaryny we borçlaryny amala aşyryp bilmeýän adamlaryň üstünden;
   - akyly üýtgänligi ýa kemligi sebäpli özüniň hereketlerine erk edip bilmeýän adamlaryň üstünden.

   *Nädogry jogaby tapyň.*

3. **Şulardan kim hossar (howandar) bolup biler?**
   - 18 ýaşamadyk adam;
   - spirtli içgileri içýän adam;
   - ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilen adam;
   - kämillik ukyby ýok adam.

   *Dogry jogaby tapyň.*

4. **Hossar (howandar) öz borçlaryny ýerine ýetirmeklikden boşadylyp bilner, eger:**
   - hossar (howandar) kesellän bolsa;
   - çaga yzyna ata-enesine gowşurylan bolsa;
   - çaga perzentlige alnan bolsa;
   - çaga agyr kesellän bolsa.

   *Nädogry jogaby tapyň.*

5. **Hossary (howandary) haýsy edara belleýär?**
   - kazyýet;
   - häkim;
   - mekdep;
   - prokuratura.

   *Dogry jogaby tapyň.*

**6. Hossar (howandar) öz hasabyna idegindäkileri saklamaga borçlumy?**

- ýok;
- hawa;
- diňe ýakyn garyndaşlyk bolan halatynda;
- idegindäki adam talap bildiren ýagdaýynda.

*Dogry jogaby tapyň.*

**7. Hossaryň (howandaryň) ideginde bolanlar hossarlyk (howandarlyk) aradan aýrylyp, özbaşdak ýaşap ýören halatlarynda özlerine hossarlyk (howandarlyk) eden adamlary kanun boýunça eklemäge-saklamaga borçlumy?**

- ýok;
- diňe olaryň talap bildiren ýagdaýynda;
- kazyýetiň ýörite çözgüdi bolan halatynda;
- olaryň kömege mätäç ýagdaýynda.

*Dogry jogaby tapyň.*

**8. Hossarlyk (howandarlyk) öz-özünden ýatyrylýar:**

- hossarlyk çaganyň ýedi ýaşamagy bilen;
- howandarlyk çaganyň on sekiz ýaşamagy bilen;
- howandarlyk çaganyň resmi nika girmegi bilen;
- hossarlyk we howandarlyk ikisi-de çaganyň on sekiz ýaşamagy bilen.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**9. Hossar (howandar) diňe olaryň razylygy bilen bellenýär:**

- hawa;
- ýok, ony hossarlyk we howandarlyk edarasy özbaşdak çözýär;
- hawa, ýöne bu diňe hossara degişli;
- hawa, ýöne bu diňe howandara degişli.

*Dogry jogaby tapyň.*

**10. Hossaryň (howandaryň) öz idegindäki kämillik ýaşyna ýetenler babatda şu borçlary bar:**

- olar üçin zerur durmuş şertlerini döretmäge;
- olary öz serişdeleriniň hasabyna saklamaga;
- olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramaga;
- olaryň saglygy barada alada etmäge.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**11. Hossar (howandar) öz idegindäki kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar bilen bile ýaşamaga borçlumy?**

- ýok;
- hawa;

- hawa, ýöne hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bilen 16 ýaşan çaga howandaryndan aýry ýaşap biler;
- hawa, ýöne hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bilen 6 ýaşan çaga hossaryndan aýry ýaşap biler.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**12. Hossar (howandar) öz idegindäkileriň emlägine erk edip bilýärmi?**

- ýok;
- hawa, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň deslapky razylygy bilen;
- hawa, diňe hossara özbaşdak geleşik baglaşmaga rugsat berilýär;
- hawa, diňe howandar öz howandarlygyndaka geleşik baglaşmaga rugsat berip bilýär.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**13. Hossar (howandar), olaryň ýanýoldaşlary hem-de ýakyn garyndaşlary hossarlyk (howandarlyk) edilýänler bilen geleşikleri baglaşyp bilýärlermi?**

- hawa;
- ýok;
- ýok, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bolsa, onda bolýar;
- ýok, hossarlyk (howandarlyk) edilýäniň bähbitlerine ters gelmese, onda bolýar.

*Dogry jogaby tapyň.*

**14. Ejesi-kakasynyň razylygyny almazdan agtyklary öz atasy (babasy) we enesi (mamasy) bilen duşuşyp bilýärlermi?**

- ýok;
- hawa;
- hawa, atasy (babasy) we enesi (mamasy) öz agtyklary bilen gatnaşmak isleýän bolsalar;
- hawa, päsgelçilik dörän ýagdaýynda hossarlyk we howandarlyk edarasy çagalaryň eje-kakasyny olaryň atasy (babasy) we enesi (mamasy) bilen aragatnaşykda bolmaklaryny üpjün etmeklige borçly edip bilýär.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**Bellik:** Sowalnamanyň jogaplarynyň dogry (nädogry) belgileri okuw-usuly gollanmanyň ahyrynda berilýär.

## Sowalnamalaryň dogry (nädogry) jogaplarynyň belgileri:

***I hekaýa boýunça:***

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***3*** | ***1*** | ***3*** | ***2*** | ***1*** | ***3*** | ***4*** | ***2*** | ***1*** | ***2*** | ***4*** | ***4*** | ***3*** | ***2*** | ***1*** | ***1*** |

***II hekaýa boýunça:***

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***4*** | ***4*** | ***1*** | ***4*** | ***3*** | ***2*** | ***1*** | ***3*** | ***1*** | ***1*** |

***III hekaýa boýunça:***

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***3*** | ***4*** | ***4*** | ***1*** | ***2*** | ***4*** | ***3*** | ***4*** | ***2*** | ***3*** | ***2*** | ***4*** | ***4*** | ***4*** | ***2*** | ***3*** | ***3*** |

***IV hekaýa boýunça:***

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***3*** | ***2*** | ***3*** | ***3*** | ***2*** | ***4*** | ***4*** | ***3*** | ***2*** | ***1*** | ***3*** | ***1*** | ***4*** | ***3*** | ***1*** | ***3*** |

***V hekaýa boýunça:***

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***4*** | ***1*** | ***4*** | ***4*** | ***3*** | ***4*** | ***2*** | ***3*** | ***2*** | ***1*** | ***4*** | ***2*** | ***3*** | ***4*** | ***4*** | ***3*** |

***VI hekaýa boýunça:***

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***4*** | ***3*** | ***1*** | ***2*** | ***2*** | ***3*** | ***1*** | ***4*** | ***3*** | ***1*** | ***1*** | ***2*** |

***VII hekaýa boýunça:***

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***3*** | ***4*** | ***2*** | ***4*** | ***2*** | ***1*** | ***1*** | ***4*** | ***1*** | ***2*** | ***3*** | ***2*** | ***2*** | ***4*** |

## Meseleler:

***<u>1-nji hekaýanyň meselesi</u>***

Gadyr bilen Gymmat hukuk maslahathanasyna gelip, adwokatdan nika girmek ücin kanunyň esasy kadalary barada giňişleýin düşündiriş bermegini sorapdyrlar.

**Sorag:**

Siz adwokatyň ýerine bolanyňyzda olara nähili hukuk düşündirişlerini we maslahatlaryny bererdiňiz?

***<u>2-nji hekaýanyň meselesi</u>***

Gadyr laýyk bir ýyl daşary ýurtda okap, hünär derejesini artdyrypdyr. Öýüne dolanyp gelýärkä, ýolda, Gymmadyň elinde entek bir aýam ýaşamadyk çagasynyň bardygyny eşidýär. Bu zatlaryň has jikme-jik anygyna ýetmek üçin Gadyr ýolugruna garry öýlerine sowulýar. Şol ýerde hem ol çaganyň dogluş hakynda şahadatnamasynda özüniň çaganyň atasy hökmünde ýazylandygyny bilýär.

Gadyra garry öýünde ýene-de bir wakany gürrüň berýärler. Gadyryň ýakynlary bu ýagdaýy onuň meselesi boýunça hukuk maslahathanasyna kömek isläp baranlarynda adwokatdan eşidipdirler. Bir erkek kişi hiç bir ýakyn gatnaşykda bolmadyk tanyş aýalynyň haýyşy boýunça onuň çagasynyň atasy diýip boýun alyp, ýaňky aýal bilen bilelikde RÝNÝ edarasyna arza beripdir. Şol esasda hem atalyk barada ýazgy geçirilipdir.

**Soraglar:**

1. Şu ýerde kanun bozulypdyrmy?
2. RÝNÝ edarasy çaga dahyly bolmadyk erkek kişini onuň atasy diýip ýazgy geçirip bilýärmi?
3. Gadyr çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasyndan öz adyny aýyrdyp bilermi?

***<u>3-nji hekaýanyň meselesi</u>***

Gymmat kazyýete ýazan talap arzasynda jogapçydan şulary talap etdi:
- nikanyň ýatyrylmagyny;
- çagasynyň öz terbiýelemeginde galdyrylmagyny;
- jogapçynyň öz çagasy üçin hossar hakyny tölemegini;
- umumy eýeçilikdäki emläkden 70% özüne berilmegini.

Kazyýet mejlisinde Gymmat umumy eýeçilikdäki emlägiň agramly böleginiň özüne berilmegini talap etmekligini şular bilen delillendirdi: çagasy onuň ideginde bolmaly, äri arakhor, hiç ýerde işlemeýär, awtoulaglaryny satypdyr, onuň puluny nirä harçlandygy hem belli däl.

Jogapçy hökmünde kazyýet mejlisinde sorag edilen Gadyr umuman Gymmadyň talaplaryny goldady, ýöne umumy eýeçilikdäki goşlarynyň deň paýlanylmagyny kazyýetden talap etdi. Mundan başga-da ol talapçy bilen bile ýaşan döwürlerinde bergileri edendigini, olary-da umumy eýeçilikdäki emlägiň içine goşup, deň bölmegi öz gezeginde kazyýetden talap etdi. Ol bergileriniň biriniň serhoş ýagdaýda öz awtoulagy bilen ýol-ulag hadysasynyň netijesinde başga biriniň ulagyna zyýan ýetirende dörändigini, beýlekisiniň bolsa, özüniň içgili ýagdaýda seresapsyz hereketler bilen biriniň hususy dükanyny otlandygy sebäpli ýüze çykandygyny düşündirdi.

**Sorag:**

1. Eger siz kazyýetiň düzüminde oturdaş bolup, çözgüt çykarmaly bolan bolsaňyz, Gymmadyň we Gadyryň talaplaryna näme jogap bererdiňiz?

***4-nji hekaýanyň meselesi***

Gadyr arakhorluga ýüz urýar. Gymmat bolsa tenini satyp, ýaramaz ýola düşýär. Olaryň ikisi-de Perhadyň terbiýesi barada alada etmän, öz keýpi-sapalary bilen gümra bolýarlar.

**Soraglar:**

1. Şu ýagdaýda Perhadyň terbiýesi barada kim alada edip biler?
2. Perhadyň ata-enesine nähili çäreler görlüp bilner?
3. Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmezden Perhady ata-enesinden almak, olary ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmekden näme bilen tapawutlanýar?

***5-nji hekaýanyň meselesi***

Gadyr bilen Gymmadyň çagasy Perhat 25 ýaşynda. Häzir ol düýpli ýarawsyzlygy zerarly zähmete ukypsyz, özi-de kömege mätäç bolup dur.

Gadyr şäherde uly wezipede işläp ýör, ýöne durmuşy welin ugrukmady, onuň ýeke özi ýaşaýar.

Gymmadam Gadyr bilen nikalaryny bozanlaryndan soň ýeke özi ýaşaýar. Ol agyr kesele uçrany üçin hiç ýerde işlemeýär. Ýakynda ata-enesiniň uly mülki oňa miras galýar.

**Soraglar:**

1. Perhat öz ata-enesinden paý görnüşinde hossar hakyny alyp bilermi?
2. Perhadyň ata-enesi hossar hakyny tölemekden boşadylyp bilnermi ýa-da olar onuň möçberini azaltmak barada mesele gozgap bilýärlermi?

3. Gymmat kesel halyna işläp bilmeýär, ol öňki ýanýoldaşyndan nikalary ýatyrylandan soňra 7 ýyl geçenden soň maddy kömek alyp bilermi?
4. Perhat keselinden gutulyp, işläp başlasa, zerurlyk ýüze çykanda ata-enesi ondan maddy kömek talap edip bilýärlermi?

***6-njy hekaýanyň meselesi***

Gadyr bilen Gymmat resmi nikada ýaşaýarlar. Gadyr Nediri perzentlige almaklygy ýüregine düwýär. Gymmat umuman adamsynyň bu pikirini goldaýar, ýöne özüniň Nediri perzentlige almakçy däldigini aýdýar. Nedir häzir on bäş ýaşynda. Gadyr bu mesele boýunça häkimlige ýüz tutanda, başga-da bir adamyň Nediri perzentlige almakçy bolýandygyny eşidýär. „Men barkam başga bir adam nädip ony perzentlige alyp bilýärkä?“ diýip Gadyr oýlanýar, soňam ahmal galmajak bolup, ýörite düşündirişler almak üçin hukuk maslahathanasyna ýüz tutmaklygy makul bilýär.

**Soraglar:**

1. Adwokat hökmünde siz, Gadyra Nediri perzentlige almak üçin nähili hukuk düşündirişlerini we maslahatlaryny berip bilersiňiz?
2. Kimler perzentlige alyjylar bolup bilýärler?
3. Perzentlige almak hossarlyga (howandarlyga) almakdan näme bilen tapawutlanýar?

***7-nji hekaýanyň meselesi***

On alty ýaşly Perhadyň babasy onuň howandary edilip bellenilipdir. Perhat şäherde işe durýar. Gatnamasy kyn bolýar diýibem işleýän kärhanasynyň umumy ýaşaýyş jaýynda otag alyp, özbaşdak ýaşap başlaýar.

Perhadyň ejesi aradan çykandan soňra ogly onuň ähli emlägini miras alýar. Zerurlyk ýüze çykyp, Perhat miras alan emläginden awtoulagy satýar, dünýeden öten ejesiniň howlusyny-da hakyna, kärendesine berýär. Babasy bu zatlara garşy bolmaýar. Perhat alan pullaryny babasyna berýär. Babasy ol serişdeleri öz hojalygynda peýdalanýar

**Soraglar:**

1. Kim Perhada howandar bolup bilýär?
2. Perhat babasyndan aýry ýaşap bilýärmi?
3. Babasynyň hereketinde kanuna ters gelýän ýaýdaýlar barmy?
4. Haçan howandar öz borçlaryny ýerine ýetirmekden çetleşdirilip bilner?

## Meseleleriň dogry jogaplary:

***1-nji hekaýanyň meselesiniň jogaplary***

Adwokatyň gysga görnüşdäki anyk jogaplary şulardan ybaratdyr:

1) Nika girmek üçin siziň ikiňiziň razylygyňyz gerek. Ol RÝNÝ edarasyna bilelikde arza bermek bilen beýan edilýär. Durmuşda, adatça nika iki tarapyň hem ata-enesiniň razyçylygy we ak patasy bilen baglaşylýar. Ýöne hukuk nukdaýnazaryndan munuň hiç-hili ähmiýeti ýokdur.

2) Siziň ikiňiz hem 16 ýaşan bolmaly. Kanun nika ýaşynyň ýokary çägini kesgitlemeýär, şeýle hem nikalaşýanlaryň ýaş aratapawudy boýunça çäklendirme goýmaýar.

3) Nika girmek üçin siz başga nikada duran bolmaly däl. Öňki nika ýatyrylan bolsa, onda täze nika girmeklige päsgelçilik ýokdur. Kanun boýunça iki aýallylyk we köp aýallylyk jenaýat jogapkärçiligine getirýär.

4) Ýakyn garyndaşlaryň arasynda nika baglaşmaklyga rugsat berilmeýär. Kanun boýunça „ýakyn garyndaş“ diýen düşünjä şular girýär: eje-kaka (perzentlige alan), çagalar (perzentlige alnanlar), şol sanda bir atadan ýa-da eneden bolan çagalar, ata-ene (baba-mama) hem-de agtyklar.

5) Nikalaşýanlaryň akyl-huşy ýerinde bolmaly. Bu ýerde nikalaşýanlaryň akylynyň üýtgänligi ýa-da kemligi sebäpli, kazyýet tarapyndan resmi kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlar barada gürrüň gidýär.

6) Ýokarda agzalan ýagdaýlar RYNÝ edarasy tarapyndan anyklansa, şeýle hem nika hakykat ýüzünde maşgala döretmek niýeti bilen baglaşylmadyk bolsa, onda nika kazyýet tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

Beýle diýildigi, nikanyň baglaşylan pursadyndan başlap, är-aýalyň arasynda dörän ähli hukuk gatnaşyklaryň güýjüni ýitirýändigini aňladýar. Dogry, nika hakyky däl diýlip ykrar edilenden soň hem käbir hukuklar we borçlar saklanyp galýar:

- nikanyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi şol nikadan doglan çagalaryň hukuk ýagdaýyna täsir etmeýär;
- eger-de är-aýalyň biri başga nikada durýanlygyny gizlän bolsa ýa-da nika baglaşmaklyga beýlekisini zor bilen mejbur eden bolsa, onda kazyýet aldawa düşen äri (aýaly) üçin günäkärden kömek puluny almaly edip bilýär;
- kazyýet, ýokarda agzalan ýagdaýda aldawa düşen äri (aýaly) babatda maşgala kanunçylygynyň umumy we şahsy emläge degişli kadalaryny ulanyp bilýär.

7) Nika siziň RÝNÝ edarasyna arza beren günüňizden bir aý geçenden soň resmileşdirilýär. Bu möhlet size nika baglaşmak babatda gutarnykly netijä gelmek üçin berilýär, özi-de esasly sebäplere görä gysgaldylyp ýa-da 3 aýa çenli uzaldylyp bilner (ýarawsyzlyk, iş sapary we ş.m.). Nika, nikalaşýanlaryň ikisiniň hem gatnaşmagynda bellige alynýar. Taraplaryň razylygy bilen bu waka dabaraly ýagdaýda geçirilip bilner.

**2-nji hekaýanyň meselesiniň jogaplary**

1) Bu ýerde hiç-hili kanun bozulma ýok. Çagany dogran aýal biri bilen resmi nikada duran bolsa, şol adam çaganyň atasy diýlip hasaplanýar. Olaryň bile ýaşaýandyklarynyň ýa-da ýaşamaýandyklarynyň, aragatnaşyklarynyň bardygynyň ýa-da ýokdugynyň, atalyk barada ýazgy geçirmeklige täsiri-de, päsgelçiligi-de ýok.

Gymmada çagasyna dogluş hakynda şahadatnama almak üçin RÝNÝ edarasyna nika baglaşmak hakyndaky şahadatnamany we çaga dograndygy barada çaga dogrulýan öýüň kepilnamasyny bermek ýeterlik.

2) RÝNÝ edarasy kanun boýunça atalygyny meýletin boýun alýan adamyň atadygyny ýa-da däldigini barlamaga borçly däl. Şu ýerde ýene-de bir zady belläp geçmeli, eger özüni ata diýip ýazdyran adam soňra pikirini üýtgetse, kanun oňa meýletin kabul eden atalygyndan ýüz döndermäge rugsat bermeýär.

3) Meselede görkezilen möhletlerden ugur alsaň Gadyr çaganyň atasy däl, ýöne ol bu ýagdaý bilen ylalaşyp, sesini çykarmasa, onda diňe çaganyň hakyky atasy kazyýetde öz atalygyny ykrar etdirmek barada mesele goýup bilýär.

Ikinji bellenilen durmuş ýagdaýymyzdan hem edil şeýle netije gelip çykýar. Özi-de erkek kişiniň resmi nikada durýanlygynyň ýa-da durmaýanlygynyň çaga babatda ýazgy geçirmek üçin hiç-hili ähmýeti ýokdur.

Gadyr ýurduna dolanyp gelenden soň kanun esasynda bir ýylyň dowamynda özüniň Türkmenistanda bolmadyk döwründe doglan çaganyň özüniňki däldigini subut etmeli. Munuň üçin oňa bir ýyllap daşary ýurtda iş saparynda bolandygy baradaky kepilnamany kazyýete bermek ýeterlikdir.

Ikinji durmuş ýagdaýynyň üstünde durlup geçilende, çaganyň hakyky atasy, eger-de onuň ejesi aradan çykan ýa-da enelik hukugyndan mahrum edilen bolsa, atalyk barada ýazgy geçirilenden ýa-da şol ýazgy barada habarly bolandan soň bir ýylyň dowamynda ýazgynyň hakyky däldigi barada kazyýete talap arza bildirip bilýär. Degişli subutnamalary bildirip, kazyýeti ynandyryp bilse, onda ol çaganyň atasy diýlip ykrar ediler. Şeýlelikde, çaganyň dogluş hakyndaky ýazgylaryna zerur düzedişler giriziler.

**3-nji hekaýanyň meselesiniň jogaplary**

Haçan-da talap arzada diňe nikany ýatyrmak meselesi goýulsa, onda ol kazy tarapyndan ýekelikde garalýar. Galan halatlarda nikany ýatyrmaklyk kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. Özi-de meselede agzalýan talaplar diňe nika ýatyrylan ýagdaýynda çözülmäge degişlidir. Dogry, bu talaplar kazyýete aýry-aýrylykda hem bildirilip bilner.

Kazyýet är-aýaly ýaraşdyrmak üçin işe garamagy 6 aýyň çäginde birnäçe gezek yza çekip bilýär. Edil şolar ýaly-da, taraplary ýaraşdyrmak mümkin däl diýen netijä gelnende, tersine ýaraşmak üçin berlen möhleti gysgaldyp hem bilýär.

Nika ýatyrylanda kazyýet är-aýalyň birinden ýa-da ikisindenem alynmaly döwlet pajynyň möçberini kesgitleýär. Kazyýet taraplaryň maşgala we maddy ýagdaýlaryny göz öňünde tutup, är-aýaly (olaryň birini) döwlet pajyny tölemekden boşadyp ýa-da onuň möçberini azaldyp bilýär.

Nika är-aýalyň ýa-da olaryň biriniň nikanyň ýatyrylandygy barada şahadatnamany alan pursatyndan ýatyryldy diýip hasaplanýar. Diýmek eger-de, är-aýal kazyýetiň çözgüdi çykanyndan soň RÝNÝ edarasyna ýüz tutmasalar, onda olar nikada duran diýip hasaplanýarlar.

Kanunyň şu kadalaryna laýyklykda, Gadyr bilen Gymmadyň nikasy ýatyrylyp bilner.

Indi çagalar bilen bagly jedelleri derňäliň. Çaga kim bilen ýaşamaly diýen mesele är-aýalyň ylalaşygy boýunça çözülýär. Jedel ýüze çykanda, bu mesele kazyýetiň garamagyna degişli edilýär. Kazyýet çaganyň kim bilen ýaşamalydygyny kesgitlände, onuň bähbitlerinden ugur alýar we onuň özi üçin hökmany bolmadyk islegini nazarda tutýar. Bu meselede gutarnykly netijä gelmezden öň kazyýet taraplaryň maşgala we maddy ýagdaýlaryny, mümkinçiliklerini öwrenýär, är-aýalyň şahsy ahlak sypatlaryny anyklaýar. Şeýlelikde, çaga ata-enesiniň haýsysy bilen ýaşanda oňa ähli zerur şertleriň dörediljekdigi ýüze çykarylýar. Bu meselede kazyýete hossarlyk we howandarlyk edarasy kömek berýär.

Diýmek, Perhadyň öz ata-enesiniň haýsysy bilen ýaşamalydygy hakynda mesele ýokarda düşündirilen kanunyň kadalaryna laýyklykda çözülmeli.

Ata-ene kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryny eklemäge borçludyrlar. Bir çaga üçin hossar hakyny töleýjiniň aýlyk gazanjynyň (girdejisiniň) dörtden bir bölegi möçberinde hossar haky alynýar. Töleýjiniň durnukly gazanjy bolmadyk halatynda, hossar haky anyk pul möçberinde kesgitlenýär we aýma-aý tölenilmeli edilýär. Çaga ýarawsyz bolsa ýa-da başga esasly sebäpler ýüze çyksa, töleýjiden goşmaça kömegem talap edip bolýar. Kazyýet goşmaça kömek puluny aýma-aý tölemek şerti bilen anyk pul möçberinde kesgitleýär. Hossar haky kanunda bellenilen ýagdaýlarda azaldylyp ýa-da köpeldilip bilner. Elbetde, kazyýet çözgüt çykaranda, hossarlyk gatnaşyklarynda durýanlaryň maşgala we maddy ýagdaýlaryndan ugur alýar.

Şeýlelikde, Gymmat Gadyrdan Perhat üçin onuň aýlyk gazanjynyň 1/4 (dörtden bir) bölegi möçberinde hossar hakyny almaly. Özi-de hossar haky Gadyryň maddy ýagdaýyna, islegine we günäsine garamazdan alynmaga degişli.

Är-aýalyň umumy eýeçiligindäki emlägi paýlaşmak meselesinde durlanda, şulary belläp geçmeli. Är-aýalyň umumy eýeçiligindäki emläkdäki paýlary deňdir. Är-aýalyň biri öý hojalygyny ýöredip, çagalaryny terbiýelän-de bolsa, bu ýörelgeden çykylmaýar. Kazyýet kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryň, şeýle hem är-aýalyň zerur bähbitlerinden ugur alyp, olaryň biriniň umumy emläkdäki paýyny artdyryp bilýär.

Kazyýet üçin Gymmadyň emläk bilen bagly talabyny kanagatlandyrmaga doly esas bar. Özi-de Gymmadyň salgylanýan esaslarynyň hemmesi-de ýerlikli we kanunalaýyk. Gymmadyň görkezmelerinde maşgalanyň awtoulagynyň ondan rugsat almazdan satylandygy barada aýdylýar. Kanuna laýyklykda, ulagyň puly umumy emlägiň sanawyna goşulmaga we paýlanylmaga degişli. Awtoulagyň bahasyndan Gymmada düşýän bölegi Gadyryň umumy emläkdäki paýyndan kemeldilmäge degişli, eger-de onuň nagt puly bolmasa. Kazyýetiň çözgüdinde iki tarapyň her haýsyna düşýän emlägiň sanawyny we bahasyny görkezmeli.

Bölünmäge degişli bolmadyk emläk (mysal üçin, awtoulag) är-aýalyň birine berlen bolsa, onda beýlekisine ol emläkden düşýän paý pul görnüşinde gaýtarylmaly edilýär.

Gadyr öz eden bergilerine maşgalanyň bergisi hökmünde garalmagyny we olaryň deň paýlanmagyny kazyýetden talap edýär. Ýöne onuň öz görkezmelerinden görnüşi ýaly, ol bergiler maşgalanyň bähbitleri üçin edilmändir. Özleri-de Gadyryň bikanun hereketleriniň netijesinde ýüze çykypdyr. Diýmek, onuň bildirýän talaplary kazyýet tarapyndan kanagatlandyrylmaga degişli däl.

***4-nji hekaýanyň meselesiniň jogaplary***

1) Çagasyny ekläp-saklamak we terbiýelemek ata-enäniň hukugy hem borjy bolup durýar. Özi-de olar nikada durýanlygyna-durmaýanlygyna, çaga bilen bile ýaşaýanlygyna-ýaşamaýanlygyna garamazdan bu borjundan boşadylmaýarlar.

Getirilen mysalda, Gadyr bilen Gymmat esasly sebäpler bolmazdan ýokarda görkezilen borçlaryny ýerine ýetirmeýärler. Şeýle halatda kanun olaryň çagasyna öz hukuklaryny we bähbitlerini goramaklygy talap edip, hossarlyk we howandarlyk edarasyna ýüz tutmaga mümkinçilik berýär. Bu hukugy Perhadyň özi ýa-da başgalar amala aşyryp bilýärler. Şeýlelikde, Perhat hossarlyk we howandarlyk edarasynyň gözegçiligine alynýar.

2) Perhat näderejede gözegçiliksiz galdyryldy, ol barada azda-kände alada edilýärmi? Ata-enesiniň ahlaksyz durmuşy onuň okuwyna, saglygyna, ruhy dünýäsine näderejede ýaramaz täsir edipdir? Şu soraglaryň jogaplaryna esaslanyp, Gadyr bilen Gymmat barada görülmeli çäreler kesgitlenip bilner.

Çaganyň ata-enesi ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmezden hossarlyk we howandarlyk edarasynyň terbiýelemegine kazyýetiň çözgüdiniň esasynda berlip bilner, eger-de çaganyň olaryň elinde galdyrylmagy onuň üçin howply diýen netijä gelinse.

Haçan-da çaganyň janyna ýa-da saglygyna howp abananda hossarlyk we howandarlyk edarasy ony gaýragoýulmasyz ýagdaýda ata-enesiniň elinden, öz idegine alyp bilýär. Bu ýagdaýda hossarlyk we howandarlyk edarasy öz gören çäresi barada prokurory habarly etmeli hem-de ýedi günüň içinde ata-enäni (olaryň birini) ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek ýa-da olardan (ondan) çagany almak barada kazyýete talap arza bildirmäge borçludyr.

Diýmek, kanun esasynda Gadyryň we Gymmadyň garşysyna, olar dogry ýola düşmedik halatlarynda, iki çäre görlüp bilinýär:

- olary ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek;
- olary ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmezden çagalaryny hossarlyk we howandarlyk edarasynyň terbiýelemegine bermek.

3) Ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmeklik, ata-enäni ol hukuklardan mahrum etmezden çagany olaryň elinden almakdan şular bilen tapawutlanýar:

- ata-ene çagasy bilen baglanyşykly ähli garyndaşlyk esasynda döreýän hukuklaryny ýitirýärler, şol sanda çagasyndan hossar hakyny almak hukugyndanam;

- kazyýet olary başga jaý bermezlik şerti bilen jaýyndan çykaryp bilýär, eger-de olaryň bile ýaşamaklygy çaganyň bähbitlerine ters gelse.

Iki ýagdaýda hem çaga üçin hossar hakyny töletdirmek, onuň bilen duşuşyklary guramak kanunda bellenen tertipde amala aşyrylyp bilner.

***5-nji hekaýanyň meselesiniň jogaplary***

1) Ata-ene öz kämillik ýaşyna ýeten, zähmete ukypsyz we kömege mätäç çagasyny eklemäge borçly. Hossar haky bolsa anyk pul görnüşinde aýma-aý töleniläge degişli. Kazyýet onuň möçberini kesgitlände taraplaryň maşgala we maddy ýagdaýlaryndan ugur almaly.

Diýmek, Perhat öz ata-enesinden hossar hakyny alyp bilýär, ýöne paý görnüşinde däl-de, anyk pul görnüşinde. Hossar hakynyň möçberi kesgitlenende, Gadyryň, Gymmadyň, Perhadyň maşgala ýagdaýlary (her haýsynyň eklenjinde näçe adamyň bardygy), seýle hem olaryň maddy ýagdaýlary (maşgalanyň aýlyk gazanjy, girdejileri) göz öňünde tutulýar. Hossar haky ata-enäniň her haýsyndan aýratyn alynýar.

2) Üç maşgalaňam maşgala we maddy ýagdaýlary üýtgäp biler. Şoňa laýyklykda, bähbidi bar adamlar kazyýetiň öňünde hossar hakynyň möçberini azaltmak ýa-da köpeltmek barada mesele goýup bilýärler.

Şeýlelikde, Perhadyň ata-enesi zerur halatlarda, hossar hakynyň möçberini azaltmak barada kazyýetde iş gozgap bilýärler. Eger-de Perhat sagalyp, işe dursa, onda onuň ata-enesi kazyýet tertibinde hossar hakyny tölemekden boşadylyp bilner.

3) Är-aýal zähmete ukypsyz we kömege mätäç ýanýoldaşyna maddy kömek bermäge borçludyr. Kazyýet kanun boýunça kömek pulunyň möçberini är-aýalyň maddy we maşgala ýagdaýlaryndan ugur alyp, anyk pul möçberinde, aýma-aý tölemek şertinde kesgitleýär. Är-aýalyň maddy we maşgala ýagdaýlary üýtgän halatynda, olar kazyýetiň üsti bilen kömek pulunyň möçberini azaltdyryp ýa-da köpeltdirip bilýärler. Haçan-da kömek puluny alýan äri (aýaly) täze nika girse, onda kömek puluny tölemek kazyýetiň çözgüdiniň esasynda ýatyrylýar.

Eger-de är-aýalyň biri nika bozulmazyndan öň ýa-da nika ýatyrylandan soň bir ýylyň dowamynda zähmete ukypsyz bolup galan bolsa, onda mätäçlik çekýän zähmete ukypsyz äriň (aýalyň) kömek almak hukugy nika bozulandan soň hem saklanyp galýar.

Meseläniň şertinden görnüşi ýaly, Gymmat maddy taýdan üpjün, ol uly mirasyň eýesi bolup otyr. Olaryň nikalary ýatyrylandan soň 7 ýyl geçipdir. Gymmada kömek puluny töletdirmezlik üçin şu esaslaryň biri-de ýeterlikdir.

4) Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz zähmete ukypsyz we kömege mätäç ata-enelerine hossar hakyny tölemäge borçludyrlar. Mundan başga-da, ata-eneleriniň kesel wagtynda ýa-da başga bir agyr gününde çagalar goşmaça çykdajylary çykarmaklyga çekilip bilner. Her bir çaganyň ata-enä kömegi olaryň maşgala we maddy ýagdaýlary göz öňünde tutulyp, belli bir anyk pul möçberinde, aýma-aý tölemek şerti bilen kazyýet tarpyndan kesgitlenýär.

Hossar hakyny tölemäge kämillik ýaşyna ýeten çagalaryň hemmesi borçludyr. Ýöne, eger-de ata-ene wagtynda öz ata-enelik borçlaryny degişli derejede ýerine ýetirmedik bolsalar, onda çagalar olary ekläp-saklamak borjundan boşadylyp hem bilner. Ata-enäniň döwletiň ýa-da jemgyýetçilik edarasynyň ideginde bolmagy, olaryň çagalaryny ata-enesini eklemek borjundan boşatmaýar.

Kanunyň şu kadalaryna laýyklykda, Gadyr bilen Gymmat, zerurlyk ýüze çykan halatynda, ogullary Perhatdan kömek puluny alyp bilerler.

***<u>6-njy hekaýanyň meselesiniň jogaplary</u>***

1) Gadyr öz ogly Nediri perzentlige almak barada däl-de, gaýta öz atalygyny kazyýet tertibinde subut etmeklik babatda hereket etse dogry bolardy. Şu ýerde ikinji hekaýa we onuň hukuk maglumatlary bilen ýene-de bir gezek tanyşmagy maslahat berýäris.

Nikada duran adam çagany perzentlige aljak bolanda, eger çaga är-aýalyň ikisi tarapyndan perzentlige alynmaýan bolsa, nikada durýanlaryň beýlekisiniň perzentlige almaga razylygy talap edilýär. Biziň mysalymyzda bu babatda Gymmadyň garşylygy ýok.

Eger perzentlige alynýan çaga on ýaşyna ýeten bolsa, onda perzentlige almak üçin onuň özüniň razylygy talap edilýär. Muny hossarlyk we howandarlyk edarasy anyklaýar.

Şu ýerde hukugyň bir kadasyny bilmeklik wajypdyr. Perzentlige almaklyk ýatyrylýar, eger-de ol çaganyň ata-enesiniň, onuň özüniň, perzentlige alýanyň ýanýoldaşynyň razylygy alynmazdan resmileşdirilen bolsa.

Getirilýän mysalda Gymmadyň razylygy bar. On bäş ýaşan Nediriň razylygyny bolsa hökman anyklamaly. Şeýle-de Nediriň ejesiniň hem oglunyň perzentlige alynmagyna ýazmaça görnüşde bildiren razylygy gerek. Nediriň ejesiniň razylygy şu ýagdaýlarda talap edilmeýär:

- ol enelik hukuklaryndan mahrum edilen bolsa;
- ol kämillik ukyby ýok dýlip ýa-da nam-nyşansyz ýiten diýlip kazyýet tertibinde ykrar edilen bolsa;
- bir ýyldan köp wagt bäri çagasy bilen bile ýaşamaýandygy hem-de hossarlyk we howandarlyk edarasynyň duýduryşyna garamazdan, çagany terbiýelemäge (eklemäge) gatnaşmakdan boýun gaçyran bolsa.

2) Çaganyň garyndaşlary, şeýle hem çaga hiç-hili dahyly bolmadyk adamlar hem perzentlige alyjy bolup bilýärler. Şu adamlar bolsa perzentlige alyjy bolup bilmeýärler:

- ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenler;
- kazyýet tertibinde kämillik ukyby ýok ýa-da çäkli diýlip ykrar edilenler;
- çagasyna hossar haky tölemändigi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilip, iş kesilenler;
- öz borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmändigi üçin öň perzentlige almaklygy ýatyrylan adamlar.

3) Perzentlige almak esasynda perzentlige alýan bilen perzentlige alynýanyň arasynda edil hakyky ata-enäniň hem çagalaryň arasyndaky ýaly şahsy we emläk

hukuklary hem borçlary döreýär. Öz hakyky ata-enesi we garyndaşlary babatda bolsa ähli şahsy hem emläk hukuklary ýitirilýär.

Hossarlykda (howandarlykda) taraplaryň arasyndaky hukuk gatnaşyklary juda çäklidir. Hossar (howandar) ähli düýpli meseleler boýunça hossarlyk we howandarlyk edarasynyň ygtyýary bolmasa hereket edip bilmeýär. Bu tertip berjaý edilmedik halatynda bolsa günäkär adamlar kanunda bellenen jogapkärçilige çekilýärler.

Şonuň ýaly-da hossarlyk (howandarlyk) baradaky borçlar hak-heşdeksiz amala aşyrylýar. Hossar (howandar) özleriniň hossarlyk ýa-da howandarlyk edýän adamlarynyň ekläp-saklamaga borçly däldirler. Ideg edilýänleri eklemek üçin olaryň öz pullary we girdejileri ulanylýar.

***7-nji hekaýanyň meselesiniň jogaplary***

1) On sekiz ýaşyna ýeten her bir adam hossar (howandar) bolup biler. Adatça, hossar (howandar) idege mätäç adamyň kowum-garyndaşlaryndan ýa-da oňa ýakyn adamlardan bellenilýär.

Kanun şulara hossar (howandar) bolmaklyga rugsat bermeýär:

- on sekiz ýaşy dolmadyklara;
- kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen ýa-da çäklendirilen adamlara;
- ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilenlere;
- öň perzentlige alyjy bolan adamlara (perzentlige alyjynyň borjuny göwnejaý ýerine ýetirmänligi üçin perzentlige almaklyk ýatyrylan bolsa);
- öň hossaryň (howandaryň) borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmändikleri sebäpli hossarlykdan (howandarlykdan) çetleşdirilen adamlar.

Diýmek, Perhadyň babasy kanuna doly laýyklykda oňa howandar edilip bellenilipdir.

2) Hossar (howandar) öz idegindäki kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar bilen bile ýaşamaga borçludyr. Aýratyn halatlarda hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bilen howandar öz idegindäki 16 ýaşan çaga bilen aýry ýaşap biler, eger bu ýagdaý olaryň terbiýesine, hukuklarynyň hem bähbitleriniň goralmagyna oňaýsyz täsirini ýetirmese.

Perhat azman, ýaramaz endiklerden daşda durup işläp ýörse, onda onuň howandaryndan aýry ýaşamagyna hiç-hili päsgelçilik ýok.

3) Howandar öz idegindäkilere kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň amala aşyryp bilýän geleşiklerini baglaşmaga razylyk berip bilýär. Munuň üçin ol hossarlyk we howandarlyk edarasynyň deslapdan ygtyýaryny alýar.

Diýmek, Perhadyň babasy kanuny bozup, oňa geleşikleri baglaşmaga razylyk beripdir.

4) Hossar ýa-da howandar özüne ýüklenen borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmedik halatynda, şol sanda özüniň hossarlygyny ýa-da howandarlygyny betniýetli şahsy maksatlary üçin peýdalanan mahalynda ýa-da hossarlyk (howandarlyk) edilýäni gözegçiliksiz we zerur kömeksiz goýan ýagdaýynda, hossarlyk we howandarlyk edarasy hossary ýa-da howandary bu borçlary ýerine

ýetirmekden çetleşdirip biler hem-de günäkäri kanunda bellenen jogapkärçilige çekmek üçin zerur çäreleri görüp biler.

Perhadyň babasy oňa bikanun geleşikleri baglaşmaga razylyk beripdir, şeýle hem ol geleşiklerden gelen girdejileri öz şahsy bähbitleri üçin peýdalanypdyr. Şeýlelikde, Perhadyň babasyny howandarlykdan çetleşdirmäge doly kanuny esaslar bar.

## Talap arzanyň gurluşy we görnüşleri:

***Talap arzanyň gurluşy***

Talap arza Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 127-129-njy maddalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir. Ol kazyýete ýazmaça görnüşde berilýär. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 127-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda talap arzada şu aşakdakylar görkezilmelidir.

<table>
<tr><td>1. Talap arza berilýän kazyýetiň ady</td><td>Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrap kazyýeti</td></tr>
<tr><td>2. Talapçynyň ady, atasynyň ady, familiýasy, ýaşaýan salgysy</td><td><u>Talapçy:</u> Feride Jumaýewna Garaýewa Aşgabat şäheriniň Sona Myradowa köçesiniň 186-njy jaýynda ýaşaýan</td></tr>
<tr><td>3. Jogapçynyň ady, atasynyň ady, familiýasy, ýaşaýan salgysy</td><td><u>Jogapçy:</u> Gadyr Hallyýewiç Orazow Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Gyzylaýak obasynyň Galkynyş köçesiniň 67-nji jaýynda ýaşaýan</td></tr>
<tr><td colspan="2">Eger-de talapçynyň ýa-da jogapçynyň adyndan talap arza wekil tarapyndan (mysal üçin, adwokatyň üsti bilen) berilýän bolsa, onda onuň ady, atasynyň ady, familiýasy we ýaşaýan salgysy goşmaça görkezilýär. Haçan-da talap arza prokuror ýa-da başga ygtyýarly şahslar tarapyndan bildirilen bolsa, olaryň öz atlaryndan başga kimiň bähbidini goramak üçin talap arza bildirilen bolsa, şol şahsyň hem ady, atasynyň ady, familiýasy we ýaşaýan salgysy görkezilýär.</td></tr>
<tr><td colspan="2">2-3-nji bentlerdäki maglumatlar esasan iş boýunça degişli taraplary kesgitlemek üçin zerur bolup durýar. Taraplaryň ýaşaýan salgylary işiň haýsy kazyýete degişliligini kesgitlemek we kazyýet bilen taraplaryň arasyndaky hat alşygyny ýola goýmak üçin görkezilýär.</td></tr>
<tr><td></td><td>TALAP ARZA<br>(atalygy anyklamak we hossar hakyny töletmek hakynda)</td></tr>
<tr><td>4. Şu bentde talapçynyň öz talaplaryny esaslandyrýan hukuk ähmiýetli ýagdaýlary hem şol ýagdaýlary subut edýän subutnamalar görkezilýär.<br>Bu ýerde hukuk ähmiýeti bolan, ýagny kanunyň hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy (hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi, ýatyrylmagy) bilen baglanyşdyrylýan ýagdaýlar göz öňünde tutulýar.<br>Mysal ücin, Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodek-</td><td>Men jogapçy bilen 1997-nji ýylyň awgust aýyndan 1998-njy ýylyň maý aýynyň ahyryna çenli hakykat ýüzünde är-aýal gatnaşyklarynda boldum. 1998-nji ýylyň 13-nji maýynda biziň oglumyz Nedir Garaýew dünýä indi. Biz jogapçy bilen görkezilen wagtyň dowamynda, meniň daýym Mätdurdy Mädeminowyň Aşgabat şäheriniň Sona Myradowa köçesiniň 27-nji jaýynyň 11-nji öýündäki salgyda ýerleşýän hususy öýünde bile ýaşadyk we umumy</td></tr>
</table>

| | |
|---|---|
| **siniň 35-nji maddasyna laýyklykda „kazyýet tarapyndan nika är-aýalyň mundan beýläk bile ýaşamagy we maşgalany saklap galmak mümkin däl diýlen netijä gelnende ýatyrylýar“. Ine, şu hem hukuk ýagdaýy bolup durýar.**<br>**Şular ýaly netijä gelmek üçin birnäçe zatlar (arakhorluk, neşekeşlik, biwepalyk we ş.m.) sebäp bolup biler. Olaryň biriniň ýa-da birnäçesiniň bilelikde ýokarda görkezilen hukuk ýagdaýynyň döremegine getirmegi mümkin. Hukuk ýagdaýy talabyň esasy bolup durýar. Şondanam talap gelip çykýar. Ol barada talap arzanyň gurluşynyň 5-nji bendinde aýdylýar.**<br>**Islendik talap arzanyň hukuk esasy (hukuk ýagdaýy) degişli kanunda (kodeksde) görkezilýär.**<br>**Talap arzada diňe bir işiň hakyky ýagdaýlarynyň görkezilmegi ýeterlik däldir. Mundan başga-da şol hakyky ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalar (şaýatlaryň görkezmeleri, ýazmaça subutnamalar we ş.m.) hem görkezilmelidir.** | hojalygy ýöretdik. Şol wagtyň dowamynda ol maňa aýlyk gazanjyny getirip berýärdi. Muny meniň daýym M. Mädeminowdan başga joralarym, Leýla Meredowna Hanowa, Gözel Setdarowna Agamyradowa dagylar hem tassyklap bilerler.<br>Biziň är-aýal gatnaşyklarymyz jogapçy G.H. Orazow özüniň öň tersleşip, taşlap gaýdan aýaly bilen ýaraşýança dowam etdi. Bu ýagdaýlary barada ol maňa öň hiç zat aýtmady. Meniň daýym M. Mädeminow we joralarym, L.M. Hanowa, G.S. Agamyradowa bilen gepleşende jogapçy özüniň Nedir Garaýewiň kakasydygyny aýdýardy.<br>2009-njy ýylyň maý aýynda ol maňa özüniň aýalynyň hem çagasynyň bardygyny, bir ýyl mundan ozal aýaly bilen dawalaşyp, Aşgabat şäherine gaýdandygyny, indi bolsa onuň bilen ýaraşyp, yzyna gaýtmak isleýändigini, şonuň üçinem Aşgabatda galyp bilmeýändigini aýtdy. Şol sebäpli-de ol Nedir Garaýew babatda atalygyny meýletin resmileşdirmekden ýüz dönderdi.<br>Häzirki wagtda ol çagany ekläp-saklamak üçin hiç-hili maddy kömek bermeýär. |
| **5. Talapçynyň jogapça bildirýän talaby. Işiň hukuk ýagdaýlary talabyň hakyky esaslary diýlip atlandyrylýar. Olardan talapçynyň jogapça bildirýän talaby (talaplary) gelip çykýar.**<br>**Talabyň hukuk esaslaryny, ýagny talapçynyň talap arzasynda kanunyň degişli maddalaryny görkezmeklige diňe prokuror borçly edilýär (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 128-nji maddasy).**<br>**Raýatlar öz talap arzalarynda diňe onuň hakyky esaslarynyň (hukuk ýagdaýlaryny) görkezmek bilen çäklenip bilýärler. Kazyýet** | Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 55, 80, 81-nji maddalaryna laýyklykda,<br><br>HAÝÝŞ EDÝÄRIN:<br><br>**1.** 1978-nji ýylda, Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynda doglan, Gadyr Hallyýewiç Orazowyň, 1998-nji ýylyň 13-nji maýynda doglan Nedir Garaýew babatda atalygyny anyklamagyňyzy;<br>**2.** Nedir Garaýewi kämillik ýaşyna ýetýänçä ekläp-saklamak üçin jogapçynyň ähli aýlyk gazanjyndan (girdejisinden) 1/4 bölegi möçberinde hossar hakyny töletdirmegiňizi. |

| | |
|---|---|
| **raýatlaryň talap arzalaryndaky görkezen ýagdaýlary seljerip, olary maddalaşdyrýar, ýagny kanunyň degişli kadalaryny ulanýar.** | **Sizden şulary kazyýete çagyrmagyňyzy we şaýat hatarynda sorag etmegiňizi haýyş edýärin:**<br><br>**1.** Aşgabat şäheriniň Sona Myradowa köçesiniň 186-njy jaýynda ýaşaýan Mätdurdy Mädeminowy;<br>**2.** Aşgabat şäheriniň G. Ezizow köçesiniň 84-nji jaýynda ýaşaýan Leýla Meredowna Hanowany;<br>**3.** Aşgabat şäheriniň H. Derýaýew köçesiniň 11-nji jaýynda ýaşaýan Gözel Setdarowna Agamyradowany. |
| **6. Eger-de talap baha kesilmegine degişli bolsa, talabyň bahasy.** | |
| **7. Talap arzanyň ýanyna goşulýan resminamalaryň sanawy.**<br>**Bu dürli resminamalar bolup biler (dogluş hakynda şahadatnama, nika baglaşmak hakynda şahadatnama, iş ýerinden, ýaşaýan ýerinden kepilnama we ş.m.).**<br>**4-nji bentde görkezilen her bir hukuk ýagdaýyny subut edýän subutnama (subutnamalar) bolmaly, olaryň hem sanawy şu ýerde berilmeli.** | **Talap arzanyň ýanyna goşulýar:**<br><br>**1.** Nedir Garaýewiň dogluş hakynda şahadatnamasynyň nusgasy;<br>**2.** 5-nji Ýaşaýyş jaýlaryna hyzmat ediş we ulanyş edarasynyň (ÝJHEUE) talapçynyň eklenjinde çaga bardygy hakynda kepilnamasy;<br>**3.** Jogapçynyň aýlyk gazanjynyň möçberi hakynda kepilnama;<br>**4.** Döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda töleg haty;<br>**5.** Talap arzanyň nusgasy.<br><br>**Goly:** F.J. Garaýewa |

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň 118-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, atalygy anyklamak we hossar hakyny töletmek hakynda talap arzalar (eger-de olaryň ikisi hem bilelikde bildirilýän bolsa) talapçy tarapyndan onuň öz ýaşaýan ýeri boýunça bildirilip bilner.

Talap arza talapçy ýa-da onuň wekili tarapyndan gol çekilýär. Talapçynyň wekili tarapyndan berlen talap arzanyň ýanyna ynanç haty ýa-da wekiliň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan başga resminama goşulmalydyr (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 127-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

Talap arza kazyýete bildirilende onuň ýanyna jogapçylaryň sanyna barabar göçürmeleri goşulýar. Kazy işiň çylşyrymlylygyny we käbir aýratynlyklaryny nazara alyp, talapçyny talap arzanyň ýanyna goşulan resminamalaryň göçürmelerini hem bermäge borçly edip biler (Türkmenistanyň RIÝK-nyň 129-njy maddasy). Talap arzanyň göçürmesi jogapça kazynyň ýanyna ýa-da kazyýet mejlisine çagyryş haty bilen bir wagtda ugradylýar.

***Okuw-usuly gollanmada öwrenilen maşgala işleriniň esasylary boýunça talap arzalaryň görnüşleri***

Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrap kazyýetine

**Talapçy:** Gymmat Myradowna Orazowa
Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Gyzylaýak obasynyň Mollanepes köçesiniň 21-nji jaýynda ýaşaýan

**Jogapçy:** Gadyr Hallyýewiç Orazow
Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Gyzylaýak obasynyň Galkynyş köçesiniň 67-nji jaýynda ýaşaýan

Talabyň bahasy: 5850 (bäş müň sekiz ýüz elli) manat*

**TALAP ARZA**
(Nikany ýatyrmak, çaganyň kim bilen ýaşamalydygyny kesgitlemek, hossar hakyny töletmek we goş bölmek barada)

1996-njy ýylyň 25-nji awgustynda men jogapçy G.H. Orazow bilen nikamyzy resmileşdirdik. Ondan 1997-nji ýylyň 20-nji martynda doglan, kämillik ýaşyna ýetmedik Perhat atly çagam bar. Biz G.H. Orazow bilen ilkibaşda agzybir ýaşaýardyk, emma ol 1997-nji ýylyň maý aýynda möhletleýin harby gulluga gitdi we şol ýerde başga bir aýal maşgala bilen gatnaşyk saklap, ondan bir sany çagasy bolupdyr. Ol harby gullukdan gelenden soňra biziň maşgalamyzda agzybirlik ýitdi. Jogapçy spirtli içgileri köp içip, günde öýde dawa turuzýar.

Ol çaga barada hiç-hili alada etmeýär. Perhat Orazowyň hem ony göresi gelmeýär, onuň öýden gitmegini talap edýär.

Biz bile ýaşan döwrümizde şu aşakdaky emläkleri edindik:

1. „SONY“ telewizory (*ulanyşda bolan*) – 750 manat.
2. „BOSCH“ kir ýuwulýan enjam (*ulanyşda bolan*) – 600 manat.
3. „LG“ holodilnigi (*täze*) – 600 manat.
4. „BOSCH“ sowadyjysy (*ulanyşda bolan*) – 650 manat.
5. Diwar garnitury (*täze*) – 2800 manat.
6. Aşhana garnitury (*ulanyşda bolan*) – 1750 manat.
7. Haly 2x3m. (*ulanyşda bolan*) – 400 manat.
8. Palas 4x3m. 4 sany (*ulanyşda bolan*) – 480 manat.
9. Agaçdan ýatyş sekileri, 2 sany (*ulanyşda bolan*) – 400 manat.
10. Ärimiň pul goşandy – 2500 manat.

---

*Talapçy umumy emläkden özüne aljak bolýan zatlarynyň bahasyndan bellenen möçberde döwlet pajyny tölemelidir.

Jemi: – 10930 manat.

Biziň mundan beýläk bir maşgala bolup ýaşamaga hiç-hili mümkinçilik ýok, sebäbi biz biri-birimize bolan sylag-hormatymyzy ýitirdik. Jogapçy çagamyzyň meniň bilen ýaşamagyna garşy däl. Şonuň üçinem Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 34-35-nji, 21-22-nji maddalaryna laýyklykda,

HAÝYŞ EDÝÄRIN:

1. Meniň jogapçy bilen Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň RÝNÝ edarasynda, 25.08.1996 ýylda resmileşdirilen nikamyzy ýatyrmagyňyzy;
2. 1997-nji ýylyň 20-nji martynda doglan, kämillik ýaşyna ýetmedik Perhat Orazowyň meniň bilen ýaşamaly etmegiňizi;
3. Gadyr Hallyýewiç Orazowdan meniň peýdama bir sany kämillik ýaşyna ýetmedik çaga: 1997-nji ýylyň 20-nji martynda doglan, Perhat Orazow üçin, talap arza berlen gününden başlap, jogapçynyň aýlyk gazanjynyň (girdejisiniň) 1/4 bölegi möçberinde hossar hakyny töletmegiňizi;
4. Jogapçy bilen bilelikdäki umumy eýeçiligimizde bolan goşlary bölmegiňizi we maňa şu aşakdaky zatlary bermegiňizi:
   1. „BOSCH“ kir ýuwulýan enjam (*ulanyşda bolan*) – 600 manat.
   2. „LG“ holodilnigi (*täze*) – 600 manat.
   3. Aşhana garnitury (*ulanyşda bolan*) – 1750 manat.
   4. Agaçdan ýatyş sekileri, 2 sany (*ulanyşda bolan*) – 400 manat.
   5. Pul goşandy – 2500 manat.

   Jemi: – 5850 manat.

**Talap arzanyň ýanyna goşýaryn:**

1. Nika baglaşmak hakynda şahadatnama;
2. Çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasynyň göçürmesi;
3. Iş ýerimden aýlyk gazanjym hakynda kepilnama;
4. Ýaşaýan ýerimden eklenjimde çaga bardygy hakynda kepilnama;
5. Döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda töleg haty;
6. Talap arzanyň nusgasy.

**Goly:** G.M. Orazowa

Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrap kazyýetine

**Talapçy:** Gadyr Hallyýewiç Orazow
Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Gyzylaýak obasynyň Galkynyş köçesiniň 67-nji jaýynda ýaşaýan

**Jogapçy:** Gymmat Myradowna Orazowa
Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Gyzylaýak obasynyň Mollanepes köçesiniň 21-nji jaýynda ýaşaýan

**TALAP ARZA**

(hossar hakynyň möçberini azaltmak barada)

Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrap kazyýetiniň 1999-njy ýylyň 27-nji iýunyndaky çözgüdine laýyklykda, men kämillik ýaşyna ýetmedik çagam, 1997-nji ýylyň 20-nji martynda doglan, Perhat Orazow üçin aýlyk gazanjymyň (girdejimiň) 1/4 bölegi möçberinde hossar hakyny töleýärin.

2009-njy ýylyň 17-nji maýynda men ikinji nika girdim we meniň ikinji nikadan bir kämillik ýaşyna ýetmedik Nedir atly oglum bar.

Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 92-nji maddasyna laýyklykda,

HAÝYŞ EDÝÄRIN:

1. Menden oglum Perhat Orazow üçin alynýan hossar hakynyň möçberini azaldyp, menden jogapçy Gymmat Myradowna Orazowanyň peýdasyna aýlyk gazanjymyň 16,5% (göterimini) almagyňyzy.

**Talap arzanyň ýanyna goşýaryn:**

1. Kazyýetiň 27.06.1999 ýyldaky çözgüdiniň nusgasy;
2. Nedir Orazowyň dogluş şahadatnamasynyň nusgasy;
3. Soňky aýalymyň we çagamyň meniň bilen ýaşaýandygy hakynda geňeşiň kepilnamasy;
4. Iş ýerimden aýlyk gazanjym hakynda kepilnama;
5. Döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda töleg haty;
6. Talap arzanyň nusgasy.

**Goly:** G.H. Orazow

Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrap kazyýetine

**Talapçy:** Gymmat Myradowna Orazowa
Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Gyzylaýak obasynyň Mollanepes köçesiniň 21-nji jaýynda ýaşaýan

**Jogapçy:** Gadyr Hallyýewiç Orazow
Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Gyzylaýak obasynyň Galkynyş köçesiniň 67-nji jaýynda ýaşaýan

**TALAP ARZA**
(eklenmek üçin kömek puluny töletmek barada)

1996-njy ýylyň 25-nji awgustynda men jogapçy G.H. Orazow bilen nikamyzy resmileşdirdik. Ondan 1997-nji ýylyň 20-nji martynda doglan, kämillik ýaşyna ýetmedik Perhat atly çagam bar. 1999-njy ýylyň 27-nji iýunynda nikamyzy kazyýet tertibinde ýatyrdyk. Nikaly döwrümizde men düwnük keseli bilen agyr keselledim. Şol sebäpli 2000-nji ýylyň mart aýynda meni III toparyň maýyby diýip bildiler we men häzirki wagtda ____ manat hemaýat puluny alýaryn. Men häzirki wagtda 64 ýaşyndaky ejem bilen 67 ýaşyndaky kakamyň öýünde ýaşaýaryn. Ejem ____ manat möçberde döwlet durmuş kömek puluny, kakam bolsa ___ manat pensiýa alýar. Biziň alýan serişdelerimiziň agramly bölegi meniň bejergime harçlanýar.

Jogapçy G.H. Orazow hususy jaýynda ýeke özi ýaşaýar we ol iki ýerde işleýär. Onuň umumy aýlyk gazanjy 1350 manat bolup durýar. Şol gazanjynyň dörtden bir bölegini ol biziň kämillik ýaşyna ýetmedik çagamyza hossar hakyny töleýär. Men şu günki günde maddy kömege mätäç we kanun esasynda öňki ýanýoldaşym Gadyr Orazowdan başga maňa kömek berip biljek ýok. Şonuň üçinem Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 27-28-nji we 30-njy maddalaryna laýyklykda,

HAÝYŞ EDÝÄRIN:

1. Jogapçy G.H. Orazowdan meniň peýdama her aýda 200 manat möçberinde eklenmek üçin kömek puluny töletmegiňizi.

**Talap arzanyň ýanyna goşýaryn:**

1. Nikany ýatyrmak hakynda şahadatnamanyň nusgasy;
2. Ýaşaýan ýerimden kepilnama;
3. Alýan hemaýat pulumyň möçberi barada kepilnama;
4. Maýyplygym barada kepilnama;
5. Talap arzanyň nusgasy.

**Goly:** G.M. Orazowa

Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrap kazyýetine

**Talapçy:** Gadyr Hallyýewiç Orazow
Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Gyzylaýak obasynyň Galkynyş köçesiniň 67-nji jaýynda ýaşaýan

**Jogapçy:** Feride Jumaýewna Garaýewa
Aşgabat şäheriniň Sona Myradowa köçesiniň 186-njy jaýynda ýaşaýan

## TALAP ARZA

(ata-enelik hukuklaryndan mahrum etmek barada)

2009-njy ýylyň 17-nji maýynda biz jogapçy F.J. Garaýewa bilen nikamyzy resmileşdirdik we biziň 1998-nji ýylyň 13-nji maýynda doglan, kämillik ýaşyna ýetmedik Nedir atly çagamyz bar. Soňky ýylda biziň ýaşaýşymyz erbetleşdi. Aýalym yzygiderli spirtli içgileri içip, maňa ikilik edip ugrady. Ol çagamyza seretmeýär, öýden birnäçe günläp çykyp gidýär. Men köplenç iş saparlaryna gidip, öýde juda seýrek bolýaryn. Çagamyz aç we hapa gezýär. Soňky döwürde bolsa jogapçy özüni has hem ahlaksyz alyp barýar.

Men şu zatlaryň hemmesi barada etrap polisiýa bölüminiň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işini alyp barýan gözegçilik bölümçesine hem-de hossarlyk we howandarlyk edarasyna birnäçe gezek ýüz tutdum. Aýalym birnäçe sapar huşagetirijä düşdi. Men ony arakhorlukdan bejerjek bolup synanyşdym. Ýöne, ol dogry ýola düşmek islemeýär. Jogapçynyň özüni şeýle ahlaksyz alyp barmagy çagamyzyň terbiýesine ýaramaz täsir edýär.

Görkezilenleriň esasynda, Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksiniň 70-nji maddasyna laýyklykda,

HAÝYŞ EDÝÄRIN:

1. Jogapçy Feride Jumaýewna Garaýewany, kämillik ýaşyna ýetmedik çagamyz, 1998-nji ýylyň 13-nji maýynda doglan, Nedire bolan enelik hukuklaryndan mahrum etmegiňizi.

**Şaýat hökmünde şulary kazyýete çagyrmagyňyzy haýyş edýärin:**

1. Dünýägözel Nurberdiýewa, ýaşaýan ýeri: Aşgabat şäheriniň Sona Myradowa köçesiniň 185-nji jaýy;
2. Gülsoltan Saparowa, ýaşaýan ýeri: Aşgabat şäheriniň Sona Myradowa köçesiniň 187-nji jaýy;
3. Agahan Handurdyýew, Aşgabat şäheriniň 7-nji orta mekdebiniň 4-nji klasynyň ýolbaşçysy;
4. Kerimguly Geldiýew, ýaşaýan ýeri: Aşgabat şäheriniň Sona Myradowa köçesiniň 184-nji jaýy.

**Talap arzanyň ýanyna goşýaryn:**

1. Nika baglaşmak hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy;
2. Çaganyň dogluş hakynda şahadatnamasynyň nusgasy;
3. Mekdepden çaga häsiýetnama;
4. Huşa getirijiden kepilnama (5 sany);
5. Ýaşaýan ýerimden kepilnama;
6. Döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda töleg haty;
7. Talap arzanyň nusgasy.

**Goly:** G.H. Orazow

## Jemleme

Gadyrly talyplar, şu okuw-usuly gollanmanyň awtorlarynyň baş maksady, Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygynda berkarar edilýän kämil türkmen jemgyýetiniň hukuk esaslaryna, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň ösüşini üpjün edýän kanunçylyk özgertmeleriniň many-mazmunyna siziň has çuň düşünmegiňize ýardam bermek bolup durýar.

Türkmen döwletiniň hukuk esaslaryny çuňňur bilýän, esasanam islendik şahsyýetiň durmuşda diňe hukuklarynyň däl-de, eýsem borçlarynyň-da bardygyna bir kemsiz düşünýän we kanunyň talaplaryny ähli zatdan ýokary tutmak bilen olary gyşarnyksyz berjaý edýän ýaşlary terbiýelemek, olara dünýä ülňülerine laýyklykda bilim bermek Milli Liderimiziň alyp barýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Mälim bolşy ýaly, ähli raýatlar üçin döwletiň kanunlaryny bilmek, olara hormat goýmak parz işdir. Şu jähtden ilatyň hukuk aňyýetiniň we medeniýetiniň ösdürilmegine jemgyýetimizde aýratyn ähmiýet berilýär. Bu iş hormatly Prezidentimiziň üns merkezinde bolmak bilen yzygiderli hem netijeli alnyp barylýar.

Okuw-usuly gollanmada-da gündelik durmuşda duş gelýän jedelli maşgala gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde hukuk kadalarynyň işleýşi, ýagny olaryň ulanylyşy açyp görkezildi. Şolaryň üsti bilen ýönekeý bolmadyk ynsan gatnaşyklarynda ýaşlara, olaryň her bir ädimini hukuk, ahlak we terbiýe eleginde eläp, oýlanyşykly hereket etmekleri ündelýär, arassa, päk ahlakly bolmaklyk wagyz edilýär.

Döwlet Baştutanymyzyň irginsiz tagallalarynyň netijesinde günsaýyn özgerip, dünýä ýaň salýan mähriban diýarymyzda, döwrüň iň oňat gylyk-häsiýetlerini özlerinde jemleýän ýaşlarymyzyň hukuk mentalitetini Täze Galkynyş eýýamynyň ölçeglerine laýyklykda kemala getirmeklige we ony has hem kämilleşdirmeklige, bilim bermegiň täze, döwrebap usullaryny ulanmak bilen taýýarlanan şu okuw-usuly gollanmanyň belli bir derejede täsiri ýetse, awtorlaryň ony işläp düzmäge siňdiren yhlasynyň hem zähmetiniň ýerine düşdügi bolar!

## Edebiýatlar:


1. Berdimuhamedow G.M. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow G.M. Eserler ỳygyndysy, 1-nji tom. Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow G.M. Parahatçylyk, döredijilik, progress syỳasatynyň dabaralanmasy. Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow G.M. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhybelentligiň ỳurdy. Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhammedow G.M. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow G.M. Täze galkynyş eỳỳamy. Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow G.M. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, 2008.
8. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
9. Türkmenistanyň Nika we maşgala hakyndaky kodeksi. Aşgabat, 1989.
10. Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksi. Aşgabat, 1999.
11. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 1990.
12. Goçyýew T.D. Aýry-aýry nika-maşgala işleri boýunça okuw oýunlaryny gurnamagyň we alyp barmagyň usuly gollanmalary (rus dilinde). Aşgabat, 1988.
13. Goçyýew T.D. Nika-maşgala gatnaşyklaryndan gelip çykýan hukuklary we bähbitleri kazyýetde goramak (rus dilinde). Aşgabat, 1988.
14. Goçyýew T.D. Nika, maşgala we kanun. Aşgabat, 1996.

**MAZMUNY**


**Giriş**………………………………………………………….........5 sah.
1. **I hekaýa** *Gögeleleriň söýgüsi*………………………………...8 sah.
I hekaýanyň seljermesi……………………………………10 sah.
Hukuk maglumatlary……………………………………...13 sah.
Çyzgylar…………………………………………….........16 sah.
Sowalnama……………………………………………......19 sah.
2. **II hekaýa** *Hyjuwdan soňky hasaplaşyk*………………………...22 sah.
II hekaýanyň seljermesi…………………………………..26 sah.
Hukuk maglumatlary……………………………………..29 sah.
Çyzgylar…………………………………………….........31 sah.
Sowalnama……………………………………………......33 sah.
3. **III hekaýa** *Synan göwün* ……………………………………36 sah.
III hekaýanyň seljermesi……………………………….....39 sah.
Hukuk maglumatlary……………………………………...42 sah.
Çyzgylar…………………………………………….........46 sah.
Sowalnama……………………………………………......50 sah.
4. **IV hekaýa** *Gijigen ökünç*……………………………………...54 sah.
IV hekaýanyň seljermesi…………………………………56 sah.
Hukuk maglumatlary……………………………………...59 sah.
Çyzgylar…………………………………………….........62 sah.
Sowalnama……………………………………………......64 sah.
5. **V hekaýa** *Hossar haky* ..………………………………………..68 sah.
V hekaýanyň seljermesi…………………………………..72 sah.
Hukuk maglumatlary……………………………………...74 sah.
Çyzgylar…………………………………………….........78 sah.
Sowalnama……………………………………………......82 sah.
6. **VI hekaýa** *Ynsabyň yzasy* ..………………………………….86 sah.
VI hekaýanyň seljermesi…………………………………90 sah.
Hukuk maglumatlary……………………………………...93 sah.
Çyzgylar…………………………………………….........96 sah.
Sowalnama……………………………………………......99 sah.
7. **VII hekaýa** *Hossar*……....…………………………………...102 sah.
VII hekaýanyň seljermesi…………………………......108 sah.
Hukuk maglumatlary…………………………………112 sah.
Çyzgylar…………………………………………….......115 sah.
Sowalnama……………………………………………117 sah.
**Sowalnamalaryň dogry (nädogry) jogaplarynyň belgileri**……………...120 sah.
**Meseleler**……………………………………………………...121 sah.
**Talap arzanyň gurluşy we görnüşleri**..……………………..132 sah.
**Jemleme**……………………………………………………141 sah.
**Edebiýatlar**…………………………………………………142 sah.